**Narzulla Joraýew, Akbar Zamanow**

# Özbegistanyň taryhy

## (Garaşsyzlyk döwri)

*Orta bilim berýän mekdepleriň 11-nji synp okuwçylary üçin derslik*

*1-nji neşir*

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan tassyklanan*

Gafur Gulam adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýi
Daşkent – 2018

UO‘K 94(575.1)(075.3)=222.8
KBK 63.3(5O‘)ýa721
R 17

**Jogapkär redaktor:**

**Rahimow M.A**. – Özbegistanyň iň täze taryhy meseleleri boýunça laýyklaşdyryjy-metodik merkeziň direktory, taryh ylymlarynyň doktory, professor

**Syn ýazanlar:**

**Mawrulow A.A.** – Taryh ylymlarynyň doktory, professor;

**Po‘latova S.A –** Özbegistanyň iň täze taryhy meseleleri boýunça laýyklaşdyryjy metodik merkeziniň bölüm müdiri, t.y.k., dosent;

**Şamsiýewa I.M.** – Özbegistanyň iň täze taryhy meseleleri boýunça laýyklaşdyryjy metodik merkeziniň uly ylmy işgäri, t.y.k., dosent;

**Joraýew Ö.O.** – Respublikan tälim merkeziniň bölüm müdiri;

**Matlýubow A.A. –** Samarkant Ykdysadyýet we serwis institutynyň ýanyndaky Akademik liseýiň direktory, fil.y.k.;

**Mahmudbaýew B. T.** – Gülüstan döwlet uniwersitetiniň ýanyndaky Gülüstan akademik liseýiniň taryh mugallymy;

**Haýdarow U.F.** – Buhara welaýaty Buhara tümenindäki 13-nji ýöriteleşdirilen mekdep-internatyň taryh mugallymy.

**Amanowa F.S.** – Daşkent şäheriniň M.Ulugbek tümenindäki 248-nji mekdebiň taryh mugallymy.

**Joraýew, Narzulla.**

Özbegistanyň taryhy: Orta bilim berýän mekdepleriň 11-nji synp okuwçylary üçin derslik / **–** Daşkent: Gafur Gulam adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýi, 2018. – 144 s.

Şu derslik Respublikan tälim merkeziniň ýanyndaky Taryh predmetiniň ylmy-metodik geňeşi we Özbegistanyň iň täze taryhy meseleleri boýunça laýyklaşdyryjy metodik merkeziniň ylmy metodik geňeşiniň karary esasynda neşire hödürlenen.

**Dersligiň golýazmasy ÖzR Ýa Özbegistanyň iň täze taryhy meseleleri boýunça laýyklaşdyryjy metodik merkezinde, «Özbegistanyň garaşsyzlyk gazanmagynyň taryhy şertleri: jemgyýetçilik-syýasy, ykdysady we medeni faktorlar»-atly ПЗ–20170929749-njy taslama çäginde taýýarlandy.**

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

UO‘K 94(575.1)(075.3)=222.8
KBK 63.3(5O‘)ýa721

ISBN 978-9943-5295-1-9

© Gafur Gulam adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýi, 2018

# GIRIŞ

XX asyryň soňky ýyllarynda we XXI asyryň başynda Özbegistanyň taryhy üçin bütinleý täze sahypa açyldy. Ol taryhy döwür hökmünde düýpli öwrülişik hadysasyny başlap berdi. Özbegistanyň sowet ulgamy şertindäki ahyrky ýyllary we özbaşdak ösüş döwri halkymyzyň birnäçe müň ýyllyk taryhynda özüniň mazmuny, düýp esasy, prosesleriň çaltlygy, waka-hadysalaryň okgunlylygy bilen aýratyn tapawutlanýar.

Derslikde Özbegistanyň döwlet garaşsyzlygyny gazanmagy, täze jemgyýete geçiş döwründe syýasy özgertmeleriň amala aşyrylmagy, Özbegistanda hukuk demokratik döwlet gurulmagy, raýat jemgyýetiniň şekillendirilmegi, ykdysady özgertmeleri çuňlaşdyrmaga degişli çäreler, ruhy taýdan päkleniş we milli gymmatlyklaryň dikeldilmegi hem-de Özbegistanyň dünýä bileleşiginden mynasyp orun almagy ýaly meseleler mümkingadar öz beýanyny tapdy.

Köp müň ýyllyk ösüş ýoluny geçen we geçmişde uly taryhy ilerlemeler bilen birlikde, pese düşmelere we yza gaýtmalara şaýat bolan özbek halkynyň durmuşynda XX asyryň ahyry we XXI asyryň başlary möhüm ähmiýete eýe boldy. Ynha şu döwürde halkymyz döreden beýik döredijilikler, syýasy, ykdysady, hukuk, sosial we ruhy ugurdaky deňi-taýsyz üstünlikler Özbegistanyň mundan beýläkki uzak gelejege niýetlenen ösüşine esas bolup hyzmat edýär. Şu döwrüň düýp esasy – bütinleý täze gurluş, täzeçe durmuş ýörelgeleri, häzirki zaman dünýä siwilizasiýasynyň talaplaryna jogap berip bilýän akyl taýdan ukyby, intellektual mümkinçiligi bilen baglylygy möhüm ähmiýete eýe. Garaşsyzlyk döwri taryhy taýdan gysga bolsa-da, sütemkär gurluşyň gysajyndan çykyp gitmek, tutuş bir halkyň garaşsyzlygyny we azatlygyny üpjün etmek ýaly iňňän gapma-garşylykly, howply we şol bir wagtda şöhratly hadysany başdan geçirdi.

Özbegistan Respublikasynyň garaşsyzlyk ýyllarynda geçen ýolunyň many-mazmunyny we aýratynlyklaryny obýektiw bahalamak bilen garaşsyzlyk döwrüni aşakdaky iki basgançaga bölüp öwrenmek maksada laýyk bolardy. **1) 1991–2016-njy ýyllar.** Bu döwürde milli döwletlilik esaslary we sosial

ugrukdyrylan bazar ykdysadyýetini emele getirmäge gönükdirilen geçiş döwrüniň deslapky özgertmeler prosesine ilkinji ädimler ädildi. Demokratik däpler esasynda täze döwlet dolandyryş ulgamy – kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýeti guraldy, hem-de raýat jemgyýetiniň esaslary döredildi, erkin bazar ykdysadyýetine geçilip başlandy. 2000-nji ýyldan ýurtda işjeň demokratik täzeleniş we modernizasiýa prosesleri boldy. Şol sanda güýçli döwletden – güýçli raýat jemgyýetine basgançaklaýyn geçmek esasy wezipesi edip bellendi. Netijede ýurduň syýasy we ykdysady durmuşynda demokratlaşdyrma we liberallaşdyrma prosesleri çuňlaşdy, adamyň hak-hukuklaryny we azatlyklaryny goraýan özbaşdak sud ulgamy pugtalandyryldy, raýat jemgyýetiniň esaslary ösdi. 2010-njy ýyldan demokratik özgertmeler we ýurdy modernizirleme prosesini has-da çuňlaşdyrmak meselesi öňe sürüldi. Onuň başlanmagy Özbegistanyň Birinji Prezidenti Islam Karimow tarapyndan ýurtda raýat jemgyýetini şekillendirmek we demokratik özgertmeleri has-da çuňlaşdyrmak konsepsiýasynyň işläp taýýarlanmagy bilen baglydyr. Şonuň ýaly-da, bu döwür döwlet häkimiýetini we dolandyryşyny has-da demokratlaşdyrma, sud-hukuk ulgamy, informatizasiýa ugruny özgertmek, söz azatlygyny üpjün etmek, saýlaw kanunçylygyny kämilleşdirmek, demokratik bazar özgertmelerini çuňlaşdyrmaga gönükdirilenligi bilen häsiýetlenýär. 2) **2017-nji ýyldan soňky ýyllar**. Bu döwrüň taryhy 2016-njy ýylyň dekabr aýynda saýlanan Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň strategik ösüşe esaslandyrylan giň gerimli çalt özgertmeler döwri hasaplanýar. Netijede durmuşymyza täze jümleler, hususan-da, “halk bilen gepleşik”, “halk kabulhanalary”, “wirtual kabulhana”, “tankydy analiz”, “berk düzgün-nyzam”, “elýeterli öýler”, “tehnoparklar”, “öz çagaňy özüň gora”, “ýol kartasy”, “kepillendirilen howpsuzlyk” ýaly düşünjeler girip geldi we durmuşymyzyň aýrylmaz bölegine öwrüldi.

?

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. 10-njy synpda haýsy döwrüň taryhy bilen tanşypdyňyz?
2. 11-nji synp dersligi haýsy döwrüň taryhyny öz içine alýar? Şu döwrüň özi nähili basgançaklara bölünýär?
3. Garaşsyzlyk döwrüniň esasy aýratynlyklary nämelerden ybarat?

# I BAP. GARAŞSYZLYGYŇ YGLAN EDILMEGI WE ÖZBEGISTANDA JEMGYÝETÇILIK-SYÝASY ÖZGERTMELERIŇ BAŞLANMAGY

## 1-nji tema. Özbegistan Respublikasynyň garaşsyzlygynyň gazanylmagy

**Garaşsyzlyk Deklarasiýasynyň kabul edilmegi.** 1990-njy ýylyň 20-nji iýun güni Özbegistan SSR Ýokary Geňeşiniň II sessiýasynda Özbegistan SSR-niň Garaşsyzlyk Deklarasiýasy kabul edildi.

Garaşsyzlyk Deklarasiýasyndaky "Özbegistany gelejegi üçin taryhy jogapkärligi çuňňur duýmak bilen, halkara hukuk kadalaryna, umumadamzat gymmatlyklaryna we demokratiýa prinsiplerine esaslanyp Özbegistan SSR-niň döwlet garaşsyzlygyny yglan edýär" diýen setirler garaşsyzlyk üçin ädilen deslapky ädimi aňladýardy. Şu Deklarasiýanyň kabul edilmegi Özbegistanyň garaşsyzlyk üçin göreşiniň täze basgançagyny başlap berdi. Bu umumdöwlet ähmiýete eýe bolan Deklarasiýany kabul etmekde respublikanyň Ýokary Geňeşiniň deputatlary işjeňlik görkezdiler. "Garaşsyzlyk Deklarasiýasy" deputatlar tarapyndan maddama-madda, her bir millet öz tagdyryny özi kesgitlemegi, Deklarasiýanyň düzgüni bilen kepillendirilýändigi öwran-öwran nygtaldy. Onda özbek halkynyň asyrlaryň dowamynda gazanan döwlet gurluşy we medeni ösüş baratdaky baý taryhy tejribesi we däpleri hasaba alynmalydygy nygtaldy.

**Garaşsyzlyk üçin hereketleriň janlanmagy**. 1991-nji ýylyň 19–21-nji awgustynda Sowet Soýuzynda döwlet agdarylyşygy bolup geçdi. Ýurtda bar

**Pikir ýörediň!**

«Garaşsyzlyk Deklarasiýasynyň» giriş bölegine aşakdaky ýaly ýazyp goýuldy: «Özbegistan Sowet Sosialistik Respublikasynyň Ýokary Geňeşi özbek halkynyň döwlet gurluşyndaky taryhy tejribesine we emele gelen baý däplerine, her bir milletiň öz tagdyryny özi kesgitlemek hukugyny üpjün etmekden ybarat ýokary maksat hakyna, Özbegistanyň gelejegi üçin taryhy jogapkärligi çuňňur duýmak bilen halkara hukuk kadalaryna, umumadamzat gymmatlyklara we demokratiýa prinsiplerine esaslanyp, Özbegistan Sowet Sosialistik Respublikasynyň döwlet garaşsyzlygyny yglan edýär».


Adatdan daşary ýagdaý döwlet komitetiniň agzalary

syýasy häkimiýet agdarylyp, adatdan daşary ýagdaý girizildi we häkimiýet Adatdan daşary ýagdaý döwlet komitetiniň (GKÇP – Государственный комитет по чрезвычайному положению) eline geçdi. Olaryň maksatlary Soýuzyň çäginde ýaşaýan ähli halklaryň garaşsyzlygyny gazanmaklaryna ýol bermezlikdi. Ynha şeýle ýagdaýda Özbegistan SSR Ýokary Geňeşiniň Prezidiumy, Özbegistanyň Kommunistik partiýasynyň Merkezi Komiteti we Özbegistan SSR-niň Prezidentiniň ýanyndaky Ministrler Kabineti 1991-nji ýylyň 21-nji awgustynda bilelikdäki mejlisi geçirilip, onda “SSSR GKÇP-niň Özbegistan SSR-niň Konstitusiýasyna we kanunlaryna ters resminamalary Özbegistanyň çäginde amal etmeýär”, diýen karary kabul etdi.

1991-nji ýylyň 25-nji awgust güni bolsa Özbegistan SSR-niň Prezidenti ýurdumyzyň doly garaşsyzlygy ugrunda esasyny goýan ýene bir möhüm permany yglan edýär. Permanda şol sanda, şeýle diýilýär:

“Ýurtda emele gelen ýagdaýy hasaba alyp we respublikanyň bähbitlerini goramak maksadynda Respublikanyň Içeri işler ministrligi we Döwlet howpsuzlygy komiteti Özbegistan SSR-niň kanuny garamagyna alynsyn. Respublikanyň çäginde ýerleşýän SSSR Içeri işler ministrliginiň içki goşunlary gönüden-göni Özbegistan SSR-niň Prezidentine boýun egdirilsin.

Özbegistan SSR Ýokary Geňeşiniň Prezidiumyna örän gysga möhletde Respublikanyň döwlet garaşsyzlygy baradaky kanunyň taslamasyny taýýarlamak we ony Özbegistan SSR Ýokary Geňeşiniň nobatdan daşary sessiýasynda ara alnyp maslahatlaşmaga tabşyrmak teklip edilsin”.

Özbegistan Respublikasynyň Ýokary Geňeşi 1991-nji ýylyň 26-njy awgustynda Özbegistanyň döwlet garaşsyzlygy barada kanun taslamasyny taýýarlamak hem-de 31-nji awgustda Ýokary Geňeşiň sessiýasyny çagyrmaga karar etdi.

Özbegistan Kompartiýasynyň Merkezi Komiteti we Merkezi gözegçilik komitetiniň 28-nji awgustda bolan bilelikdäki Plenumy Respublika Kompartiýasynyň SSKP MK bilen islendik aragatnaşygyny bes etmäge, SSKP-niň

**Özüňizi synaň!**

GKÇP – bu ... 1991-nji ýylyň 25-nji awgustyndaky perman – bu ...

1990-njy ýylyň 20-nji iýun – bu ... Garaşsyzlyk Deklarasiýasy – bu ...

ähli guramalaryndan çykmaga, onuň Merkezi organlaryndaky öz wekillerini çagyryp almaga karar etdi.

Ynha şeýle ýagdaýda XII çagyryş Özbegistan SSR Ýokary Geňeşiniň nobatdan daşary VI sessiýasy 1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda öz işini başlady. Onda "Özbegistan Respublikasynyň Döwlet garaşsyzlygy barada"-ky mesele gün tertibine goýlup, gyzgyn ara alyp maslahatlaşyldy. Sessiýada Özbegistanyň Birinji Prezidenti Islam Karimow söz sözläp, öňki Soýuzda soňky wagtlarda ýüze çykan jemgyýetçilik-syýasy wakalaryň netijelerini analiz edip, olar Özbegistanyň tagdyryna gönüden-göni dahyllydygyny esaslandyryp berdi. Ýagdaýdan gelip çykmak bilen, Özbegistan Respublikasynyň döwlet garaşsyzlygyny yglan etdi we ony garaşsyzlyk esaslary baradaky kanun bilen berkitmegi teklip etdi. Ýokary Geňeşiň deputatlary maddama-madda ara alyp maslahatlaşmadan soň, "Özbegistan Respublikasynyň döwlet garaşsyzlygynyň esaslary barada"ky kanuny kabul etdiler. Soňra "Özbegistan Respublikasynyň Döwlet garaşsyzlygy baradaky Ýokary Geňeşiň Beýanaty"kabul edildi.



I.Karimow garaşsyzlygy yglan edýär

"Özbegistan Respublikasynyň döwlet garaşsyzlygynyň esaslary barada"ky kanun iňňän uly ähmiýete eýe bolup, bu kanun esasynda Özbegistanyň

**Ýatda saklaň!**

«Özbegistan Respublikasynyň döwlet garaşsyzlygyny yglan etmek barada» Ýokary Geňeşiň kararynda: Respublikanyň döwlet garaşsyzlygy baradaky Ýokary Geňeşiň beýanaty tassyklansyn we respublika mundan beýläk Özbegistan Respublikasy diýip atlandyrylsyn; 1-nji sentýabr Özbegistan Respublikasynyň Garaşsyzlyk güni diýip bellensin we 1991-nji ýyldan başlap bu gün baýram we dynç alyş güni diýip yglan edilsin, diýildi.

hukuk ýagdaýy düýpgöter özgerdi. 17 maddadan ybarat şu kanun suweren Özbegistan Respublikasynyň esasy belgilerini anyklap berdi.

Watanymyzyň taryhy sahypalaryna altyn harplar bilen ýazylýan şol günlere nazar taşlaýan bolsak, hut şol wagtda ýaş, özbaşdak Özbegistanyň hökümeti ýurdumyzyň syýasy-sosial, ruhy ösüşi üçin aýgytlaýjy ähmiýete eýe bolan ençeme möhüm resminamalar kabul edenliginiň şaýady bolýarys. Mysal üçin, 5-nji sentýabrda gol çekilen Daşkent şäherindäki Lenin adyndaky meýdany Garaşsyzlyk meýdany diýip atlandyrmak baradaky, 6-njy sentýabr güni gol çekilen "Özbegistan Respublikasynyň Goranmak işleri ministrligini düzmek barada"ky Prezidentiň permanlary we başga möhüm syýasy resminamalar şolara degişlidir.

**Özbaşdak iş.**

Aşaky synplarda alan bilimleriňize daýanyp we goşmaça edebiýatlardan peýdalanyp, Garaşsyzlyk meýdanynyň bu günki güne çenli bolan ýagdaýlaryny hem-de wezipelerini suratlandyryp beriň.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň kabul edilmegi**. Özbegistan garaşsyzlygy ele alansoň, tebigy ýagdaýda döwlet garaşsyzlygyny we suwerenitetini Konstitusiýa esasynda berkitmek zerurlygy emele geldi. Özbegistanyň täze Konstitusiýasyny taýýarlamak taglymy ilki Islam Karimow tarapyndan 1990-njy ýylyň mart aýynda öňe sürüldi. 1990-njy ýylyň 20-nji iýun güni bolup geçen Özbegistan Respublikasynyň Ýokary Geňeşiniň II sessiýasynda täze Konstitusiýa işläp taýýarlamaly, diýen netijä gelindi. Sessiýa Özbegistanyň Birinji Prezidenti Islam Karimow baştutanlygynda 64 adamdan ybarat Konstitusiýanyň taslamasyny taýýarlamak boýunça komissiýa düzmek barada karar kabul edýär. Komissiýanyň düzümine Ýokary Geňeşiň deputatlary, Garagalpagystan Respublikasynyň we welaýatlaryň wekilleri, döwlet, jemgyýetçilik guramalarynyň we hojalyklaryň ýolbaşçylary, alymlar, hünärmenler girizildi.

Konstitusion komissiýa Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyny döretmegiň üstünde 2,5 ýyl işledi. Taslamanyň deslapky warianty 1991-nji ýylyň oktýabr-noýabryna çenli taýýarlap bolundy. Ol ilki girişden, alty bölümden we 158 maddadan ybaratdy. Bu taslama entek kämil dälligi sebäpli, onuň üstünde has-da ymykly we talabedijilik bilen işlemelidi. 1992-nji

ýylyň baharynda bolsa taslamanyň 149 maddadan ybarat ikinji warianty işläp taýýarlanyldy. 1992-nji ýylyň güýz aýlarynda Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň taslamasy umumhalk ara alyp maslahatlaşylmagy üçin 2-nji gezek metbugatda yglan edildi. Umumhalk ara alyp maslahatlaşylmagy döwründe 6 müňden artyk teklipler we pikirler bildirildi.

1992-nji ýylyň 8-nji dekabrynda XII çagyryş Özbegistan Respublikasynyň Ýokary Geňeşiniň XI sessiýasy boldy. Onda ýurduň Esasy Kanunyny kabul etmek meselesi ara alyp maslahatlaşyldy. Sessiýada deputatlar taslama 80-e ýakyn üýtgetme, goşmaça we anyklyklar girizdiler. Şol gün Özbegistan Respublikasynyň Ýokary Geňeşiniň XI sessiýasy “Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyny kabul etmek barada”, “Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy kabul edilen güni umumhalk baýramy diýip yglan etmek barada”ky kanunlary kabul etdi.

**Ýatda saklaň!**

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy 6 bölümden, 26 bapdan, 128 maddadan ybarat. Ol «Garaşsyzlyk Deklarasiýasy», «Özbegistan Respublikasynyň Döwlet garaşsyzlygynyň esaslary barada»ky kanunda berkidilen prinsipleri we taglymlary özünde doly jemledi.


Döwlet baýdagy

**Döwlet nyşanlarynyň kabul edilmegi**. 1991-nji ýylyň 15-nji fewralynda Özbegistanyň Ýokary Geňeşi “Özbegistanyň döwlet nyşanlary barada” ýörite karar kabul etdi. Kararda şeýle diýilýär: “Garaşsyzlyk baradaky Deklarasiýa amal edip Özbegistan SSR-niň Ýokary Geňeşi karar edýär: Özbegistan SSR-niň Konstitusiýasynyň (Esasy Kanunynyň) täze taslamasyny taýýarlaýan komissiýa Özbegistan SSR-niň Döwlet baýdagyna, Gerbine we Senasyna degişli teklipler hem-de olar barada Düzgünnama taýýarlamak tabşyrylsyn. Komissiýa respublika jemgyýetçiliginiň we deputatlaryň pikirlerine daýanyp çemeleşsin”.

Özbegistan garaşsyz döwlet diýlip yglan edilen günüň özünde özbaşdak döwlet nyşanlaryny girizmek boýunça amaly çäreler görüldi. Özbegistan Respublikasynyň Döwlet baýdagy barada, respublikanyň gerbiniň



Döwlet gerbi



Abdulla Oripow



Mutal Burhanow

nusgasy we Döwlet senasynyň sazly beýany barada ýörite karar kabul edildi. Onda Konstitusiýa komissiýasynyň ekspert toparyna Döwlet baýdagynyň wariantlarynyň üstünde işlemegi dowam etdirmek, Ýokary Geňeşiň degişli komitetlerine Konstitusiýa komissiýasynyň döredijilik topary bilen hyzmatdaşlykda Döwlet baýdagy, senasy barada kanun taslamalaryny işläp taýýarlap, nobatdaky sessiýa gowşurmak tabşyryldy.

Özbegistan Respublikasynyň Ýokary Geňeşiniň 1991-nji ýylyň 18-nji noýabrynda bolup geçen VIII sessiýasy "Özbegistan Respublikasynyň döwlet baýdagy barada"ky kanuny kabul etdi.

1992-nji ýylyň 2-nji iýulynda Özbegistan Respublikasynyň Ýokary Geňeşiniň X sessiýasynda "Özbegistan Respublikasynyň döwlet gerbi barada"ky kanun kabul edildi.

Özbegistan Respublikasy Ýokary Geňeşiniň 1992-nji ýylyň 10-njy dekabrynda bolup geçen XI sessiýasynda "Özbegistan Respublikasynyň Döwlet senasy baradaky kanun kabul edildi. Sessiýada şahyr Abdulla Oripow (1941–2016) we kompozitor Mutal Burhanow (1916–2002) tarapyndan taýýarlanan senanyň warianty tassyklandy.

**Pikir ýörediň!**

Türkiýe Respublikasynda Döwlet senasyny ýazan şahyra görä "Milli şahyr" derejesi berlen. Senanyň teksiniň awtoryna şeýle at berilmegi näme bilen bagly? Öz pikiriňizi bildiriň!

***<u>Adalgalaryň düşündirişi</u>***:

**Sessiýa** – (*lat.* sessio — mejlis, ýygnak) işi döwürleýin amala aşyrylýan ygtyýarly organlaryň, sud ýa-da jemgyýetleriň iş, ýygnanyşyk geçirýän döwri.

**Deputat** – (*lat.* deputatus — wekil edilen, iberilen) ygtyýarly döwlet organyna saýlanan adam, wekil.

**Soraglar we ýumuşlar**:
1. Garaşsyzlygy çaltlandyran faktorlar nämelerde ýüze çykdy?
2. Depderiňize 1991-nji ýylyň awgust aýynda bolup geçen we Özbegistanyň garaşsyzlygyna getiren 3 möhüm wakany ýazyň we düşündiriň.
3. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň dörediliş prosesi näçe möhlet dowam etdi. Alan bilimleriňize daýanyp, onuň döredilişini basgançaklara bölüp döwürleşdiriň.
4. “Garaşsyzlyk Deklarasiýasy” we “Özbegistan Respublikasynyň garaşsyzlygynyň esaslary barada”ky kanuny tapyp, iki jedwelde birmeňzeş mazmunly normalar we tapawutly taraplary ýazyň.

| Resminamanyň ady | Birmeňzeş normalar | Diňe Deklarasiýada bar maddalar | Diňe kanunda bar maddalar |
|---|---|---|---|
| “Garaşsyzlyk Deklarasiýasy” | | | |
| “Özbegistan Respublikasynyň garaşsyzlygynyň esaslary barada”ky kanun | | | |

5. Islam Karimowyň Özbegistanyň ýolbaşçysy hökmündäki deslapky syýasy ädimleriniň taryhy ähmiýeti nämede? Pikiriňizi esaslandyryň!

## 2-nji tema. Özbegistan Respublikasynyň milli döwletliliginiň şekillenişi we ösüşi

**Prezidentlik institutynyň şekillenmegi.** Özbegistan garaşsyzlyk gazanandan soň döwlet dolandyryşynyň täze, häzirki zaman we netijeli ulgamy – Prezidentlik dolandyryşy şekilini ösdürmäge girişildi.

**Ýatda saklaň!**
Bu günki günde BMG-na agza bolan 193 döwletden 143-ünde Prezident wezipesi esaslandyrylan.

1990-njy ýylyň 24-nji martynda Özbegistan Respublikasynda prezidentlik institutynyň emele gelmegi ýurdumyzyň milli döwletliliginiň ösüşinde düýpgöter täze basgançagy başlap berdi. 1990-njy ýylyň 1-nji noýabrynda kabul edilen Özbegistan Respublikasynyň “Özbegistan Respublikasynda ýerine ýetiriji we dolandyryş häkimiýetiniň gurluşyny kämilleşdirmek hem-de Özbegistan SSR-niň Konstitusiýasyna (Esasy Kanunyna) üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek barada”ky kanuny bilen döwlet dolandyryşynyň utgaşyk

ulgamyny döretmek, kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetini bir-birinden berk tapawutlandyryp goýmagyň möhümdigini hasaba alyp, prezidentlik häkimiýeti bilen Ministrler Sowetiniň ýerine ýetiriji-dolandyryş häkimiýeti goşup goýberildi. Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Soweti Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Ministrler Kabinetine öwrüldi. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti şol bir wagtda Ministrler Kabinetiniň Başlygy bolmagy, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň we Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Sowetiniň apparaty Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky bir apparata birleşdirilýändigi kesgitlendi.

Şu kanun ýurdumyzda döwlet dolandyryş şekili – prezidentlik Respublikasyna esaslanandygyny berkitdi. Prezidentlik instituty esaslandyrylandan soň döwletimizde giň gerimli özgertmeler başlandy. 1991-nji ýylyň 18-nji noýabrynda ýurdumyzda prezidentlik saýlawlaryny tertibe salýan “Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti saýlawy barada”ky kanun kabul edildi. Şu esasda, 1991-nji ýylyň 29-njy dekabrynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentligine alternatiwlik esasynda saýlaw bolup geçdi.

Ýokary wezipä iki dalaşgär – Özbegistan Halk demokratik partiýasy we Özbegistan kärdeşler bileleşikleri Federasiýasynyň dalaşgäri Islam Karimow we “Erk” Demokratik partiýasynyň wekili Salaý Madaminow (Muhammet Salyh) kandidaturasy goýuldy. Saýlawlaryň jemine görä, ses bermäge gatnaşanlaryň 86 % Islam Karimow kandidaturasyny, 12,3% bolsa Salaý Madaminowyň kandidaturasyny gorap ses berdi. 1995-nji ýylyň 26-njy martynda Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň kararyna görä Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ygtyýarlylyk möhletini 1997-nji ýyldan 2000-nji ýyla çenli uzaltmak meselesi boýunça umumhalk referendumy bolup geçdi. 2000-nji ýylyň 9-njy ýanwarynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti saýlawy geçirildi. Islam Karimow Özbegistan Respublikasynyň Prezidentligine alternatiwlik esasynda geçirilen saýlawda Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti edip saýlandy. 2002-nji ýylyň 27-nji

**Pikir ýörediň!**

“Döwlet we hukuk esaslary” predmetinden alan bilimleriňize daýanyp, aşakdaky ýagdaýy düşündiriň! 2011-nji ýylda Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizildi. Oňa görä, Prezidentiň ygtyýarlylygy 7 ýyldan 5 ýyla gaýtaryldy.

ýanwarynda bolup geçen referendumda prezidentlik wezipesiniň ygtyýarlygy 5 ýyldan 7 ýyla uzaldyldy. 2007-nji ýylyň 23-nji dekabrynda bolup geçen saýlawda 88,1 göterim ses bilen Islam Karimow 7 ýyla saýlandy. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ygtyýarlylyk möhleti 2015-nji ýylyň dekabrynda gutarmagy mynasybetli Prezidentlik wezipesine saýlaw geçirildi.

2015-nji ýylyň 29-njy mart günündäki prezident saýlawynda Islam Karimow 90,39 göterim ses bilen ýeňiş gazandy.

2016-njy ýylyň 2-nji sentýabrynda Islam Karimow agyr kesellik sebäpli aradan çykdy. Şu mynasybetli nobatdan daşary umumhalk prezidentlik saýlawlary geçirildi. 2016-njy ýylyň 4-nji dekabrynda Özbegistan Konstitusiýasyna we “Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti saýlawy baradaky” kanuna görä, alternatiwlik we sagdyn bäsdeşlik esasynda Prezidentlik saýlawy geçirildi. Onda 88,61 % ses bilen Baş ministr Şawkat Mirziýoýew Prezident edip saýlandy.

> **Özüňizi synaň!**
> Prezidentlik Respublikasy – bu ... Häkimiýetiň bölünişi – bu ...
> Islam Karimow – bu ... Şawkat Mirziýoýew – bu ...

**Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi.** Garaşsyzlyk gazanylan deslapky günlerden başlap Özbegistanda demokratiýany ösdürmek üçin häzirki zaman dünýä standartlaryna jogap berip bilýän netijeli we işjeň parlamenti şekillendirmek zerurlygy emele geldi.

Demokratik prinsipler we Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň üçünji prinsipi – döwlet häkimiýetiniň üç pudaga bölünmegi nukdaý nazaryndan Özbegistan döwlet häkimiýeti ulgamy kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetlerine bölünýändigi kanunlaşdyryldy.




Üç häkimiýetden her biri işinde özbaşdak bolup, şol bir wagtda bir-biri bilen aýrylmaz baglydyr. Prezident üç häkimiýetiň işini laýyklaşdyryjy özbaşdak organ hasaplanýar.

Parlamentarizmiň ösüşi basgançaklaýyn amala aşyrylýar. Özbek parlamentarizmi taryhyna nazar salsak, 1990–1994-nji ýyllarda ýurdumyzyň

parlamenti Ýokary Geňeş ady bilen atlandyrylyp, 150 deputatdan ybaratdy. 1995–2004-nji ýyllarda Aly Mejlis ady bilen atlandyrylan 250 deputatdan ybarat bir palataly parlament şekillendirildi. Bir mandatly territorial saýlaw okruglaryndan saýlanan deputatlaryň düzüminde Halk demokratik partiýasyndan, "Adolat" sosial-demokratik partiýasyndan, "Watan ösüşi" partiýasyndan, "Milli tiklanish" partiýasyndan deputatlar bolup, ilkinji gezek parlament fraksiýalary döredildi.



Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň binasy

2005-nji ýyldan başlap ýurdumyzyň taryhynda ilkinji gezek Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi iki palatadan – Kanunçylyk palatasy (aşaky palata) we Senatdan (ýokary palata) ybarat bolup iş başlady. Bu 2002-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda geçirilen referendum we şu esasda kabul edilen "Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senaty barada" we "Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasy barada"ky Konstitusion Kanunlar esasynda amala aşyryldy.

!

**Özüňizi synaň!**

Kanun bilen Konstitusion kanunyň nähili tapawutlary bar?

**Ýatda saklaň!**

Ýurduň parlamentiniň geçen ýoluny taryhy nukdaý nazardan analiz etmek bilen, ony şertli ýagdaýda üç esasy döwre bölmek mümkin. Birinji döwür – 1991–1994-nji ýyllar, ikinji döwür – 1995–2004-nji ýyllar, üçünji döwür – 2005-nji ýyldan häzirki wagta çenli.

Parlamentde 250 adam, şol sanda, Aşaky palata – Kanunçylyk palatasynda 150 deputat, Senatda 100 senator iş alyp barýar. Senata Garagalpagystan Respublikasy, welaýatlar we Daşkent şäherinden 6 sanydan, jemi 84 adam saýlanýar. Prezident tarapyndan bellenilýän 16 sany il-ýurtda at-abraý gazanan adamlar Senatyň agzasy bolýarlar.

**Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti, onuň ulgamy we wezipeleri**. 1990-njy ýylyň 15-nji noýabrynda Özbegistanyň Prezi-

dentiniň “Özbegistan SSR-niň Prezidenti ýanyndaky Ministrler Kabinetiniň düzümini tassyklamak barada”ky permany kabul edildi. Oňa laýyklykda Özbegistanyň Prezidentiniň ýanynda Ministrler Kabineti düzüldi, Prezident onuň Başlygy boldy. Respublikada wise-prezident wezipesi döredilip, onuň üstüne Ministrler Kabinetine ýolbaşçylyk etmek we onuň işini guramak wezipesi ýüklendi. 1992-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda wise-prezident wezipesi ýatyryldy we Özbegistan Respublikasynyň Baş ministri wezipesi döredildi. Baş ministriň üstüne wise-prezidentiň ygtyýarlyklary berildi.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň XX babynda Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň konstitusion-hukuk statusy, onuň döredilişi, işiniň esasy ugurlary we ygtyýarlyklary kesgitlenildi. Ministrler Kabineti öz işini Özbegistan Respublikasynyň 1993-nji ýylda kabul edilen “Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti barada”ky (täze redaksiýasy 2003-nji ýyl) kanuny esasynda alyp barýar. Ministrler Kabineti Özbegistan Respublikasynyň hökümeti hasaplanyp Aly Mejlisiň kanunlary, Özbegistan Respublikasy Prezidentiniň permanlarynyň, kararlarynyň we buýruklarynyň ýerine ýetirilişine ýolbaşçylygy üpjün edýän Özbegistan Respublikasynyň ýerine ýetiriji häkimiýet organydyr.

**1992-2003-nji ýyllarda Ministrler Kabinetiniň gurluşy**



Ministrler Kabinetiniň hemişelik organy hökmünde Baş ministrden we onuň orunbasarlaryndan ybarat düzümdäki Ministrler Kabinetiniň Prezidiumy iş alyp barýar. 2003-nji ýylda Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 89-njy maddasynyň “Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti şol bir wagtda Ministrler Kabinetiniň Başlygy hasaplanýar”, diýen ikinji bölegi alyp taşlandy. Özbe-gistanyň hökümetine – Ministrler Kabinetine Baş ministr ýolbaşçylyk edýär.

Ministrler Kabinetiniň düzüminde Başlyk wezipesi bolmaýan boldy. Häzir Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň hödürlemegine görä, Özbegistan Respublikasynyň Baş ministri, onuň birinji orunbasarynyň we orunbasarlarynyň kandidaturasy ilki Kanunçylyk palatasynda, soňra Senatda seredilýär hem-de tassyklanýar. Ministrler Kabinetiniň başga agzalary bolsa Baş ministriň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan tassyklanýar. Häzirki wagtda Ministrler Kabinetiniň düzümine Özbegistan Respublikasynyň Baş ministri, onuň birinji orunbasary we orunbasarlary, Özbegistan Respublikasynyň ministrleri, döwlet komitetleriniň başlyklary, Garagalpagystan Res-publikasynyň Ministrler Geňeşiniň Başlygy girýär.

**Ýatda saklaň!**

Özbegistanda Baş ministr derejesine deň Wise-prezidentlik wezipesinde Şukrullo Mirsaidow (1990–1992), Baş ministr wezipesinde Abdulhaşim Mutalow (1992–1995), Ötkir Sultanow (1995–2003), Şawkat Mirziýoýewler (2003–2016) işlediler. 2016-njy ýylyň 14-nji dekabryndan Abdulla Aripow Baş ministr edip tassyklandy.

**Sud häkimiýeti.** Sud häkimiýeti – Özbegistan Res-publikasynyň Konstitusiýasynyň 106-njy maddasyna görä, Özbegistan Respublikasynda sud häkimiýeti kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýetlerden, syýasy partiýalardan, başga jemgyýetçilik birleşmelerinden özbaşdak ýagdaýda iş ýöredýär.

Garaşsyzlygyň deslapky ýyllarynda sud häkimiýeti ugrunda-da özgertmeler amala aşyryldy. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy we 2000-nji ýylda kabul edilen “Sudlar barada”ky kanuny (täze redaksiýada) sud özgertmeleriniň hukuk esasydyr.

Sud ulgamyndaky özgertmeleri iki döwre bölmek mümkin. 1) 1991–2016-njy ýyllar; 2) 2017-nji ýyldan soňky döwür. Ilkinji döwürde Özbegistan

Respublikasynyň sud ulgamyna bäş ýyl möhlete saýlanýan aşakdaky sudlar giripdir:

✓ Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion sudy;
✓ Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudy;
✓ Özbegistan Respublikasynyň Ýokary hojalyk sudy;
✓ Garagalpagystan Respublikasynyň raýat we jenaýat işleri boýunça ýokary sudlary;
✓ Garagalpagystan Respublikasynyň hojalyk sudy;
✓ raýat we jenaýat işleri boýunça welaýat we Daşkent şäher sudlary;
✓ raýat we jenaýat işleri boýunça tümenara, tümen, şäher sudlary;
✓ welaýatlar we Daşkent şäheriniň hojalyk sudlary;
✓ harby sudlar.

Adatdan daşary sudlary düzmäge ýol berilmeýär. Özbegistan Respublikasynda sud işlerini ýöretmek özbek dilinde, garagalpak dilinde ýa-da belli bir ýerdäki köpçülik ilat gepleşýän dilde alnyp barylýar .

Sudlaryň aýratyn häkimiýet hökmünde bellenmeginden maksat Özbegistan Respublikasynda şahsyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň adalatly organ hökmünde diňe sud arkaly üpjün edilmegini gazanmak we sudy öňki jezalaýjy organdan şahsyň hukuklaryny we azatlyklaryny doly gorap bilýän organa öwürmekdir.

Sudlar suduň kararyny ýerine ýetirmek ýaly özlerine degişli bolmadyk wezipelerden azat edildi. 2008-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan ýurtda ölüm jezasy ýatyryldy, raýatlary tussag etmäge sanksiýa bermek hukugy prokuraturadan sudlara geçirildi. Döwletimizde jenaýaty jezalamagyň ynsanperwer hukuk ulgamy döredildi.

Özgertmeleriň ikinji döwrüniň esasy aýratynlygy Prezident Şawkat Mirziýoýewiň 2017-nji ýylyň 21-nji fewralyndaky "Özbegistan Respublikasynyň sud ulgamy strukturasyny düýpgöter kämilleşdirmek we işiniň netijeliligini artdyrmak çäreleri barada"ky permany esasynda amala aşyrylýar.

Şu perman esasynda Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudy we Ýokary hojalyk sudy birleşdirilip, raýat, jenaýat, administratiw we ykdysady sud işini ýöretmek ugrundaky sud häkimiýetiniň ýeke-täk ýokary organy – Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudy döredildi. Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudy Harby kollegiýasy, Özbegistan

Respublikasynyň Harby sudy, okrug we territorial harby sudlar ştat birlikleri Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly Güýçleriniň düzüminden Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudy ulgamyna geçirildi.

**Ýatda saklaň!**

2017-nji ýylda Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan 2 müň 700 ýyl kesileni, şol sanda, jezany ýerine ýetirmek koloniýalaryndan 956 dürli şertler sebäpli jenaýat eden, etmişinden çynlakaý puşman edýän, düzelmek ýoluna berk geçen, ýaşaýan ýeri we jezany ýerine ýetirýän edarasynda oňyn häsiýetlenen şahslary ýurdumyzyň taryhynda ilkinji gezek günäsini geçmek barada perman kabul edildi.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň 21-nji oktabryndaky “Sud-hukuk ulgamyny has-da özgertmek, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny ynamly goramak kepillerini güýçlendirmek çäreleri barada"ky permanyna görä, sudýalyk wezipesine bellemek (saýlamak) möhletlerine berk anyklyk girizildi. Ýagny sudýalyk wezipesine birinji gezek bellemek bäş ýyla, ikinji gezek – on ýyla, soňkusynda möhletsiz bellenmek (saýlanmak) mümkinçiligi döredildi. Bu sudýalaryň ýaşyny, başarnygyny, kärine ussatlygyny hasaba almak bilen uzagrak möhlete iş alyp barmagyny kepillendirýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly Güýçleri.** Ýurdumyz garaşsyzlygyny gazanan gününden başlap Özbegistan milli döwletliligini, onuň çäk taýdan bitewiligini, ilatyň parahat we asuda durmuşyny üpjün etmek döwlet syýasatynyň baş meselelerinden biri bolup gün tertibine goýuldy.

1991-nji ýylyň 19–21-nji awgust günleri öňki Soýuzyň paýtagty Moskwa şäherinde bolup geçen döwlet agdarylyşygy sebäpli ýurt heläkçilik girdabyna ýüz tutdy. Şeýle şertde ýurduň çäk taýdan bitewiligini, ilatyň parahatçylygyny we asudalygyny ýaragly goramak ugrunda täze ädimler ädildi. Özbegistanyň Prezidentiniň 1991-nji ýylyň 25-nji awgustyndaky permany esasynda Özbegistanyň Içeri işler ministrliginiň, Döwlet howpsuzlygy komitetiniň respublikanyň garamagyna geçmegi, SSSR Içeri işler ministrliginiň ýurdumyzdaky goşunlary Özbegistanyň Prezidentine boýun egdirilmegi ine şeýle birinji ädimlerden boldy.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 1991-nji ýylyň 6-njy sentýabryndaky permanyna esasan, Goranmak işleri ministrligi döredildi.

Özbegistan Respublikasynyň Ýokary Geňeşi 1992-nji ýylyň 10-njy ýanwarynda Özbegistan Respublikasynyň çäginde ýerleşýän SSSR Içeri işler ministrliginiň harby bölümlerini we okuw mekdeplerini Özbegistan Respublikasynyň garamagyna almak barada” we 14-nji ýanwarda “Özbegistan Respublikasynyň çäginde ýerleşýän harby bölümleri we harby okuw mekdepleri barada”ky kararlary kabul etdi. Şu kararlara görä, öňki SSSR Ýaragly Güýçleriniň respublikanyň çäginde ýerleşýän bölümleri, ownuk bölümleri, birleşmeleri, harby okuw mekdepleri, guramalary we başga harby gurluşlary kanuny esasda Özbegistan Respublikasynyň ýurisdiksiýasyna alyndy. Şu karar kabul edilen gün – 14-nji ýanwar Özbegistan Respublikasynyň 1993-nji ýyldaky kanunyna görä “Watan goraýjylary güni” diýlip yglan edildi.



Harby kasam

1992-nji ýylda Özbegistanyň Prezidentiniň permany bilen Milli howpsuzlyk güllugynyň garamagynda Araçäk goşunlary müdirligi döredildi.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 93-nji maddasyna görä Prezident ýurduň Ýaragly Güýçleriniň Ýokary Baş Serkerdesi hasaplanýar.

1995-nji ýylyň maý aýynda döwlet we jemgyýet howpsuzlygyny üpjün etmek maksadynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanynda Howpsuzlyk geňeşi düzüldi. Howpsuzlyk Geňeşi Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky maslahatlaşma organy hasaplanýar. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti wezipesine görä, şu Geňeşiň

**Ýatda saklaň!**

Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly Güýçleriniň aşakdaky harby okruglary döredildi:

1. Demirgazyk-günbatar harby okrug (Garagalpagystan Respublikasy, Horezm welaýaty);
2. Günorta-günbatar ýörite harby okrug (Buhara, Nowaýy, Kaşgaderýa we Surhanderýa welaýatlary);
3. Merkezi harby okrug (Samarkant, Jyzzak, Syrderýa welaýatlary);
4. Daşkent harby okrugy (Daşkent şäheri we Daşkent welaýaty);
5. Gündogar harby okrug (Andijan, Namangan, Fergana welaýatlary).

başlygy hasaplanýar. Howpsuzlyk Geňeşi özüniň mejlislerine wagtlaýyn ýagdaýda Özbegistandaky islendik wezipeli şahsy teklip etmegi mümkin. Geňeşiň mejlisiniň dowamynda bildirilen teklipler we pikirler köpçülik ses bilen kabul edilýär we ýurduň Prezidenti degişli karary tassyklandan soň güýje girýär.

**Ýatda saklaň!**

2018-nji ýylyň 10-njy ýanwarynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Howpsuzlyk geňeşiniň ilkinji gezek giňeldilen, açyk, wideokonferensiýa ýygnagy bolup geçdi. Onda Özbegistanyň Ýaragly Güýçleriniň söweşjeň ýagdaýa taýýarlygy öňki 5 günden bu günki günde 3 sagada getirilendigi nygtaldy.

Ýurdumyzda ilkinji gezek 1996-njy ýylyň 24-nji aprelinde Aly Mejlisiň bäşinji sessiýasynda makullanan dört bölümden, ýigrimi sekiz maddadan ybarat bolan “Milli howpsuzlyk barada”ky Kanunyň taslamasy ara alnyp maslahatlaşyldy. Milli howpsuzlyk ulgamyny şekillendirmek, milli howpsuzlygy üpjün etmek babatdaky wezipeler we olary amala aşyrmagyň prinsiplerini hukuk normalarynda kesgitleýän, bütinleý täze resminama hökmünde seredildi. 1997-nji ýylyň awgust aýynda Aly Mejlisiň IX sessiýasynda Özbegistan Respublikasynyň Milli howpsuzlyk konsepsiýasy kabul edildi.

Daşary ýurt tejribesinde milli howpsuzlyk diýende köpräk döwlet howpsuzlygy düşünilýär. Bu babatda Özbegistan özboluşly ýoluna eýe. Sebäbi, meselä beýle çemeleşmek milli howpsuzlyk meselesiniň mazmunyny birneme daraldýar. Dogry, milli howpsuzlykda harby we döwlet howpsuzlygy meseleleri esasy orun tutýar. Ýöne milli howpsuzlyk diýlende diňe bir ine şularyň özi düşünilmeýär.

Ýurdumyzyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň başlangyjy bilen 2018-nji ýylyň 9-njy ýanwar “Özbegistan Respublikasy Goranma doktrinasy barada”ky kanun kabul edildi. Kanun globallaşma şertinde halkara we sebitleýin howpsuzlyga howplaryň barha giňelýän ýagdaýda geosyýasy gapma-garşylyk, güýç ulanmak, şu şol sanda, köpçülikleýin gyryjy ýaragy ulanmak ähtimalynyň artanlygy, halkara terrorizmiň we ekstremizmiň işjeňleşenligi, informasiýa mekanynda özara göreş güýçlenendigine garşy mynasyp durup bilmek meselelerini kepillendirýär.

**Özüňizi synaň!**

Goranma doktrinasy – bu ...

Harby okrug – bu ....

Howpsuzlyk geňeşi – bu ...

Araçäk goşunlary – bu ...

***<u>Adalgalar düşündirişi</u>***!

**Günä geçme –** Suduň hökmi bilen jeza bellenen käbir şahsy jenaýat jogapkärliginden azat etmek ýa-da berlen jezany ýeňilleşdirmek. Adatda, günä geçme döwlet baştutanynyň karary bilen amala girizilýär.

**Referendum** – (*lat.* – mälim edilmegi zerur bolan zat) döwlet ähmiýete eýe bolan möhüm meseleler boýunça geçirilýän we käte kanun kabul etmek üçin esas bolup hyzmat edýän umumhalk soragy, ses bermek ýoly bilen halkyň pikirini anyklamak.

**Ýurisdiksiýa** – (*lat.* – sud etmek, sud prosesi) Hukuk meselelerini çözmek, sud etme işlerini alyp barmak hukugy. Belli bir döwlet organynyň ygtyýarlyklary çägindäki hukuk ugry.

**Doktrina** – (*lat.* – taglymat; okumyşlylyk) ylmy ýa-da filosofiki taglymat, nazaryýet; esasy nazary ýa-da syýasy nukdaý nazar.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Özbegistanda bir palataly parlament iş alyp baran döwürdäki özboluşlylyk nämelerden ybarat? Iki palataly parlament döretmek zerurlygy nämede?
2. Döwlet dolandyryşynda häkimiýetiň bölünmegi nähili ähmiýete eýe?
3. Özbegistanda ýerine ýetiriji häkimiýetine haýsy döwlet edaralary girýär?
4. Özbegistanda “Watan goraýjylary güni” ilkinji gezek haýsy ýylda bellendi?
5. Özbegistanda suduň işleri haýsy dillerde alnyp barylýar ?
6. Ministrler Kabinetinde we onuň strukturasynda nähili özgerişler bolup geçdi?

# II BAP. ÖZBEGISTANDA RAÝAT JEMGYÝETINIŇ ŞEKILLENMEGI WE ÖSÜŞI

## 3-nji tema. Raýat jemgyýeti taglymynyň ösüş taryhy

**Ýerli döwlet häkimiýeti organlary.** Özbegistanda demokratik hukuk döwlet gurmak prosesinde köp wezipeler kesgitlenipdi. Iň möhüm wezipelerden biri respublikada döwlet häkimiýetiniň wekillik we raýatlaryň öz-özüni dolandyryş organlarynyň täze şertlere laýyk gelýän ulgamyny döretmekdi. Häzirki amalda bolan ýerli wekillik organlary halk deputatlary Sowetleriniň esasynda döredilen. Ýöne olar öňki gurluşdan demokratik mazmuny bilen düýpgöter tapawutlanýar .

1992-nji ýylyň 4-nji ýanwarynda "Özbegistan Respublikasynyň ýerli häkimiýet edaralaryny gaýtadan döretmek barada"ky kanun kabul edildi. Bu kanun ýurdumyzda ýerli häkimiýetiň iki özbaşdak organy – ***wekillik*** we ***ýerine ýetiriji organlary*** ulgamyna ýolbaşçylyk edýän häkimlik we häkimler wezipesi girizildi.

**Ýatda saklaň!**

1992-nji ýylda ilkinji gezek Daşkent şäherinde we 12 welaýatda, 163 oba tümeninde we 18 şäher tümeninde hem-de 120 şäherde häkimler bellendi we tassyklandy, olaryň apparaty — häkimiýetler düzüldi.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň XXI baby "Ýerli döwlet häkimiýetiniň esaslary" diýlip atlandyrylyp, onda ýerli döwlet häkimiýeti organlarynyň ulgamy, wezipeleri, düzüliş tertibi pugtalandyryldy. Konstitusiýa görä, öňki ýerli wekillik organlarynyň ady Geňeşler diýlip üýtgedildi. Olaryň netijeli işlemegini üpjün etmek üçin welaýat, tümen we şäher halk deputatlary Geňeşleri döredildi.

Özbegistanyň Konstitusiýasy kabul edilýänçe ýerli wekillik organlarynyň üç bogunly ulgamy bar bolup, olar:

1) welaýatlar hem-de Daşkent şäher halk deputatlary Geňeşleri (Sowetleri) – ýokary bogun hasaplanýardy;

2) tümen, şäher halk deputatlary Geňeşleri – orta bogun;

3) oba, posýolok, awul halk deputatlary Geňeşleri – aşaky bogun.

Konstitusiýa ýerli wekillik organlarynyň iki bogunly ulgamyny berkitdi, ýagny aşaky bogun alyp taşlandy. Olaryň ýerine raýatlaryň öz-özüni dolandyryş organlary düzülýän boldy.

Şeýdip, Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna görä, ýerli döwlet häkimiýeti, häkimiýet organlary iki özbaşdak organlara – *wekillik* we *ýerine ýetiriji* häkimiýetine bölündi.

*Ýerli wekillik organlaryna* – halk deputatlary Geňeşleri girýär. Olar öz işini köpçülik (kollegial) esasda alyp barýar. Halk deputatlary Geňeşleriniň işiniň esasy guramaçylyk-hukuk şekili sessiýa hasaplanýar.




*“Halk deputatlary welaýat, tümen we şäher Geňeşlerine saýlaw barada*”ky kanuna görä wekillik organlaryna 21 ýaşa dolan raýatlar saýlanýar. Halk deputatlary welaýat we Daşkent şäher Geňeşlerine 60 sanydan köp bolmadyk, tümen we şäher Geňeşlerine bolsa 30 sanydan köp bolmadyk deputatlar 5 ýyl möhlete saýlanýar.

*Ýerine ýetiriji häkimiýetine* – häkim we onuň ýerine ýetiriji apparaty girýär. Häkim degişli çäkde ýokary wezipeli şahs hasaplanýar. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 101-nji maddasyna görä, häkimleriň wekilçilik möhleti – bäş ýyl.

Welaýat we Daşkent şäher häkimi Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan kanuna görä bellenýär hem-de wezipesinden boşadylýar. Tümenleriň we şäherleriň häkimleri degişli welaýat häkimi tarapyndan bellenýär we wezipesinden boşadylýar hem-de degişli halk deputatlary Geňeşi tarapyndan tassyklanýar. Şäherlerdäki tümenleriň häkimleri degişli şäher häkimi tarapyndan bellenýär we wezipesinden boşadylýar hem-de halk deputatlary şäher Geňeşi tarapyndan tassyklanýar. Tümenlere

boýun egýän şäherleriň häkimleri tümen häkimi tarapyndan bellenýär we wezipesinden boşadylýar hem-de halk deputatlary tümen Geňeşi tarapyndan tassyklanýar. Wekillik organlary düzülmeýän şäher düzümindäki tümenlerde we tümene boýun egýän şäherlerde-de häkimiýetler döredildi, olaryň apparaty – häkimiýet döredildi. Welaýat häkimleri we Daşkent şäher häkimi Özbegistanyň Prezidentiniň şu ýerlerdäki wekili hasaplanýar.

Ýerli döwlet häkimiýet organlary sud häkimiýeti organlary, prokuratura, içeri işler organlary, adalat ýaly hukuk goraýjy organlar bilen özara hyzmatdaşlykda iş alyp barýar.

**Raýatlaryň öz-özüni dolandyryş organlary**. Özbegistan Respublikasy özbaşdak ösüş ýoluna girensoň, Özbegistana mahsus we laýyk raýatlaryň öz-özüni dolandyryş organlary emele geldi. Hususan-da, häzirki wagtda dünýäniň ähli diýen ýaly ýurtlarynda bu institut ýerli öz-özüni dolandyryş diýip atlandyrylsa, Özbegistanda bolsa raýatlaryň öz-özüni dolandyryşy diýlip atlandyrylýar.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy kabul edilensoň, raýatlaryň öz-özüni dolandyryş ulgamynyň hukuk esasy pugtalandyryldy. Konstitusiýanyň 105-nji maddasyna görä, “şäherçelerde, obalarda we awullarda, şonuň ýaly-da, olaryň düzümindäki mähellelerde hem-de şäherlerdäki mähellelerde raýatlaryň ýygnaklary öz-özüni dolandyryş organlary bolup, olar iki ýarym ýyl möhlete başlygy (aksakgaly) we onuň maslahatçylaryny saýlaýar”.

**Raýatlar ýygnagy**

- **Şäherçeler raýatlar ýygnagy**
- **Oba we awullar raýatlar ýygnagy**
- **Mähelleler raýatlar ýygnagy**

**Ýatda saklaň!**

1999-njy ýylda «Raýatlaryň öz-özüni dolandyryş organlary barada», 2004-nji ýylda bolsa “Raýatlar ýygnagy başlygy (aksakgaly) we onuň maslahatçylary saýlawy barada”ky Özbegistan Respublikasynyň kanunlary kabul edildi. 2017-nji ýylda Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti “Mähelle institutyny has-da kämilleşdirmek çäreleri barada”ky permana gol çekdi.

Şeýdip, raýatlar ýygnagy mälim möhletde toplanyp iş ýöredýän öz-özüni dolandyryş serişdesi bolsa, başlyk, onuň maslahatçylary hemişelik iş alyp barýan gurluşdyr.

Prezidentiň 2017-nji ýyldaky permany esasynda raýatlar ýygnaklarynyň bileleşigi hökmünde raýatlaryň öz-özüni dolandyryş organlarynyň işini laýyklaşdyrmak boýunça Respublika geňeşi döredildi. Özbegistan Respublikasynyň Baş ministri, Garagalpagystan Respublikasynyň Jokorgy Keňesiniň başlygy, welaýatlaryň we Daşkent şäheriniň, tümenleriň we şäherleriň häkimlerine degişli Respublika geňeşi, ýerlerdäki geňeşlere jemgyýetçilik esasynda başlyklyk etmegi bellendi. Respublika geňeşinde guramaçylyk işleri we usuly meseleler boýunça başlygyň orunbasary, şonuň ýaly-da, Respublika geňeşinde hem-de ýerlerdäki geňeşlerde ýaşlar işleri, dini-magaryf meseleleri, garrylar we weteranlar işleri boýunça başlygyň orunbasarlary wezipeleri girizildi. Raýatlaryň öz-özüni dolandyryş organlarynda jemgyýetçilik esasynda iş ýöredýän raýatlar ýygnagynyň başlygynyň orunbasary – ýaşlar meseleleri boýunça maslahatçy wezipesi girizildi.

**Özbaşdak iş.**

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 99-105-nji maddalarynyň mazmunyny tema bilen baglaň. Mysallar getiriň.



2016-njy ýylyň 14-nji dekabrynda saýlanan Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Miromonowiç Mirziýoýew

**Saýlaw ulgamy**. Özbegistanda demokratik jemgyýete mahsus saýlaw ulgamy döredilmeginde halkara hukuk ülňülerine we talaplaryna, öňdebaryjy daşary ýurt tejribesine laýyk saýlaw kanunçylygy döredilmegi möhüm ähmiýete eýe boldy.

Ilki saýlaw ulgamyny ýola goýmak maksadynda “Özbegistan Respublikasynyň referendumy barada” we “Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti saýlawy barada” (1991-nji ýyl 18-nji noýabr) kanun kabul edildi. XX asyryň 90-njy ýyllarynyň başynda saýlawlar, saýlaw geçirmek tertipleri barada ençeme kanunlar kabul edildi. Şol sanda, “Özbegistan Respublikasynyň Aly

Mejlisine saýlaw barada”ky, “Halk deputatlary welaýat, tümen we şäher Geňeşlerine saýlaw barada”ky we “Raýatlaryň saýlaw hukuklarynyň kepilleri barada”ky kanunlar şolara degişlidir.

Saýlawlar Merkezi saýlaw komissiýasy tarapyndan guralýar, komissiýa 1998-nji ýyldan başlap özbaşdak wagtlaýyn organ hökmünde iş başlan bolsa, 2014-nji ýyldan bolsa hemişelik organ hökmünde döredildi. Merkezi saýlaw komissiýasy we onuň agzalary öz işini islendik döwlet organlary, jemgyýetçilik birleşmeleri we wezipeli şahslardan özbaşdak ýagdaýda amala aşyrýar.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda we kanunlarda 18 ýaşa dolan raýatlaryň saýlamak hukugyna eýedigi, Özbegistanyň Prezidenti saýlawy, Aly Mejlis saýlawy, halk deputatlary welaýat, tümen we şäher Geňeşleri saýlawy umumy, deň, gönüden-göni saýlaw hukugy esasynda gizlin ses bermek ýoly bilen geçirilmegi berkidilip goýlan.

Her bir raýat – saýlawçy bir sese eýe. 35 ýaşdan kem bolmadyk raýat Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti, 25 ýaşa dolanlar Aly Mejlise, 21 ýaşa dolanlar welaýat, tümen we şäher Geňeşlerine deputatlyga saýlanmak hukugyna eýe.

**!**

**Özüňizi synaň!**

Raýatlar ýygnagy – bu ... Saýlanmak ýaşy – bu .... 1991-nji ýyl – bu ...
Başlyk maslahatçylary – bu ... Saýlaw ýaşy – bu ... 2017-nji ýyl – bu ...

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna görä, ýurduň Prezident saýlawy, Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasyna hem-de Garagalpagystan Respublikasynyň Jokorgy Keňesine, welaýatlar, tümenler, şäherler döwlet häkimiýeti wekilçilik organlaryna saýlaw degişlilikde olaryň konstitusion wekilçilik möhleti gutarýan ýylda — dekabr aýynyň 3-nji on günlüginiň 1-nji ýekşenbesinde geçirilýär.

**Özbegistanda köppartiýalylyk ulgamynyň ýüze çykmagy.** Köppartiýalylyk – jemgyýetiň durmuşynda iki ýa-da ondan artyk partiýanyň iş ýöretmegidir. Bu ýagdaý demokratik ýola giren döwletlere we jemgyýetlere mahsus hasaplanyp, jemgyýetiň ösüşi pikirleriň köpdürlüligine esaslanýar. Jemgyýetde syýasy partiýalaryň erkin iş alyp barmagy demokratik hukuk döwlet gurmagyň esasy girewidir.

Häzirki döwür dünýädaky demokratiýanyň esasy ölçeglerinden biri saýlawlaryň köppartiýalylyk esasynda geçirilmegidir. Garaşsyzlyk döwründe döredilen ilkinji syýasy partiýa bu – *Özbegistan Halk demokratik partiýasy*dyr. Partiýa 1991-nji ýylyň noýabrynda esaslandyryldy. Onuň maksady durmuş taýdan goraga mätäç ilat gatlagynyň bähbitlerini goramaga gönükdirilen. Bu partiýa döredilenden häzirki güne çenli bäş gezek Prezident saýlawlarynda hem-de parlament saýlawlarynda gatnaşyp, parlamentde öz fraksiýasyny döretmegi gazandy.

**Özbaşdak iş.**

Goşmaça edebiýatlardan peýdalanmak bilen, bir topar okuwçylar Özbegistan HDP-nyň Prezident saýlawynda gatnaşan ýyllaryny sanap çykýar we kesgitleme berýär. Ikinji topar partiýanyň Aly Mejlise saýlawlarda gatnaşyşy boýunça edil şu wezipäni ýerine ýetirýär.

Özbegistanda köppartiýalylygyň ösüş taryhynda öz ýerine eýe partiýalardan ýene biri Özbegistan *"Watan taraqqiyoti (ösüşi)"* partiýasy boldy. Bu partiýa 1992-nji ýyl döredilen.

1999-njy ýylda "Fidokorlar" milli demokratik partiýasy döredildi. Ol Özbegistanyň janypkeş ýaşlarynyň maksatlaryny we niýetlerini goldaýan syýasy partiýa hökmünde dünýä geldi. 2000-nji ýylyň aprelinde *"Watan taraqqiyoti"* partiýasy we *"Fidokorlar"* milli-demokratik partiýasynyň bilelikdäki gurultaýy bolup, onda her iki partiýa hereketi, iş maksatnamasy ýakynlygy ara alnyp maslahatlaşyldy, olaryň birleşip işlemegi maksada laýyk, diýen netije esasynda iki partiýa birleşdi.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda dörän partiýalardan ýene biri bu – *Özbegistanyň "Adolat" sosial-demokratik* partiýasydyr. Ol 1995-nji ýylyň fewralynda döredilen. Sosial-demokratik partiýalaryň esasy maksady jemgyýetdäki sosial problemalary çözmäge gönükdirilen. Partiýa şonuň üçin hem ösen ýurtlardaky sosial-demokratik ugurdaky partiýalar bilen aragatnaşyklary ýola goýmaga we halkara sosial demokratik hereketlerde işjeň gatnaşmaga ymtylýar. Özbegistan "Adolat" sosial-

demokratik partiýasy orta synp we kömege mätäç ilat gatlagyna daýanýar, olaryň syýasy we sosial erk-isleglerini aňlatmaga ymtylýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda döredilen partiýalardan ýene biri – bu *Özbegistanyň Milli tiklanish(galkynyş) demokratik partiýasydyr*. Bu partiýa 1995-nji ýylyň iýunynda döredilen. Özbegistanyň Milli tiklaniş demokratik partiýasynyň esasy maksat-wezipesi milli däpleri we gym-matlyklary saklamakdan ybarat. 2008-nji ýylyň iýunynda Özbegistanyň “Fidokorlar” milli demokratik partiýasy we Özbegistanyň “Milli tiklanish” demokratik partiýasynyň birleşdiriji gurultaýy bolup, onda esasy mesele Özbegistanyň “Milli tiklanish” demokratik partiýasy we “Fidokorlar” milli demokratik partiýasyny birleşdirmek baradaky mesele seredildi. Gurultaýda partiýalaryň maksatly maksatnama wezipeleri many-mazmunyna görä bir-birine ýakynlygy nygtaldy we olar birleşdirildi.

Özbegistanyň syýasy ulgamynda özboluşly orna eýe bolup ýetişen *Özbegistanyň Liberal-demokratik partiýasy (ÖzLiDeP)* 2003-nji ýylyň noýabrynda döredildi. Özbegistanyň Liberal-demokratik partiýasy umummilli syýasy gurama hökmünde mülkdarlar gatlagynyň, kiçi biznes, fermerlik we daýhan hoja-lyklarynyň wekilleriniň, önümçiligiň ýokary hünärli hünärmenleriniň we dolandyryş işgärleriniň, işewürleriň bähbitlerini aňladýar we goraýar.

Özbegistan Respublikasynda syýasy partiýalaryň geçen ýyllaryň dowamyndaky işine nazar taşlaýan bolsak, olaryň ösmegi üçin hukuk esasy döredilendigini görýäris. Şol sanda, Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, “Syýasy partiýalar barada”ky, “Syýasy partiýalary maliýeleşdirmek barada”ky kanunlar hem-de “Döwlet dolandyryşyny täzelemek we has-da demokratlaşdyrma hem-de ýurdy modernizasiýa etmekde syýasy partiýalaryň roluny güýçlendirmek barada”ky Konstitusion kanuny şolara degişlidir. Syýasy partiýalaryň jemgyýetde nähili ýagdaýa eýedigini kesgitleýän esasy ölçeg – bu olaryň döwlet häkimiýeti wekilçilik organlaryna bölýän saýlawlarda nähili netijeler gazananlygy hasaplanýandygy tebigydyr.

**Özbegistanyň ekologik hereketi**. 2008-nji ýylda Özbegistan Respublikasynyň “*Saýlaw baradaky kanun resminamalaryny kämilleşdirilmegi mynasybetli Özbegistan Respublikasynyň käbir kanunlaryna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek barada*”ky kanuny kabul edildi. Oňa görä Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasyna bäş ýyl möhlete 135 de-putat saýlanyp, Kanunçylyk palatasynyň 15 deputaty Özbegistanyň ekologik hereketinden, öz içki gurultaýyndan saýlanmagy bellendi. Şu Kanun esasynda Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasyndaky deputatarynyň sany 150 deputatdan ybarat boldy.

Özbegistanyň ekologik hereketi 2008-nji ýylyň awgustda döredilen. Özbegistanyň ekologik hereketi öz işini raýatlaryň häzirki we geljekki nesli amatly daşky gurşaw şertinde ýaşamagy, ilatyň saglygyny gowulandyrmak, ähli tebigy resurslary goramak we olardan akylly-başly peýdalanmak hukuklaryny hem-de olara sözsüz amal edilmegini üpjün etmäge gönükdirilen täzeleniş proseslerini has-da çuňlaşdyrmakda jemgyýetiň bar güýçlerini we mümkinçiliklerini mobilizlemäge gönükdirilen.

**Ýatda saklaň!**

2017-nji ýylyň 22-nji dekabrynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Aly Mejlise Ýüzlenmesi yglan edildi. Bu Ýüzlenmede Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasyndaky 15 deputatlyk orny bellenmezden, Ekologik hereket başga partiýalar bilen deň bäsdeşlige girmek bilen, saýlawlar arkaly deputatlyk ýerini gazanmalydygy teklip edildi.

***Adalgalaryň düşündirişi:***

**Partiýa** – (*lat.* partio — bölek, bölüm) taglym taýdan pikirdeş, bähbitleri bir bolan adamlar toparyndan ybarat, belli bir sosial toparyň ýa-da gatlaklaryň bähbitlerini goraýan syýasy gurama.

**Modernizasiýa** – (modern – häzirki zaman) täzeleniş, häzirki zaman; döwlet, jemgyýet, ykdysadyýet, tehnologiýa we başga ugurlaryň täzelenmegi, täze usullar, oýlap tapmalaryň ulanylmagy esasyndaky özgerişler.

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. Ýerli döwlet häkimiýeti organlaryny sanaň. Olar öz işini haýsy kanunlar esasynda ýöredýär?
2. Saýlaw ulgamyndaky soňky özgerişler barada nämeleri bilýärsiňiz?
3. Ýerli häkimiýet we ýerli wekilçilik organynyň arasynda nähili tapawut we baglylyklar bar?
4. Syýasy partiýalaryň işi boýunça aşakdaky jedweli dolduryň.

| **Partiýa** | Özbegistan HDP | "Adolat" ASDP | ÖzMTDP | ÖzLiDeP |
|---|---|---|---|---|
| **Döredilen ýyly** | | | | |
| **Taglymy** | | | | |

## 4-nji tema. Özbegistanda raýat jemgyýetiniň ösüşiniň esasy basgançaklary we perspektiwalary

**Güýçli döwletden – güýçli jemgyýete tarap**. 2000-nji ýyldan – bu günki güne çenli bolan döwri öz içine alan basgançakda ýurtda işjeň demokratik täzeleniş we modernizirleme prosesleri bolup geçdi. Şu basgançagyň esasy wezipesi edip milli döwletlilik esaslaryny berkitmäge gönükdirilen güýçli döwletden – güýçli raýat jemgyýetine basgançaklaýyn geçmek meselesi goýuldy. Ýurduň syýasy we ykdysady durmuşynda demokratlaşdyrma we liberallaşdyrma prosesleri çuňlaşdy, adamyň hak-hukuklaryny we azatlyklaryny goraýan özbaşdak sud ulgamy pugtalandy, raýat jemgyýetiniň esaslary ösdi, raýatlaryň ykdysady we syýasy işjeňligi artdy. Islam Karimow tarapyndan ýurtda raýat jemgyýetini şekillendirmek we demokratik özgertmeleri has-da çuňlaşdyrmak konsepsiýasy işläp taýýarlanyldy. Şu basgançak döwlet häkimiýetini we dolandyryşy has-da demokratlaşdyrmaga, sud-hukuk ulgamyny, informatizasiýa ugruny özgertmäge, söz azatlygyny üpjün etmäge, saýlaw kanunçylygyny kämilleşdirmäge, ykdysadyýeti liberallaşdyrmaga gönükdirilen demokratik bazar özgertmelerini çuňlaşdyrmaga gönükdirilenligi bilen häsiýetlenýär.

2002-nji ýylda bolup geçen Aly Mejlisiň IX sessiýasynda ýurduň Birinji Prezidenti Islam Karimow hut ine şu köp taraply özgertmeleri amala

aşyrmagyň täze prinsiplerini orta atdy. Onda özgertmelere degişli ýedi mesele – ileri tutulýan ugur hökmünde kesgitlenildi.

Ileri tutulýan ugurlardan biri jemgyýetçilik durmuşynda döwlet däl we täjirçilik däl guramalarynyň ornuny we roluny artdyrmak arkaly raýat jemgyýetini gurmak proseslerini çuňlaşdyrmak, “Güýçli döwletden – güýçli jemgyýete tarap” prinsipini amala aşyrmak hasaplanýar.

Döwlet syýasatynyň baş ýoly hukuk, demokratik döwletini gurmak, kanunyň öňünde hemmäniň deňligini üpjün etmek, “raýat – jemgyýet – döwlet” prinsipini girizmek, ine şu ýol bilen raýat jemgyýetini gurmak boldy.

**Ýurdumyzda demokratik özgertmeleri has-da çuňlaşdyrmak we raýat jemgyýetini ösdürmek konsepsiýasy.** Islam Karimoyň 2010-njy ýylyň 12-nji noýabrynda bolup geçen Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasynyň we Senatynyň bilelikdäki mejlisinde “Ýurdumyzda demokratik özgertmeleri has-da çuňlaşdyrmak we raýat jemgyýetini ösdürmek konsepsiýasy” temasynda eden çykyşy amala aşyrylan özgertmeleri gözden geçirmek hem-de jemgyýet we döwlet durmuşynyň ähli ugurlaryny has-da ösdürmek ugurlaryny kesgitlemek nukdaý nazaryndan möhüm ähmiýete eýe boldy. Şu Konsepsiýada ýurdumyzda raýat jemgyýetini we hukuk döwletini gurmak boýunça amala aşyrylan işler jikme-jik analiz edilip, bu ugurdaky demokratik özgertmeleri has-da çuňlaşdyrmak we üznüksiz dowam etdirmek boýunça derwaýys wezipeler belläp berildi.

Döwlet häkimiýetini we dolandyryşyny demokratlaşdyrmak boýunça Konstitutsiýanyň 78, 89, 93, 96, 98-nji maddalaryna üýtgetmeler girizilip, oňa esasan Baş Ministriň kandidaturasy saýlawlarda (Aly Mejlis) iň köp deputatlyk orunlaryny alan syýasy partiýa ýa-da deň mukdarda köp orun

**Ýatda saklaň!**

Konsepsiýa alty bölekden ybarat bolup, onda döwlet häkimiýetini we dolandyryşyny demokratlaşdyrmak, sud-hukuk ulgamyny, habar ugruny özgertmek, informasiýa we söz azatlygyny, saýlaw hukugy azatlygyny üpjün etmek we saýlaw kanunçylygyny ösdürmek, raýat jemgyýeti institutlaryny şekillendirmek we ösdürmek, bazar ykdysadyýetini liberallaşdyrmagy has-da çuňlaşdyrmak barasyndaky möhüm wezipeler kesgitlenen.

alan syýasy partiýalar tarapyndan teklip edilýär, Prezident hödürlenen kandidaturany garap çykyp 10 gün möhlet içinde Aly Mejlisiň palatalary tarapyndan seretmek we tassyklamak üçin teklip edýän boldy.

Sud-hukuk ulgamyny özgertmek ugrunda adwokatura instituty kämilleşdirildi we onuň garaşsyzlygy has-da pugtalandyryldy. Jenaýat jezalarynyň liberallaşdyrylmagy mynasybetli jenaýatlar klassifikasiýasy üýtgedildi. Sanksiýa bermek hukugy sudlara geçirildi.

“Döwlet häkimiýeti we dolandyryş organlarynyň işiniň açyklygy barada”, “Teleradiogepleşikler barada”, “Köpçülikleýin habar serişdeleriniň işiniň ykdysady esaslary barada”, “Köpçülikleýin habar serişdelerini döwlet tarapyndan goldamak kepilleri barada”ky kanunlary kabul etmek kesgitlendi. Netijede informasiýa ugruny özgertmek, informasiýa we söz azatlygyny üpjün etmek ugrunda ýurtda şu ugra degişli 10-a ýakyn kanun resminamalary kabul edildi.

Özbegistanda saýlaw hukugy azatlygyny üpjün etmek we saýlaw kanunçylygyny ösdürmek ugrunda saýlaw kanunçylygy kämilleşdirilip, saýlaw ulgamy yzygiderli we basgançaklaýyn liberallaşdyryp baryldy. Möhletinden öň ses bermek meselesini çözmek, uçastok saýlaw komissiýalarynyň işiniň äşgärligini üpjün etmek boýunça amaldaky kanun resminamalaryna üýtgetmeler girizmek bellendi.

Häzirki wagtda ýurdumyzda 9 müňden artyk döwlet däl täjirçilik däl guramasy bar. 29 halkara we daşary ýurt hökümet däl guramalarynyň filiallary we wekilathanalary iş alyp barýar. 2017-nji ýylda «Nurany» gaznasynyň, Ýaşlar bileleşiginiň, Özbegistanyň fermer, daýhan hojalyklarynyň we mellek ýer eýeleriniň geňeşiniň, Söwda-senagat palatasynyň, Özözüni dolandyryş organlarynyň işini laýyklaşdyrmak boýunça Respublikan geňeşi ýaly döwlet däl täjirçilik däl guramalarynyň işini kämilleşdirmäge we olary goldamaga gönükdirilen aýratyn permanlar we kararlar kabul edildi.

**Halk bilen gepleşigiň ýola goýulmagy**. 2016-njy ýylda ilkinji gezek ýurduň ilaty bilen hökümetiň gönüden-göni gepleşigi ýola goýuldy. Şol ýylyň sentýabr aýynda Baş ministriň (pm.gov.uz elektron salgysynda) wirtual kabulhanasy açyldy. 2017-nji ýylyň “Halk bilen gepleşik we adam bähbitleri ýyly” diýlip yglan edilmegi bu ugurdaky işleri ýaýbaňlandyrdy.

Prezident Şawkat Mirziýoýewiň 2016-njy ýylyň 28-nji dekabryndaky “Fiziki we ýuridik şahslaryň ýüzlenmeleri bilen işlemek ulgamyny düýpgöter kämilleşdirmäge degişli çäreler barada”ky permanyna görä Halk kabulhanalary döredildi. Onuň işgärleri bolsa Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň diwanynyň işgärleri hasaplanýandygy bellendi. 2017-nji ýylyň dekabrynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy kabul edilenliginiň 25 ýyllygyna bagyşlanan dabaraly ýygnakdaky çykyşynda Halk kabulhanalarynyň esasynda, Prezidentiň ýanyndaky aýratyn gurluş – Çalt döwlet hyzmatlary agentligini döretmek taglymyny öňe sürdi.

**Pikir ýöretme!**

Wirtual kabulhana açylmagynyň zerurlygyny nämelerde görýäsiňiz? Goşmaça maglumatlardan peýdalanmak bilen, internetiň pm.gov.uz salgysyndaky “PM” gysgarlmasynyň mazmunyny düşündiriň.

Bir ýylyň dowamynda synagdan geçip, barha kämilleşdirilen şu mehanizm dünýä bileleşigine çynlakaý demokratiýa ugrundaky üstünliklerimizden biri hökmünde görkezildi. Prezident Şawkat Mirziýoýew Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasynda, halk häkimiýetini ýöne ýere däl, eýsem amalda ornaşdyrmak mehanizmlerini berkitmegi global maksat hökmünde kesgitläp, ýurdumyzyň ähli çäginde Prezidentiň wirtual we Halk kabulhanalarynyň döredilendigini hem-de häzirki güne çenli bir milliondan artyk raýatlarymyz şu kabulhanalar arkaly özleriniň derwaýys meselelerini çözendigini nygtap geçdi.

**2017–2021-nji ýyllarda ýurdy ösdürmegiň ileri tutulýan bäş ugry boýunça Hereketler strategiýasy**. Ýurdumyzda garaşsyzlyk ýyllarynda amala aşyrylan giň gerimli özgertmeler milli döwletlilik we suwereniteti berkitmek, howpsuzlygy we hukuk-tertibi, döwletimiziň araçäkleriniň eldegrilmesizligini, jemgyýetde kanunyň ileri tutulmagyny, adam hukuklaryny we azatlyklaryny, milletara agzybirligi we dini bagrygiňlik gurşawyny üpjün etmek üçin möhüm esas boldy.

**Ýatda saklaň!**

Hereketler strategiýasynda ýurdy has-da ösdürmek boýunça ileri tutulýan 5 ugry getirilen:

I. Döwlet we jemgyýet gurluşy ulgamyny kämilleşdirmek (Mawy reňk – asman we arassa suw simwoly, Emir Temur döwletiniň baýdagynyň reňki);

II. Kanunyň ileri tutulmagyny üpjün etmek we sud-hukuk ulgamyny has-da özgertmek (Benewşe reňk – kanunyň ileri tutulmagy we ar-namyslylyk simwoly);

III. Ykdysadyýeti ösdürmek we liberallaşdyrmak (Tylla reňk – ykdysadyýeti ösdürmegiň elementleri hasaplanýan güýç-kuwwat we baýlyk simwoly);

IV. Sosial ugry ösdürmek (Gyzyl reňk – ýaşaýyş we ilatyň mynasyp durmuş ýörelgelerini üpjün etmek simwoly);

V. Howpsuzlyk, dini bagrygiňlik we milletara agzybirlik, özara bähbitli we amaly daşary syýasat (Ak reňk – parahatçylyk söýüjilik syýasaty elementleri hasaplanýan parahatçylyk we päklik simwoly).

Şol bir wagtda ýurdumyzyň geçen ösüş ýolunyň analizi, bu günki günde dünýä bazarynyň talaby ýiti üýtgäp, globallaşýan şertinde bäsdeşlik barha güýçlenip barýandygy döwletimizi has-da çalt depginler bilen ösdürmek üçin düýpgöter täzeçe çemeleşme işläp taýýarlamagy talap etdi. Ýurduň 2016-njy ýylda saýlanan Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň başlangyjy bilen alnyp barylýan özgertmeleriň netijesini has-da artdyrmak, döwletiň we jemgyýetiň her taraplaýyn, çalt ösmegi üçin şertler döretmek, ýurdumyzy modernizasiýa etmek hem-de ýaşaýşyň ähli ugurlaryny liberallaşdyrmak boýunça ileri tutulýan ugurlary amala aşyrmak maksadynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 7-nji fewralyndaky permany bilen 2017–2021-nji ýyllarda Özbegistan Respublikasyny ösdürmegiň ileri tutulýan bäş ugry boýunça Hereketler strategiýasy tassyklandy.

Strategiýa derwaýys hem-de ilaty we telekeçileri alada goýýan meseleleri kompleks öwrenmek, kanunçylyk, hukugy goramak amalyýetini we daşary ýurt tejribesini analiz etmegiň jemleri boýunça işläp taýýarlanan.

Hereketler strategiýasy 5 basgançakda amala aşyrlyp, olaryň her biri boýunça ýylyň atlandyrylyşyndan gelip çykmak bilen aýratyn bir ýyllyk döwlet maksatnamasyny tassyklamagy nazarda tutýar.

Hereketler strategiýasyny amala aşyrmak boýunça Prezident ýolbaşçylyk edýän 14 adamlyk Milli komissiýa düzülip, ol şu resminamada bellenen wezipeleriň öz wagtynda, oňat hilli ýerine ýetirilişine gözegçilik edýän boldy.

***Adalgalar düşündirişi!***

**Konsepsiýa –** käbir ugry ösdürmäge gönükdirilen giň gerimli taslama ýa-da garaýyşlar toplumy.

**Sanksiýa** – hukukşynaslykda hukukbozuja görä ulanylýan we onuň üçin belli bir netijeleri berýän çäre.

**Strategiýa** – uzaga barýan täsir serişdeleri we usullary; maksady perspektiw dinamiki anyklamak.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. “Güýçli döwletden – güýçli raýat jemgyýetine tarap” şygaryny düşündiriň.
2. Prezidentiň 2016-njy ýylyň 28-nji dekabryndaky “Fiziki we ýuridik şahslaryň ýüzlenmeleri bilen işlemek ulgamyny düýpgöter kämilleşdirmäge degişli çäreler barada”ky permanynda nämeler nazarda tutulan?
3. Halk kabulhanalarynyň wezipeleri nämelerden ybarat?
4. “Ýurdumyzda demokratik özgertmeleri has-da çuňlaşdyrmak we raýat jemgyýetini ösdürmegiň konsepsiýasy” näçe bölekden ybarat? Olary sanap beriň.
5. Goşmaça edebiýatlardan peýdalanyp, Hereketler strategiýasyny amala aşyrmak boýunça Milli komissiýanyň düzümini anyklaň.

# III BAP. ÖZBEGISTANDA YKDYSADY ÖZGERTMELER WE SOSIAL SYÝASAT

## 5-nji tema. Özbek modeliniň işlenip taýýarlanmagy. Ykdysady özgertmeleriň başlanmagy

**Özbegistanda bazar gatnaşyklaryna geçmegiň özboluşly ýoly, ösüşiň “Özbek modeli”.** Özbegistan garaşsyzlyk gazanan wagtda sosial-ykdysady ýagdaý örän çylşyrymlydy. Garaşsyzlygyny ele alan Özbegistan sowet gurluşy döwründäki ykdysadyýetiň esasyny düzýän planlaşdyryjy syýasaty ret etdi we bazar ykdysadyýeti ýoluny saýlady. Dünýä tejribesinden görnüşi ýaly, dünýädäki ähli ýurtlar üçin makul bolan birmeňzeş ösüş ýoly, birmeňzeş ülňi bolmagy mümkin däl. Her bir döwlet özüniň taryhy-ösüş däplerini, milli özboluşly aýratynlyklaryny hasaba almak bilen öz ýoluny, öz modelini işläp taýýarlamalydyr. Özbegistan hem ine şu umumy maksatnama we umumy

**Ýatda saklaň!**

Özbegistanyň bazar gatnaşyklaryna geçmek ýoluna degişli Islam Karimow tarapyndan işlenip taýýarlanan bäş prinsip: 1.Ykdysadyýetiň syýasatdan üstünligi, ony aňyýetden azat etmek. 2. Döwlet baş özgertmeçi we ykdysady özgerişleriň başyny başlaýjysy. 3. Kanunyň ileri tutulmagy, kanunyň öňünde hemmäniň deňligi. 4. Güýçli sosial syýasat ýöretmek, ilatyň mätäç gatlaklaryny durmuş taýdan goramalgyň ileri tutulmagy. 5. Bazar ykdysadyýetine basgançaklaýyn, yzygider geçmek ýalylar esas edip alyndy.

kanuny ölçegleri esasynda bazar ykdysadyýeti gatnaşyklaryna geçmäge mümkinçilik berýän öz ýoluny saýlap aldy.

Bazar gatnaşyklaryna geçmegiň ilkinji döwründen respublikanyň hökümeti we Prezidenti tarapyndan ençeme hukuk resminamalary kabul edildi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda ilaty durmuş taýdan goramaga gönükdirilen maýyplary durmuş taýdan goramak, döwlet pensiýa üpjünçiligi, sarp edijileriň hukuklaryny goramak, raýatlaryň saglygy goraýyş barada we başga şular ýaly respublikanyň kanunlary, hökümet kararlary we Prezidentiň permanlary kabul edildi.

**Ykdysady özgertmeleri dolandyryş ulgamynyň döredilmegi. Bazar infragurluşynyň şekillenmegi.** Ykdysadyýeti özgertmegiň esasy strategik maksady, ilki bilen, adamlaryň durmuşy we işi üçin zerur şertleri üpjün edýän, güýçli we dogry ösüp barýan ykdysady ulgamy gurmakdyr. Bazar gatnaşyklaryna geçiş döwrüniň birinji basgançagy garaşsyzlyk gününden milli walýutany dolanyşyga girizmäge çenli bolan wagty öz içine alýar. Birinji basgançakda iki esasy wezipe çözüldi. Birinjiden, administratiw-buýruk berijilik ulgamynyň agyr netijeleri ýeňip geçildi, krizis ýok edildi we ykdysadyýet berkararlaşdyryldy. Ikinjiden, bazar gatnaşyklarynyň hukuk esaslary şekillendirildi.

Özbegistanda bazar ykdysadyýetine esaslandyrylan jemgyýetiň hukuk-ykdysady esaslary Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda öz beýanyny tapdy. Özgertmeleriň birinji basgançagynda Ýokary Geňeş tarapyndan ykdysadyýete degişli 100-den artyk kanunlar kabul edildi. Şunuň bilen birlikde, hususylaşdyrmak babatda ýeňllikler ulgamy döredildi. Hususylaşdyrylýan kärhananyň zähmet kollektiwiniň işgärlerine aksiýalary ýeňllikli şertler bilen satyn almak mümkinçiligi berildi. Könelen esasy fondlar, sosial

infrastruktura obýektleri täze mülkdarlara tölegsiz tabşyryldy. Oba hojalygy döwlet hojalyklarynyň emlägi, fermalar, baglar we üzümzarlar ýeňllikli şertler esasynda hususylaşdyryldy.

Döwlet emlägini hususylaşdyrmak zerurlygy bazar ykdysadyýeti gatnaşyklaryna esaslandyrylan jemgyýeti gurmagyň esasy şertidir. Özbegistanda çek arkaly hususylaşdyrmak taglymy ýatyryldy, döwlet emlägi täze mülkdara diňe satmak ýoly bilen eýeçiligiň başga şekline öwrülip başlandy. Özbegistanyň Ýokary Geňeşi 1991-nji ýylyň 18-nji noýabrynda "Emlägi döwlet garamagyndan çykarmak we hususylaşdyrmak barada"ky kanuny kabul etdi. Ilkinji basgançak hususylaşdyrmak prosesi umumy ýaşaýyş jaý fonduny, söwda, ýerli senagat, hyzmat ediji kärhanalaryny hem-de oba hojalyk önümlerini taýýarlaýyş ulgamyny öz içine aldy. Özbegistan Respublikasynda hususylaşdyrmak prosesini guramak we oňa ýolbaşçylyk etmek maksadynda 1992-nji ýylyň fewralynda Döwlet emlägini dolandyrmak we hususylaşdyrmak Döwlet komiteti esaslandyryldy. 1994-nji ýylda ol Döwlet emlägini dolandyryş we telekeçiligi goldamak Döwlet komitetine öwrüldi. Kiçi hususylaşdyrmak 1994-nji ýyldan başlap tamamlandy. Emlägi döwletiň garamagyndan çykarmaga we hususylaşdyrmaga degişli 20-den artyk normatiw resminama kabul edildi. 1995-nji ýyl halk hojalygynda köpçülikleýin hususylaşdyrmalar döwri boldy. 1998-nji ýyla gelip hususylaşdyrylan kärhanalar pudagy ýiti köpelenligi bilen häsiýetlenýär. Döwlet emlägini hususylaşdyrmak boýunça ýurdumyzda alnyp barylan uly gerimdäki amaly işler netijesinde ýurtda köp ukladly ykdysadyýet we mülkdarlar synpy emele geldi.

Özbegistan Respublikasy bu döwürde öz walýutasyna eýe dälligi, dolanyşykda bolsa 1961–1992-nji ýyllarda çykarylan rublyň bolanlygy, käbir azyk we senagat önümlerine özüniň özüni ödeýiş gymmatyna garanda elýeterli nyrh belgilenenligi üçin olary respublikadan daşary alyp çykyp gitmek köpelip başlady we ýurdumyzda ilaty esasy sarp ediş önümleri bilen üpjün etmekde kynçylyklar emele geldi.

!

**Özüňizi synaň!**

Ykdysady-administratiw guramalar – bu ... Bäş prinsip – bu ...
Hususylaşdyrmak prosesi – bu ... Özgertme basgançaklary – bu ...

**Milli walýutanyň kabul edilmegi**. Özbegistan döwlet garaşsyzlygyny ele alyp, özüniň milli walýutasyny dolanyşyga girizmäge girişdi. Ýöne bu proses üçin mälim wagt, tejribe gerekdi. Şu sebäpli-de, Özbegistan 1991–1993-nji ýyllarda öňki Soýuzdan galan rubl zolagynda bolup durdy. Emma sowetlerden soňky mekanda ähli içki önüm öndürmegiň ýiti peselmegi netijesinde rublyň hümmeti-de şoňa laýyklykda barha peseldi. Özbegistan dolanyşyga täze milli walýuta girizmek işine ymykly girişdi. 1992-nji ýyldan başlap dolanyşyga çykarmaga niýetlenen som – kupon nusgalary taýýarlanýar we 1993-nji ýylyň 1-nji noýabrynda Özbegistanda som – kupon dolanyşyga girizildi. Onuň kursy öň dolanyşykda bolup gelen rubla deňleşdirilipdi. Özbegistanyň ýolbaşçylary som – kuponlar esasynda zerur tejribe toplady, hakyky milli walýutany girizmegiň çärelerini gördi.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň “Özbegistan Respublikasynyň milli walýutasyny dolanyşyga girizmek barada”ky permanyna görä, 1994-nji ýylyň 1-nji iýulyndan başlap respublikanyň çäginde ýeke-täk, çäklendirilmedik we kanuny töleg serişdesi hökmünde milli walýuta – som dolanyşyga çykaryldy.

**Ýatda saklaň!**

Dolanyşyga 1994-nji ýylda 1, 3, 5, 10, 25, 50, 100 somluk, 1997-nji ýyldan 200 somluk, 2000-nji ýyldan 500 somluk, 2001-nji ýyldan 1000 somluk, 2013-nji ýyldan 5000 somluk, 2017-nji ýyldan 10000 we 50000 somluk banknotlar çykaryldy.

**Häzirki zaman transport-kommunikasiýa ulgamynyň şekillenmegi.** Respublika garaşsyzlygyny gazanandan soň transportyň ykdysadyýete we ilata hyzmat etmek hilini düýpgöter gowulandyrmak we ugruň dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek maksadynda “Özbegistan howa ýollary” milli awiakompaniýasy (1992-nji ýyl), “Özbegistan awtomobil transporty” (“Özawtotrans”) döwlet-paýdarlar korporasiýasy (1993-nji ýyl, 1998-nji ýyldan Özbegistan awtomobil we derýa transporty agentligi), “Özbegistan demir ýollary” paýdarlar kompaniýasy (1994-nji ýyl) we başga edaralar döredildi. Ýurtda transport kärhanalary döwlet gatnaşmagyndaky paýdarlar kompaniýalary, korporasiýalary, açyk görnüşdäki paýdarlar we jogapkärçiligi çäklendirilen jemgyýetlere, kollektiw kärhanalaryna öwürildi.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda halkara talaplara jogap berýän awtomobil ýollaryny gurmak, barlaryny halkara ülňülere laýyklaşdyrmak

planlaşdyryldy. Özbegistan Respublikasynyň Merkezi Aziýada tutýan orny, senagat we başga ugurlaryň ösüşi, goňşy döwletler bilen ykdysady aragatnaşyklary çalt ösdürmek maksadynda 1996-njy ýyldan Daşkent–Andijan–Oş magistralynyň 100 km-den artyk dagly uçastoklarynda gurluşyk işleri başlandy. Kamçyk we Rezak tunnelleri ulanmaga berildi. Almaty–Bişkek–Daşkent–Termiz we Samarkant–Buhara–Aşgabat Türkmenbaşy awtomobil ýoly, Ýewropany Kawkaz arkaly Aziýa bilen baglaýan awtomobil ýolunyň (Ýewropa–Kawkaz–Aziýa transport ýodasynyň bir bölegi) respublikanyň çäginden geçýän bölegini abatlamak işleri amala aşyryldy. Özbegistany Gazagystan arkaly Russiýa Federasiýasy bilen baglaýan 340 kilometrli Kongrat–Beýnow awtomobil ýoly gurluşygynyň birinji basgançagy tamamlandy.

Özbegistanyň bitewi demir ýol pudagyny emele getirmek boýunça 1994–2001-nji ýyllarda uzynlygy 700 kilometre ýakyn Nowaýy–Üçkuduk–Nukus demir ýoly gurlup tamamlandy.

Respublikanyň çäginde ähli transport görnüşleriniň ýük we ýolagçylar daşamak işlerini makul ýagdaýa getirmek, kommunikasiýalary çalt ösdürmek, transportda ýükleri we ýolagçylary daşamak ugrundaky hyzmatdaşlygy giňeltmek hem-de transmilli transport ýodalaryny ösdürmek barasyndaky işi laýyklaşdyrmak maksadynda 2004-nji ýylda “Özbegistan transport we transport kommunikasiýalary birleşmesi” döredildi. Birleşmäniň düzümine “Özbegistan demir ýollary” döwlet-paýdarlar kompaniýasy, “Özbegistan howa ýollary” milli awiakompaniýasy, Özbegistan awtomobil we derýa transporty agentligi, “Özawtoýol” kompaniýasy, transport kommunikasiýalarynyň gurluşygy bilen meşgullanýan respublika taslama we gurluşyk guramalary girizildi.

Bu döwürde “Özbegistan howa ýollary” belgisi bilen perwaz edýän samolýotlar dürli döwletlerde ýerleşýän 40-dan artyk aeroporta göni gatnap başlady. Awiasiýa ugrunda amala aşyrylan çuňňur özgarişler ýurdumyzyň ykdysadyýetini berkitmekde, onuň dünýä möçberindäki aýraýyny has-da artdyrmakda özboluşly faktor boldy.

Demir ýollar gurluşygynda-da ençeme işler amala aşyryldy. 2001-nji ýylda 341 km. bolan Nowaýy–Üçkuduk–Soltanzada ugry, 2007-nji ýylda uzynlygy 220 km. bolan Güzer–Baýsun–Kumkorgan ugry gurluşygy tamamlandy. Özbegistan bilen Owganystanyň arasyndaky söwda-




Özbegistanyň demir ýollarynyň kartasy.

satyk, tranzit aragatnaşyklarynyň ösüşi we Özbegistany deňiz transportyna alyp çykýan iň ýakyn ýol Owganystan arkaly geçýändigini hasaba almak bilen ençeme täze demir ýol gurmak taslamalary işläp taýýarlandy. 2010-njy ýylda Özbegistan Owganystan üçin strategik ähmiýete eýe bolan taslamany amala aşyrdy, ýagny Haýraton–Mazary şerif demir ýolunyň 75 kilometrini gurup berdi. Şular ýaly tranzit taslamalarynyň amala aşyrylmagy Özbegistan daşky söwda geografiýasynyň giňelmegine esas bolýar.




Kamçyk tunneli



Afrasiýab otlusy

2016-njy ýylyň iýunynda Angren–Pop demir ýoly we Kamçyk tunneli açyldy. Kamçyk geçelgesi arkaly geçýän Angren–Pop pudagynyň gurluşy Fergana jülgesini Özbegistanyň başga çäkleri bilen baglamaga mümkinçilik döretdi. Mundan daşary, demir ýoluň uzynlygy 123,1 kilometr bolup, şu taslamanyň çäginde uzynlygy 19,2 kilometrden ybarat bolan demir ýol tunneli guruldy.

Özbegistan Respublikasynyň hökümeti ýolagçy daşamak boýunça täze tehnologiýalary ornaşdyrmak üçin Daşkent–Samarkant ýönelişi boýunça tiz ýolagçy daşamagy ýola goýdy. Täze tiz ýöreýän otlynyň ady Afrasiýab bu – Samarkant welaýatynda ýerleşýän gadymy şäheriň hormatyna goýlan. 2011-nji ýylyň oktýabryn-dan başlap ondan täjirçilik maksadynda peýdalanmak ýola goýuldy. Şol ýyl ikinji otly hem getirilip, 2012-nji ýylyň maýyndan öz gatnawyny başlady.

**Ýatda saklaň!**

Şu iň häzirki zaman tiz ýöreýän ýöneliş 2015-nji ýylda Karşy şäherine çenli, 2016-njy ýylda bolsa “Daşkent–Buhara” ýönelişi, 2018-nji ýylda Daşkent–Hywa ýönelişi işe düşürildi. Otly maksimal tizligi sagadyna 250 kilometre çenli artdyrmagy mümkin.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Daşkent metrosynyň gurluşy-da çalt depginde ösdi. 2001-nji ýyl awgustynda Ýunusabat ýönelişiniň 6 beketden ybarat birinji bölegi peýdalanmaga berildi, ýolagçy daşamak ýola goýuldy.

2016-njy ýylda Şawkat Mirziýoýewiň başlangyjy bilen 7,1 kilometr bolan Daşkent metropoliteniniň Sergeli liniýasynyň gurluşygy alnyp barylýar. Şu karara görä, täze liniýany 2020-nji ýyla çenli gurup peýdalanmaga tabşyrmak göz öňüne tutulýar. Sergeli metro liniýasy bu günki güne çenli Merkezi Aziýada ulanylmadyk bütinleý täzeçe estakada usulynda gurulýar. Ýagny bu ýol köpri şekilli edip gurulýar, otlular ýeriň üstünde hereketlenýär.

Özbegistan deňze gönüden-göni çykmak mümkinçiligi çäklendirilen 34 döwletden biri hasaplanýar. Şu sebäpli howa ýollary transporty respublikanyň ykdysadyýetinde aýratyn ähmiýete eýe. 2012-nji ýyla gelip awiakompaniýa häzirki zaman howa gämileri bilen üpjün edildi. “Özbegistan howa ýollary” awiakompaniýasy dünýäniň 25-dan artyk ýurduna perwazlary amala aşyryp, ýylyna baryp 75 müň tranzit ýönelişiniň howa hereketini dolandyrýar. Şonuň ýaly-da, awiakompaniýanyň düzüminde iş alyp barýan, soňky nesil awiasiýa tehnikalaryna tehniki hyzmat etmek we olary abatlamak boýunça Merkezi Aziýa sebitinde ýeke-täk bolan merkeziň hyzmatlaryndan 320 daşary ýurt awiakompaniýalarynyň samolýotlaryna aeronawigasiýa hyzmaty edilip başlandy. Özbegistan Milli Awiakompaniýasy Boeing – 757/767, A-320 samolýotlary, watanymyzda öndürilen Il-114–100 häzirki zaman laýnerleri, Boeing – 767–300 ER ýük daşaýjy samolýotlara eýe boldy.



Özbegistan howa laýneri

2016-njy ýylda täze nesil samolýotlary Boeing – 787 Dreamliner getirildi. Halkara perwazlar kartasyna üns bersek, Özbegistan GDA-nyň ähli iri şäherleri we dünýäniň ABŞ, Germaniýa, Beýik Britaniýa, Şweýsariýa, Hindistan, Türkiýe, Saud Arabystany, Günorta Koreýa, Singapur ýaly ellä ýakyn ýurtlary bilen gönüden-göni howa ýollary arkaly baglandy.

"Özbegistan howa ýollary" awiakom paniýasynyň düzüminde 11 sany (Daşkent, Nukus, Samarkant, Buhara, Ürgenç, Termiz, Karşy, Namangan, Andijan, Fergana, Nowaýy) häzirki zaman aeroportlar dünýä ülňüleri derejesinde modernizasiýa edildi.

2017-nji ýylda Islam Karimowyň ady dakylan Daşkent halkara aeroporty Merkezi Aziýadaky iri halkara aeroportlardan biri hasaplanýar. Buhara, Samarkant we Ürgenç aeroportlary halkara aeroport statusyny aldy.

**!** **Özüňizi synaň!**

Halkara aeroport – bu ... 2018-nji ýyl – bu ... 2016-njy ýyl – bu ...
Afrasiýab otlusy – bu ... 2012-nji ýyl – bu ... 2007-nji ýyl – bu ...



Bilelikdäki "ÖzDAEWOO" kärhanasynda öndürilen ilkinji awtomaşynlar

**Milli awtomobil gurluşygy senagatynyň düýbi tutulmagy.** 1992-nji ýylyň awgustda Daşkentde Günorta Koreýanyň "DAEWOOMotors" korporasiýasy bilen Özbegistanyň "Awtakişhojmaş" döwlet konserniniň arasynda Andijan welaýatynyň Asaka şäherinde awtomobil öndürýän "ÖzDAEWOO awto" bilelikdäki kärhanasyny gurmak barada şertnama gol çekildi. Onuň esaslandyryjylary edip "DAEWOOMotors" korporasiýasy we "Özawtosenagat" bileleşigi, her iki taraýň bilelikdäki kärhanadaky ülşi deň mukdarda 50%-den ybarat edip bellendi. Kärhana gurluşygyna öňdebaryjy tehnologiýalar, tejribeli inženerler, özbegistanly ýaşlar çekildi.

1000-den artyk özbegistanly ýaşlar Günorta Koreýa baryp “DAEWOO” kompaniýasynda işläp, awtomobil önümçiligi tejribelerini öwrenip gaýtdylar. 1996-njy ýylyň iýulynda “ÖzDAEWOOawto” bilelikdäki kärhanasy açyldy.



MAN ýük maşynlary

Bu günki günde “Özawtosenagat” AK ulgamyna girýän “GM Uzbekistan” PJ (2007-nji ýyl), “SamAuto” (Samarkant awtomobil zawody, 1999-njy ýyl), “MANAuto Uzbekistan” (2009), “GM Powertrain Uzbekistan” BK esasy önümçilik kompaniýalary iş alyp barýar. Şunuň bilen birlikde, Özbegistanyň awtomobil senagatynda ýerlileşdirmek maksatnamasyny amala aşyrmak netijeli ýola goýulmagy netijesinde “Özawtosenagat” PK düzüminde 75-den artyk kärhanalar işläp dur.

**Pikir ýörediň!**

Bu günki günde her iki maşgaladan biri diýen ýaly şahsy awtomobile eýe. Şu jümläni bu günki günde ýurtdaky giň gerimdäki özgertmeler bilen düşündirjek boluň!

Ýurdumyzyň Prezidentiniň 2017-nji ýyldaky “Daşary ýurt inwestisiýalary gatnaşmagyndaky “Uzbekistan Peugeot Citroen Automotive” kärhanasyny döretmek barada”ky kararyna görä, “Jyzzak” erkin ykdysady zonasynda “Özawtosenagat” paýdarlar kompaniýasy Fransiýanyň “Pejo Sitroen” topary

**Ýatda saklaň!**

1996-njy ýylda Andijan welaýatynyň Asaka şäherinde Merkezi Aziýa çägindäki birinji awtomobil zawody işe düşürildi. Şol ýyldan başlap birnäçe kysymdaky awtomobilleri öndürmek ýola goýuldy: 1996-njy ýyl – Damas, Tico, Nexia; 2001-nji ýyl – Matiz; 2002-nji ýyl – Nexia Donc; 2003-nji ýyl – Chevrolet Lasetti; 2004-nji ýyl – Matiz Best; 2006-njy ýyl – täzelenen Damas; 2007-nji ýyl – Chevrolet Captiva, Epica, Tacuma; 2008-nji ýyl – Nexia II; 2010-njy ýyl – Shevrolet Spark; 2012-nji ýyl – Chevrolet Malibu, Chevrolet Cobalt; 2013-nji ýyl – Lasetti II (Gentra); 2014-nji ýyl – Chevrolet Orlando. 2015-nji ýylda bolsa, “Özawtosenagat” PJ tarapyndan Malibu II, “Ravon” milli markasy astynda Nexia – 3 modeliniň tanyşdyrylyş dabarasy geçirildi.

bilen hyzmatdaşlykda “Peugeot” we “Citroyon” brendleri astynda ýolagçy we ýük daşamaga niýetlenen ýeňil täjirçilik awtomobillerini öndürmek ýola goýuldy. Ol ýerde 2019-njy ýyldan başlap her ýyl içki we daşky bazar üçin ýeňil täjirçilik awtomobillerini öndürýän kärhana gurulýar.

**Agrar özgertmeler.** Milli garaşsyzlyk ýyllarynda ýurduň hökümeti tarapyndan kabul edilen normatiw-hukuk resminamalar esasynda ýurduň oba hojalygynda agrar özgertmeler amala aşyryldy. Obada amala aşyrylýan agrar özgertmeler netijesinde ýurtda köp ukladly hojalyklar şekillendirildi. 1990-njy ýylda ilat sarp etmegi üçin zerur bolan gallanyň 82%, kartoşka, et we et önümleriniň 50%, süýt we süýt önümleriniň 60% daşardan getirilýärdi. 1991–2000-nji ýyllarda obada amala aşyrylan düýpli agrar özgertmeler Özbegistanyň oba durmuşyny täze şekile we ulgama özgerdip goýberdi. Ýurtda suw ýetmezçiligi hasaba alnyp, 1998-nji ýyldan başlap pagtaçylykda Ysraýyl tehnologiýalary esasynda damjaladyp suwarmak usuly, andijanly pagtaçylaryň başlangyjy bilen çigidi plýonkanyň aşagyna ekmek tehnoloiýasy girizildi. Şonuň ýaly-da, Özbegistan kenep, temmäki ýetişdirmek boýunça hem dünýäde öňdebaryjy orunlarda durýar. Maldarçylyk ugruny ösdürmek maksadynda Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň 1995-nji ýyldaky “Maldarçylykda hususylaşdyrmagy dowam etdirmek we hususy telekeçiligi goldamak çäreleri barada” karary kabul edildi. Netijede respublikada öndürilýän etiň we süýdüň 75%-ni hususy sektor berip başlady. Özbegistanda bazar gatnaşyklaryna geçmek şertinde fermer hojalyklarynyň döredilmegi agrar özgertmeleriň esasy mazmunyny düzýär. 1992-nji ýyl Özbegistan Respublikasy “Daýhan (fermer) hojalygy barada” kanunyň kabul edilmegi onuň deslapky basgançagyny kesgitläp berdi. 1998-nji ýylda Özbegistan Respublikasynyň “Fermer hojalyklary barada”ky kanunynyň kabul edilmegi bu ugruň doly ösmegi üçin hukuk esasy boldy.



Fermer hojalygy meýdanynda

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryndan ýurduň ýolbaşçylary azyk problemasyny öz mümkinçiliklerimiziň hasabyndan çözmek, aýratynam, däne

garaşsyzlygyny üpjün etmek meselesini gün tertibine berk wezipe edip goýdy. Ýurtda pagta agalygy ýatyryldy. Netijede azyk howpsuzlygy, galla garaşsyzlygy üpjün edildi.

Özbegistanyň oba hojalygynda ýerleriň suw üpjünçiligi we melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak boýunça 2003–2009-njy ýyllarda 801,5 müň ABŞ dollary bahasyndaky 21 taslama amala aşyryldy. Amala aşyrylan şeýle çäreler netijesinde oba hojalyk ekinleriniň hasyllylygy birneme artdy, fermer hojalyklarynyň girdejisini köpeltmek mümkinçiligi giňeldi.

Oba hojalygynda amala aşyrylýan işleriň gerimini has-da giňeltmek maksadynda bu ugurda häzirki zaman suwaryş ulgamlaryndan we energiýany tygşytlaýan tehnologiýalardan peýdalanmaga, topragyň önümliligini artdyrmaga gönükdirilen döwlet maksatnamalary işläp taýýarlanyldy.

2008–2012-nji ýyllarda ýurdumyzda suwarylýan ýerleriň melioratiw ýagdaýyny gowulandyrmak Döwlet maksatnamasynyň çäginde umumy uzynlygy 10 müň 500 kilometrden gowrak hojalyklarara we hojalygyň içindäki kollektor-drenaž pudaklarynda jemi 60 milliard soma ýakyn abatlama-dikeldiş işleri amala aşyryldy. 2008-nji ýyldan başlap ýurdumyzda baryp 1 million 500 müň gektar suwarylýan ýeriň melioratiw ýagdaýy gowulandy, ýerasty suwlary ýokary bolan meýdanlar 415 müň gektara ýa-da sähel kem 10 göterime gysgaldy, güýçli we ortaça şorlaşan meýdanlar 113 müň gektara kemeldi.

Oba hojalygynda önümçiligi modernizasiýa etmek, tehniki we tehnologik taýdan täzelemek şu ugruň pudaklarynyň netijeliligini artdyrmaga kömek edýär. 2010-njy ýylda respublikanyň ýolbaşçysynyň başlangyjy bilen Ukraina we Polşa döwletlerinden getirilen, intensiw tehnologiýalar esasynda ideg edilýän pes boýly we ýarym pes alma, armyt, garaly, çereşnýa, şetdaly nahallary, esasan Daşkent we Samarkant welaýatlarynyň fermer hojalyklarynyň meýdanlaryna ekildi. Şeýle baglary ýyldan ýyla giňeltmek, olary daýhan fermer hojalyklarynda gurmak maksadynda çäreler maksatnamasy işläp taýýarlanyldy. 2017-nji ýylyň halatyna görä, Respublikamyzyň çäginde jemi 5,5 müň gektardan artyk meýdanda ynha şeýle intensiw baglar döredilen. Häzirki wagtda ýetişdirilýän miweler, diňe bir goňşy ýurtlara däl, eýsem Ýewropa ýurtlaryna-da eksport edilýär.

***Adalgalar düşündirişi*!**

**Dotasiýa** (*lat.* — peşgeş) – mälim harajatlary örtmek üçin ykdysadyýetiň bir subýekti tarapyndan ikinjisine gaýtaryp bermezlik şerti bilen pul serişdesiniň berilmegi.

**Aeronawigasiýa** – (*lat.* — gämide ýüzmek) uçujy apparatlary degişli esbaplaryň we serişdeleriň kömeginde kesgitli ýoldan alyp barmak baradaky ylym; howa nawigasiýasy.

**Magistral** – (*lat.* — baş, esasy) esasy ýol. Gatnaw ýoly, umuman, şahalanan sistemalaryň esasy bölegi.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda Özbegistanda ykdysady ýagdaý nähilidi?
2. Özbegistanda sosial ugrukdyrylan ykdysadyýet ulgamynyň düýp esasy nämelerden ybarat?
3. Ösüşiň özbek modeli we onuň esasy prinsipleri nämelerden ybarat?
4. 2010-njy ýyldan soňky döwürde awtomobil we demir ýollary gurmakda nähili özgerişler boldy?
5. Aşakdaky jedweli dolduryň.

| T/n | Prosesiň ady | Ýyly | Ähmiýeti |
|---|---|---|---|
| 1 | Afrasiýab tiz ýöreýän otlusy işe düşdi | | |
| 2 | "ÖzDAEWOOawto"-nyň iş düşürilmegi | | |

## 6-njy tema. Ýurduň önümçilik kuwwatynyň artdyrylmagy we dünýä ykdysady ulgamyna integrirlenmegi

**Ykdysadyýeti modernizirlemek.** 2000-nji ýylda başlanan ykdysady özgertmeleriň soňky basgançagynda ykdysadyýete döwlet gatyşmagy derejesiniň peselmegi hem-de hojalyk ýörediji subýektleriň işiniň kepillerini güýçlendirmek we olara gözegçilik edýän organlaryň bikanun gatyşmagyndan goramak meselelerine esasy üns berildi. 2002-nji ýyldan başlap import ornuny tutýan önümleri öndürmek hem-de önümçiligi ýerlileşdirmek maksatnamasy amala aşyrylyp başlandy. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2008-nji ýyldaky “Ykdysadyýetiň real sektorynyň kärhanalarynyň maliýe taýdan durnuklylygyny has-da artdyrmak çäreleri barada”ky permanynda ykdysady garyp kärhanalary maliýe taýdan

sagdynlaşdyrmak, modernizirlemek, tehniki we tehnologik taýdan täzelemek prosesine täjirçilik banklarynyň serişdelerini giňrak çekmegi ýola goýmak çäreleri we bankrot kärhanalary täjirçilik banklaryna satmak ýa-da gönüden-göni balansyna bermek mehanizmi kesgitläp berildi. Şol kärhanalary modernizirlemek we durnukly ösdürmek üçin gönüden-göni inwestisiýalary çekmek maksadynda hususylaşdyrylan obýektlere nyrh bellemegiň netijeli mehanizmi girizildi.

**Telekeçileriň döwlet tarapyndan goldanmagy, olary höweslendirýän mehanizmiň döredilişi.** 2001-nji ýyldan başlap hususy telekeçiligi, aýratynam, kiçi we orta biznes kärhanalaryny ösdürmek arkaly ykdysadyýeti düzüm taýdan gaýtadan gurmak amala aşyryldy. 2000-nji ýylda kabul edilen Özbegistan Respublikasynyň “Telekeçilik işi azatlygynyň kepilleri barada”ky kanun kiçi we hususy telekeçiligiň ösmegi üçin has-da giň mümkinçilikleri açyp berdi. Bu hususylaşdyrylýan kärhananyň zähmet kollektiwine aksiýalary ýeňllikli şertler bilen satmak, täze mülkdara könelişen esasy fondlar hem-de sosial infrastruktura obýektlerini tölegsiz tabşyrmak, döwlet kärhanalarynyň emlägi, fermalary, baglary we şular ýalylary ýeňllikli şertler esasynda hususylaşdyrmak hem-de salgyt tölemekde käbir ýeňllikleri bermek ýaly ýagdaýlarda öz beýanyny tapdy. Respublikada emlägi döwlet garamagyndan çykarylan mahalynda ilat üçin güýçli durmuş taýdan kepiller döredildi we üpjün edildi.

2002-nji ýylda “Ätiýaçlandyryş işi barada”ky kanunyň kabul edilmegi we Prezidentiň permany esasynda 2002-nji ýylyň fewralyndan başlap ätiýaçlandyryş guramalarynyň 3 ýyl möhlete girdeji salgydyndan azat edilmegi ýurdumyzda ätiýaçlandyryş bazaryny has-da erkinleşdirmäge we ösdürmäge hyzmat edýär.

**Kiçi biznesiň we hususy telekeçiligiň şekillenmegi we ösüşi.** Garaşsyzlygyň gazanylmagy Özbegistany yzygiderli ösüş ýoluna gaýtmagyna mümkinçilik döretdi. “Özbek modeli” konsepsiýasy esasynda başlanan ykdysady we sosial özgertmeler respublikada telekeçiligiň ösmegine giň mümkinçilikler açyp berdi.

Kiçi biznesi we hususy telekeçiligi ösdürmek birnäçe basgançaklarda alnyp baryldy.

***Birinji basgançak – 1991–1996-njy ýyllar.*** Bu basgançakda emlägi

döwletiň garamagyndan çykarmak we hususylaşdyrmak hem-de bazar ykdysadyýetini gurmagyň esasy bolan kiçi mülkdarlar synpynyň şekillendirilmeginden başlandy. Şunuň bilen birlikde, bu basgançakda hususy telekeçiligi ösdürmek üçin amatly şertler, hususy emlägi goramagyň konstitusion hukuklaryny we kepillerini üpjün edýän kanunlar kabul edildi.

***Ikinji basgançak – 1996–2000-nji ýyllar.*** Şu basgançakda giň gerimli hususylaşdyrmak amala aşyryldy, ykdysadyýetiň ugurlaryna hususy kapitaly çekmek mümkinçilikleri giňeldi, deslapky hususy täjirçilik banklary we bankdan daşary maliýe institutlary (kredit birleşmeleri) öz işlerini başlady. 1996-njy ýylda halkara ykdysady mekanda ýüze çykan pagta krizisi onuň nyrhyny peselip gitmegine, şol bir wagtda respublikanyň ykdysadyýetine walýuta düşümini üpjün edip durýan şu çig malyň eksportyndan düşýän girdeji şu ýylyň özünde 15% gysgalmagyna sebäp boldy. Onuň üstesine, 1998–1999-njy ýyllardaky amatsyz howa şerti pagtanyň hasyllylygyna uly zyýan ýetirdi, netijede onuň eksporty 25% -e gysgaldy. Muňa jogap edip ýurduň hökümetiniň ünsi importyň ýerini tutýan önümçiligi goldamak we bu döwürde uly kynçylyk bilen tapylýan walýuta goruny saklap durmaga, ondan önümliräk peýdalanmaga gönükdirildi.

***Üçünji basgançak – 2000–2016-njy ýyllar.*** Bu basgançakda hususy telekeçiligi giň gerimde ösdürmek üçin şertleri döretmek we ony kepillendirmäge gönükdirilen ençeme hukuk-normatiw resminamalar kabul edildi. Şol sanda, 2000-nji ýylda kabul edilen “Telekeçilik işi azatlygynyň kepilleri barada”ky kanun bilen telekeçilik işiniň subýektlerini döwlet sanawyndan geçirmek mehanizmi ýönekeýleşdirildi, raýatlaryň telekeçilik işinde erkin gatnaşmagy we bähbitliligi üçin kepiller hem-de şertler döredildi, telekeçileriň ýeňllikli kredit almak üçin hukuklary pugtalandyryldy.

2008-nji ýylda dünýä maliýe-ykdysady krizisiniň erbet netijelerini aradan aýyrmak boýunça kiçi biznes subýektleriniň täjirçilik banklarynyň kredit resurslaryndan peýdalanmak mümkinçilikleri giňeldi, önümçilik bilen meşgullanýan kiçi kärhanalar üçin ýeke-täk salgyt tölegi stawkasy has-da peseldildi.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň “2011–2015-nji ýyllarda Özbegistanda ykdysady özgertmeleri has-da çuňlaşdyrmak çäreleri barada”ky we “Kiçi biznes we hususy telekeçilik ýyly” döwlet maksatnamasy

barada"ky kararlaryna laýyklykda, ykdysadyýeti has-da erkinleşdirmek we modernizirleme hem-de ýurdumyzda amatly işewürlik gurşawyny şekillendirmegiň ileri tutulýan ugurlary kesgitläp berildi.

***Dördünji basgançak – 2016-njy ýyldan başlandy.*** Prezident Şawkat Mirziýoýewiň 2016-njy ýylyň 5-nji oktýabryndaky “Telekeçilik işiniň çalt ösüşini üpjün etmäge, hususy emlägi her taraplaýyn goramaga we işewürlik gurşawyny hil taýdan gowulandyrmaga degişli goşmaça çäreler barada”ky permanyna görä, telekeçiligi has-da çalt ösdürmäge üns güýçlendirildi. 2018-nji ýylda tassyklanan “Işjeň telekeçiligi, innowasion taglymlary we tehnologiýalary goldamak ýyly” – Döwlet maksatnamasynda telekeçilik subýektleriniň maliýe-hojalyk işini barlamaga iki ýyl möhlete moratoriý (togtap durmak) yglan edildi.

**Erkin we ýörite ykdysady zonalaryň döredilmegi hem-de olaryň ähmiýeti.** 1996-njy ýylda Özbegistan Respublikasynyň “Erkin ykdysady zonalar barada”ky kanuny kabul edildi. Kanuna görä erkin ykdysady zona diýende belli bir sebiti çalt sosial-ykdysady ösdürmek üçin ýurduň we daşary ýurt kapitalyny, perspektiw tehnologiýa we dolandyryş tejribesini çekmek maksadynda düzülýän, anyk belgilenen administratiw araçäkleri we aýratyn hukuk tertibi bolan ýörite bölünen çäk düşünilýär. Prezidentimiziň 2008-nji ýyl “Nowaýy welaýatynda erkin industrial-ykdysady zona döretmek barada”ky permany esasynda “Nowaýy” halkara intermodal logistika merkezi guruldy. 2013-nji ýyldaky Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň “Jyzzak” ýörite industrial zonasyny gurmak barada”ky we “Angren” ýörite industrial zonasyny gurmak barada”ky permanlary kabul edildi. Şu permanlar bäsleşip bilýän önüm öndürmegi üpjün edýän häzirki zaman, ýokary tehnologiýaly önümçiligi guramak üçin daşary ýurt we ýerli inwestisiýalary çekmek, bu babatda amatly şertleri şekillendirmäge, önümçilik we resurs mümkinçiliklerinden netijeli peýdalanmak, täze iş

**Ýatda saklaň!**

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 2-nji sentýabryndaky kararyna görä, Özbegistanda 5-nji sentýabrdan başlap ýuridik we fiziki şahslar daşary ýurt walýutasyny hiç hili çäklendirilmesiz çalşyryp başlady. Bu somy konwertirlemek babatda örän möhüm ädim boldy.

**Pikir ýöretme!**

Telekeçilik ugrundaky islendik päsgelçilikleri alyp taşlamak döwlet ýolbaşçysy hökmünde meniň iň uly wezipämdir. Telekeçinň ýoluna böwet bolmak döwlete hyýanat hökmünde garalýar.

*Şawkat Mirziýoýew*. 2017-nji ýyl 7-nji dekabr.

ýerlerini döretmek we ilatyň girdejilerini artdyrmaga hyzmat etmegi nazarda tutulan.

Ykdysady zonalar girizilýän inwestisiýanyň mukdaryndan gelip çykmak bilen 3 ýyldan 7 ýyla çenli möhlete gümrük we salgyt tölegleriden boşadylýar. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2016-njy ýylyň oktýabryndaky "Urgut", "Gijduwan", "Kokant" we "Hazarasp" erkin ykdysady zonalaryny döretmek barada"ky 2017-nji ýyldaky "Erkin ykdysady zonalaryň işini işjeňleşdirmäge we giňeltmäge degişli goşmaça çäreler barada"ky permanlary esasynda, bu günki günde (2018) ýurdumyzda 10 çäkde 14 sany erkin ykdysady zona iş alyp barýar. "Nowaýy", "Angren", "Jyzzak", "Urgut", "Gijduwan", "Kokant" we "Hazarasp" erkin ykdysady zonalarynda 62 taslama amala aşyrylan, 4 müň 600-den artyk iş orny döredilen. Farmasewtika ugruna ýöriteleşen "Nukus-farm", "Zomin-farm", "Kasansaý-farm", "Syrderýa-farm", "Baýsun-farm", "Bostanlyk-farm", "Parkent-farm" ýaly 7 täze kärhanany gurup ulanmaga bermek işleri yzygiderli alnyp barylýar. Prezidentiň 2016-njy ýyldaky permanyna görä "Nowaýy" erkin industrial-ykdysady zonasy, "Angren" we "Jyzzak" ýörite industrial zonalarynyň adyny birmeňzeş etmek maksadynda olar mundan beýläk "Nowaýy", "Angren" we "Jyzzak" erkin ykdysady zonalary diýilýän boldy.

**Salgyt ulgamy**. 1991-nji ýylyň awgustynda Özbegistanda iň döwrebap şekilde, täze tipdäki salgyt ulgamy emele geldi. Özbegistanyň salgyt organlary 1991-nji ýylda kabul edilen "Kärhanalardan, birleşmelerden we guramalardan alynýan salgytlar barada"ky kanun, 2008-nji ýylda täze redaksiýada kabul edilen "Özbegistan Respublikasynyň salgyt kodeksi" esasynda iş ýöredilýär.

Lukmançylyk, tälim we sport obýektlerini saklamak harajatlary kärhanalaryň salgyda çekilýän bazasyndan çykarylyp, söwdada öň tölenip gelnen üç

tölegiň ýerine bolsa ýeke-täk salgyt tölegi girizildi. Ösen döwletleriň tejribesi esasynda raýatlaryň ýyllyk girdejilerini Deklarasiýa etmek tertibi girizildi.

2008-nji ýyldan soňky döwürde-de ýurdumyzda kiçi biznes we hususy telekeçilik ugry hem durnukly ösdi. Hojalyk ýörediji subýektleriň salgyt ýüküni has-da kemeltmek, mikrofirma we kiçi kärhanalar üçin ýeke-täk salgyt töleginiň 10 göterimden 8 göterime, 2009-njy ýylda 7 göterime, soňluk bilen şu görkezijini 5 göterime düşürilmegi, fiziki şahslardan alynýan girdeji salgydynyň stawkalarynyň kemeldilmegi we şol bir wagtda ony hasaplamagyň tertipleriniň kämilleşdirilmegi telekeçilik, kiçi we hususy biznesi yzygiderli ösdürmek üçin höweslendiriji faktorlary döretdi.

2017–2021-nji ýyllarda Özbegistan Respublikasyny ösdürmegiň ileri tutulýan bäş ugry boýunça Hereketler strategiýasynda bellenen, salgyt salmak ulgamyny yzygiderlilik bilen ýönekeýleşdirmek, salgyt salynýan bazany giňeltmek arkaly salgyt ýüküni peseltmek ýaly wezipeler bellenen. Şu wezipeleri ýerine ýetirmek boýunça, şonuň ýaly-da, salgyt administrirlemesiniň häzirki zaman usullaryny girizmek, salgytlar we başga mejbury

***<u>Adalgalar düşündirişi!</u>***

**Erkin ykdysady zona** – bu zonalarda bazar ykdysadyýetiniň açyk ulgamy döredilýär. Daşary ýurtly we milli telekeçiler üçin amatly, ýeňillikli şertler döredilýär.

**Mahsus ykdysady zona** – bular aýratyn derejä eýe bolýarlar. Ýörite ýeňillikler we eglişikler esasynda söwda, paç mümkinçilikleri berilýär.

**Erkin industrial-ykdysady zona** – bu zonalarda kärhanalaryň işini çaltlandyrmak, senagaty modernizirlemek, içerki bazary harytlar bilen doldurmak, eksport-importy giňeltmek amala aşyrylýar.

**Mahsus industrial zona** – bu zonalar täze tehnologiýalary özleşdirmek, aýratyn ugurdaky senagaty ösdürmek, çägiň özboluşly sosial mümkinçiliklerini hasaba almak bilen ýörite senagat önümlerini öndürmek ýola goýulýar.

**Logistika** – (*grek.* logistike – hasaplamak, ara alyp maslahatlaşmak sungaty) adam işiniň ol ýa-da bu ugruny maddy-tehniki üpjün etmegi dolandyryş ulgamy.

**Konwertasiýa** – (*lat.* conwertatio – üýtgetmek, aýlamak) Milli walýutanyň amaldaky kurs boýunça başga daşary ýurt walýutalaryna erkin we çäklendirilmedik mukdarda çalyşylmagy.

tölegler ýygnalyjylygyny artdyrmak maksadynda 2017-nji ýylyň 18-nji iýulynda Prezidentiň “Salgyt administrirlemesini düýpgöter kämilleşdirmek, salgytlaryň we başga mejbury tölegleriň ýygnalyjylygyny artdyrmak çäreleri barada”ky permany kabul edildi. 2018-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap, salgyt organlary we halal salgyt töleýjileriň arasynda olara häzirki salgyt salmak meselelerini çözmekde her taraplaýyn kömekleşmek bilen giňeldilen informasiýa çalşygyny üpjün edýän salgyt gözegçiliginiň häzirki zaman şekili – salgyt monitoringini girizmek bellendi.

?

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. 2017-nji ýylda ýurdumyzda walýuta ugrunda nähili özgerişler boldy?
2. Özbegistanda hususylaşdyrmak prosesleri we mülkdarlar synpynyň şekillenmegi babatda döwlet tarapyndan amala aşyrylan syýasata baha beriň.
3. Özbegistanda oba hojalygyna degişli özgertmelerdäki üstünlikler we problemalar nämelerden ybarat?
4. Ýurduň ykdysady ösüşinde transport ulgamy, demir ýollar we howa ýollarynyň ähmiýeti barada pikir bildiriň.
5. Ykdysady ösüşde daşary ýurt inwestisiýasyny çekmek syýasatynyň ähmiýetini düşündiriň.
6. Erkin ykdysady zona diýende nämäni düşünýärsiňiz?

## 7-nji tema. Sosial syýasat we ony amala aşyrmagyň basgançaklary

**Garaşsyzlygyň öňüsyrasyndaky sosial-ykdysady we demografik ýagdaý.** XX asyrda 70 ýyldan köpräk wagt höküm süren, dünýä kartasynda “Sowet Sosialistik Respublikalar Soýuzy” diýen at bilen uly çägi eýelän, administratiw-buýrukberijilik ulgamyna esaslanan iri ýurtdaky dogry bolmadyk, netijesiz sosial-ykdysady syýasat 1980-nji ýyllaryň ahyryna gelip ähli Soýuzdaş respublikalarda bolşy ýaly Özbegistanyň ilatynyň hem ýaşaýyş şertlerini agyrlaşdyryp, ony köp problemalaryň gysajyna salyp goýdy. Bu problemalaryň ählisi 1980-nji ýyllaryň ahyry, 1990-njy ýyllaryň başlarynda Özbegistanda sosial dartgynlygyň güýçlenmegine sebäp boldy. Hususan-da, respublikada demografik ýagdaý çylşyrymlaşdy.

Ýöne, ilatyň şeýle artmagy uzak ýyllaryň dowamynda senagatyň we ykdysadyýetiň başga pudaklarynda iş ýerlerini köpeltmek hem-de ilatyň

**Ýatda saklaň!**

Bu döwürde ilatyň ortaça ýyllyk ösüş depgini 2,8 göterimi düzüpdi. 1991-nji ýyla gelip ýurtda ilat sany 20,7 million adamdan geçip, 1990-njy ýyla görä 386,0 müň adama ösüpdi. Bu bolsa Özbegistanda ilatyň ösüş depginleri Soýuz depginlerine garanda üç esseden artyk ýokary bolandygyny görkezýär.

ýaşaýyş üpjünçiligi üçin zerur şertleri döretmek bilen berkidilip barylmady. Bu bolsa adamlaryň durmuş şertiniň agyrlaşmagyna, işsizler sanynyň köpelmegine, jemgyýetçilik zähmet önümliligi we ilatyň girdejileriniň kemelmegine, ahyrky netijede halk abadançylygynyň peselmegine getirdi. Respublikadaky sosial ýagdaý, adamlaryň sosial üpjünçiligi we olary durmuş taýdan goramak kanagatlanarsyz derejededi. Aýratynam, oba ilatynyň agyz suwy we tebigy gaz bilen üpjün edilişi bary-ýogy 5 göterimi, süýji suw bilen üpjün edilişi sähel kem 50 göterimi, tebigy gaz bilen üpjün edilişi 17 göterimi düzýärdi. Ilaty ýaşaýyş jaýy, saglygy goraýyş, medeniýet, gündelik hyzmat obýektleri, mekdepler, çagalar baglary we başgalar bilen üpjün etmek işlerinde ilerlemeler duýulmady. Çünki, ilatyň aglaba bölegi oba ýerlerinde ýaşaýardy.

Ýokarda agzalan halatlar Özbegistanyň ilatynyň girdejileriniň we durmuş derejesiniň ýiti peselmegine getirdi.

**Ýatda saklaň!**

2018-nji ýylyň 1-nji ýanwar halatyna görä Özbegistanyň ilaty 32,65 million adamy düzýär. Bu 2017-nji ýyla görä 1,7 %-e artan. Şol sanda, şäher ilaty sany jemi ilatyň 50,6 %-ni, oba ilaty 49,4 %-ni düzýär. Ilat sany 3 million adamdan geçýän çäkler 4 sany bolup, olar Samarkant, Fergana, Kaşgaderýa we Andijan welaýatlary hasaplanýar. Özbegistanda Orta Aziýadaky jemi ilatyň 1/3 böleginden köprägi ýaşaýar.

Sosial infrastruktura pudaklary: saglygy goraýyş, halk tälimi, mekdebe çenli çagalar edaralary örän agyr ýagdaýda bolup, mekdepleriň we keselhanalaryň 60 göterimi ýaramsyz binalarda ýerleşdirilipdi. Bu bolsa şol döwürde adamyň her taraplaýyn uýgun kämilleşmegi, onuň şahs hökmünde ruhy ösüşi beýlede dursun, köplenç ýaşamak üçin gerek bolan iň ýönekeý zatlar hem ýetişmändigini görkezýär.

**Ýatda saklaň!**

Ilaty durmuş taýdan goramak çäreleri ulgamyndaky iň esasy ýöneliş – bu nyrhlaryň erkinleşdirilmegi we puluň hümmetsizleniş derejesiniň barha artmagy mynasybetli girdejileriň iň az we ortaça derejesini dogry artdyryp barmagy hasaplanýar.

**Sosial syýasat konsepsiýasynyň şekillenmegi.** Ilatyň durmuş taýdan goragyny üpjün etmek döwlet syýasatynyň baş ugry hasaplanýar. Islam Karimow tarapyndan işläp taýýarlanan bäş prinsipiň möhüm bölegi ilaty durmuş taýdan goramakdygy hem şunuň bilen baglydyr. Özbegistanyň hökümeti ine şol bäş prinsip esasynda geçiş döwründe ilaty durmuş taýdan goramak boýunça zerur çäreleri gördi. Bu çäreler adamlaryň durmuş derejesini ýiti peselip gitmeginiň öňüni almakda möhüm rol oýnaýar.

Ýurtda sosial ugrukdyrylan bazar ykdysadyýetini gurmakda döwlet tarapyndan güýçli durmuş taýdan goramak syýasaty alnyp baryldy. Sosial syýasat Özbegistanyň öz gelejeginiň we ösüş ýolunyň öňdebaryjy prinsiplerinden biri hasaplanýar. Respublikada durmuş taýdan goramagyň hukuk gurşawy döredildi, ol kanuny esaslandyryldy. Durmuş taýdan goramak prinsipleri Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda kepillendirilip, kabul edilen kanunlarda öz beýanyny tapdy. Ýurtda girdeji almagyň kepillendirilenligi amala aşyryldy.

Iň az iş haky we başga tölegler adatda, öňünden köpeldilip gelindi, nyrhlaryň üýtgemegi bilen baglylykda alnyp baryldy, bu bolsa ilatyň töleg ukybynyň saklanyp galmagyny üpjün etdi we durmuş derejesiniň ýiti peselip gitmegine ýol bermedi.

Ilaty durmuş taýdan goramagyň ikinji ugry – içki sarp ediş bazaryny goramak hem-de azyk önümleriniň we azyk däl harytlaryň esasy görnüşleriniň sarp edilişini belli bir derejede saklap durmak boldy. Muny gazanmakda möhümi önümleriň eksportyny gümrük ulgamy arkaly gözegçilik etmek we olara ýokary paç tölegleri girizmek, gündelik zerur harytlary normalanan ýagdaýda satmagy ýola goýmak ýaly çäreler uly ähmiýete eýe boldy.

Ykdysady özgertmeleriň ilkinji basgançagynda sosial syýasaty amala aşyrmagyň üçünji ugry – ilatyň kem üpjün edilen gatlaklaryny durmuş taýdan goramak we goldamak barasynda çäreler geçirilenligi boldy. Bu ugurda ilatyň durmuş taýdan garyp gatlaklary – pensionerler, maýyplar,

köp çagaly we az girdejili maşgalalar, işsizler, okuwçy ýaşlar hemde bellenen mukdarda girdeji alýan adamlar dürli ýollar bilen goralyp baryldy.

1992–2017-nji ýyllaryň dowamynda iş hakynyň we pensiýalaryň, ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň, aspirantlarynyň, doktorantlarynyň stipendiýalarynyň mukdary birnäçe esse artdyryldy. Pensionerleriň durmuş ýagdaýyny hasaba alyp, iň az pensiýanyň üýtgewsiz mukdary iş hakynyň iň az mukdaryndan ýokarrak bolmagy üznüksiz üpjün edilip gelindi. Bu ýol sosial adolat prinsiplerine laýyk gelýärdi.

1994-nji ýyla gelip, Özbegistanda ilaty durmuş taýdan goramak ulgamy düýpgöter özgerdildi. Sosial kömek bermegiň düýpgöter täze öňdebaryjy ulgamy şekillendirildi. Bu ulgamyň düýp esasy şundan ybarat, ýagny çagalar we az girdejili maşgalalar bu kömekden peýdalanýan esasy adamlara öwrüldiler.

1994-nji ýylyň sentýabryndan başlap, ähli çagaly maşgalalar üçin ýeke-täk töleg girizildi. Şeýle kömek adamlara ýakyn durýan mähelle raýatlar ýygnaklarynda amala aşyrylýan boldy.

1996-njy ýylyň dekabrynda çagaly maşgalalara sosial kömek berilmegini güýçlendirmek, ilaty sosial goramak babatdaky çäreleri amala aşyrmakda raýatlaryň öz-özüni dolandyryş organlarynyň roluny we jogapkärçiligini artdyrmak maksadynda “Çagaly maşgalalary döwlet tarapyndan goldamagy has-da güýçlendirmek barada” ýene bir möhüm perman kabul edildi. Onda 1997-nji ýyldan başlap kömege mätäç, çagaly maşgalalara çagalaryň sanyna garap, iň az iş hakynyň 50 göteriminden başlap 175 göterimine çenli tölegler

**Özbaşdak iş.**

Aşakdaky maglumat esasynda, goşmaça edebiýatlardan peýdalanmak bilen kiçi esse ýazyň!

1996-njy ýyldan başlap 16 ýaşa çenli çagalary bolan ähli maşgalalara berilýän her aýlyk tölegler köpeldilip, bu tölegler çagalaryň sanyna garap aşakdaky mukdarda bellendi: bir çagaly maşgalalara – iň az iş hakynyň 30%; iki çagaly maşgalalara – iň az iş hakynyň 60%; üç çagaly maşgalalara – iň az iş hakynyň 80%; dört çagaly maşgalalara – iň az iş hakynyň 100%; bäş we ondan köpräk çagaly maşgalalara – iň az iş hakynyň 120%.

berilýän boldy. Maýyp çagalary sagdynlaşdyrmak maksadynda Saglygy goraýyş ministrligi, “Sagdyn nesil üçin” gaznasynyň başlangyjy bilen, daşary ýurt hyzmatdaşlary çekmek bilen, dogabitdi nogsanlary bar bolan çagalary çylşyrymly hirurgik ýoly bilen bejermek işleri amala aşyryldy.

**Ýatda saklaň!**

1997-nji ýyldan başlap, her ýyl 1-nji synp okuwçylaryna mugt okuw enjamlary, derslikleri bermek girizildi, kem üpjün edilen maşgalalaryň başlangyç synplarda okaýan çagalaryna mugt gyşky yssy geýimleri bermek ýola goýuldy.

**Garrylary goramak**. Ýurdumyzda ilatyň mätäç bölegini, şol sanda, ýalňyz garrylary, pensionerleri we maýyplary sosial-goramagy has-da güýçlendirmäge aýratyn üns berilýär. Hususan-da, 2005-nji ýyl – “Saglyk ýylynda” 2 müňe ýakyn ýalňyz nurananyň ýaşaýyş jaýy abatlandy, kem üpjün edilen maşgalalara we garry raýatlara maddy kömekler berildi.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2006-njy ýyldaky “2007–2010-njy ýyllarda ýalňyz garrylary, pensionerleri we maýyplary anyk sosial goramak we olara sosial hyzmat etmegi has-da güýçlendirmek çäreleri maksatnamasy barada”ky kararyna görä, “Nurany” gaznasynyň hasabyndan, ilatyň sosial goraga mätäç gatlaklaryna, weteranlylary bejeriji mesgenlerine, “Sahawat” we “Muruwwet” öýlerine däri-derman serişdeleri berildi. Özbegistan Respublikasynyň Zähmet we ilaty sosial goramak hem-de Saglygy goraýyş ministrlikleriniň ýerlerdäki bölümleri bilen hyzmatdaşlykda nuranylar doly dispanser gözegçiliginden geçirildi.

Daşkent şäherinde weteranlarymyza ähli amatlyliklara eýe 150 orunly “Nurany” şypahanasy hyzmat edýär. Welaýat şypahanalarynyň ýanyndaky keselhanalarda gaznanyň welaýat bölümleri hem-de ýerli häkimlikleriň amaly kömegi sebäpli guralan ýalňyz garrylary we maýyplary mugt bejerýän “Nuranylar otaglary” iş alyp barýar. Respublikamyzdaky ähli “Sahawat” we “Muruwwet”, “Mähribanlyk” öýleri hem-de ýörite mekdep-internatlara howandarlar tarapyndan her ýyl maddy kömek berip barylýar. 2015-nji ýylda-da Garrylaryň ýaşaýyş derejesini we hilini has-da gowulandyrmak, olary maddy we ruhy goldamak gerimini giňeltmek, ýaşy uly ynsanlara, aýratynam, 1941–1945-nji ýyllardaky uruş we zähmet frontunyň weteran-

laryna sosial, pensiýa üpjünçiligi we lukmançylyk hyzmat etmegi kämilleşdirmek maksadynda, 2015-nji ýyl – “Garrylary hormatlama ýyly” diýlip yglan edildi. Her ýyl uruş gatnaşyjylary we front arkasynda zähmet çekenlere tölegsiz lukmançylyk hyzmat edilýär, olar sanatoriýlerde we kurortlarda bejerilýärler, başga zerur serişdeler bilen üpjün edilýärler.

**Ýatda saklaň!**

Her ýyl 9-njy maý «Hatyra we hormatlama güni» mynasybetli uruş gatnaýjylary sylaglanýar. Hususan-da, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 4-nji aprelindäki permanyna görä, Ikinji jahan urşuna gatnaşanlary 2 mln. somdan sylaglandylar. Uruş gatnaşyjylarynyň käbirlerine doly enjamlaşdyrylan öýler, Haj zyýaratyna tölegsiz barmak we nobatsyz awtomobil satyn almak ýeňllikleri berildi.

Ýurdumyzda 2007-nji ýylyň “Durmuş taýdan goramak ýyly” diýlip yglan edilmegi ilaty sosial goramagy üpjün etmek, onuň durmuş we abadançylyk derejesini yzygiderli artdyrmaga gönükdirilen giň gerimli döwlet syýasatynyň amaly beýany boldy. Şu manyda, 2007-nji ýyl mätäç maşgalalara döwlet tarapyndan sosial kömek bermek mehanizmlerini amala aşyrmakda raýatlaryň öz-özüni dolandyryş organlary amal edilmeli bolan esasy prinsipler has-da kämilleşdirildi.

**Eneleriň we çagalaryň saglygynyň goragy**. Respublikada eneler we çagalar saglygyny goramaga uly üns berilýär. “Çagalykdan maýyp dogulmagyň öňüni almak üçin täze doglan bäbekleri hemde göwreli aýallarda dogabitdi we başga patalogiýany öňünden anyklamak boýunça “Ene we çaga skriningi” Döwlet ulgamyny döretmek barada” Ministrler Kabinetiniň ýörite karary kabul edilenligi bu ugruň ösüşine saldamly goşant goşdy.



Çagalary lukmançylyk gözden geçiriş

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň iýulynda “2009–2013-nji ýyllarda ilatyň reproduktiw saglygyny berkitmek, sagdyn

2015-nji ýyla gelip dünýä saglygy goraýyş guramasynyň maglumatyna görä, Özbegistanda dogulýan çagalaryň 92 göterimi doly sagdyn. «Çagalary aýawlalyň» halkara guramasy tarapyndan düzülen dünýä reýtinginde Özbegistan çagalaryň saglygyny berkitmek babatda uly gamhorlyk edýän iň öňdebaryjy on ýurduň hataryna girdi.

çaga dogulmagy, fiziki we ruhy kämil nesli kemala getirmek baradaky işleri has-da güýçlendirmek we netijeliligini artdyrmak çäreleri maksatnamasy barada” karary kabul edildi. Şu karara görä, saglygy goraýyş ugruny özgertmek we şu ugurda hil özgerişlerini amala aşyrmagy üpjün etmek boýunça işler dowam etdirildi. Çagalary ýokanç kesellere garşy sançmak derejesi beryp 100 göterimi düzdi.

Ähli welaýatlaryň merkezlerinde ulular we çagalar üçin köp pudakly lukmançylyk merkezleri, her bir tümende iň döwrebap medisina gural-enjamlary bilen enjamlaşdyrylan oba wraçlyk punktlary işi ýola goýuldy. Bu günki günde respublikamyzda 3000-e ýakyn Oba wraçlyk punkty (OWP) iş alyp barýar.

2016-njy ýyl Özbegistanda “Sagdyn ene we sagdyn çaga ýyly” diýlip yglan edildi. 2016-njy ýylda çet oba tümenlerinde ýaşaýan ilat, birinji nobatda, aýal-gyzlar üçin zerur sosial, gündelik we lukmançylyk şertleri döretmek, oba ilatyny arassa agyz suwy, tebigy gaz bilen üpjün etmek, hyzmat etmegiň hilini has-da artdyrmak boýunça işler yzygiderli dowam etdirildi.

Geçen ýyllaryň dowamynda ýurdumyzda ilatyň ortaça ömür görmek derejesi-de duýarly ýagdaýda artýar. Bu babatdaky umumy görkeziji 1990-njy ýylda 67 ýaşy düzýän bolsa, 2015-nji ýylda 74 ýaşa ýetdi. Şol sanda, erkekleriň arasyndaky ortaça ömür görmek 66 ýaşdan 70 ýaşa, aýallaryň arasynda bolsa 72 ýaşdan 76 ýaşa uzalandygy adamlaryň saglygyny goramaga we durmuş şertini gowulandyrmaga gönükdirilen çäreleriň anyk we aýdyň netijesi hökmünde bahalamak ýerlikli bolýar.

**Özüňizi synaň!**

Ortaça ömür ýaşy – bu .... Garrylary hormatlama ýyly – bu ...

Durmuş taýdan goramak ýyly – bu ... Sagdyn ene we çaga ýyly – bu ...

**Ýaşaýyş jaý gurluşygy**. Garaşsyzlygyň öňýanynda, entek sütemkär gurluş höküm sürýän bir wagtda, Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti Islam Karimow uly edermenlik bilen ilaty jaýly etmek meselesiniň çözüwini tapdy. Netijede 1989–1990-njy ýyllarda bir ýarym milliondan köpräk maşgala goşmaça ýer bölüp berildi, 700 müň maşgala mellek ýerleri berildi. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2009-njy ýylyň 3-nji awgustyndaky "Oba ýerlerinde ýaşaýyş jaý gurluşygynyň gerimini giňeltmäge degişli goşmaça çäreler barada"ky karary bilen başlanan oba infrastrukturasyny täzelemäge gönükdirilen gurluşyk işleri bu gün obalarymyzyň keşbini häzirki zaman arhitektura esasynda düýpgöter üýtgetmäge hyzmat edýär. Hususan-da, 2009–2016-ýyllarda oba ýerlerinde 69.557 şany owadan nusgalyk ýaşaýyş jaýy guruldy. Netijede 83,5 müňden artyk maşgalanyň ýaşaýyş şerti gowulandy. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň 2016-njy ýylyň 21-nji oktýabryndaky "2017–2021-nji ýyllarda oba ýerlerinde täzelenen nusgalyk taslamalar boýunça elýe-terli ýaşaýyş jaýlaryny gurmak maksatnamasy barada"ky karary şu ugurdaky giň gerimli özgertmeleriň mantyky dowamy bolup, oba gurluşygynda täze basgançagy başlap berdi. Şol bir wagtda oba ilatynyň häzirki zaman we elýeterli öýlere barha artýan zerurlyklaryndan gelip çykyp, ýeňllikli kredit bermegiň ýokary derejedäki şertleri girizildi.



Nusgalyk ýaşaýyş jaýlary



Elýeterli ýaşaýyş jaýlary



Köp gatly ýaşaýyş jaýlary

Şonuň ýaly-da, energiýany tygşytlaýan materiallaryň we gural-enjamlaryň täze görnüşlerinden peýdalanmagyň has-da giňeldilmegi gurulýan öýleriň özüne düşýän gymmaty peselmegi hem-de ilatyň ähli gatlaklary üçin makul nyrhlaryň bellenilmegine hyzmat etdi. Karara görä, oba ýerlerinde bar nusgalyk taslamalara goşmaça ýagdaýda iki, üç gatly (2, 3 otagly) ýaşaýyş jaýlary guruldy. Şonuň ýaly-da ilat gür ýerleşýän tümenlerde meýdany 0,02 gektar bolan bir gatly 2 we 3 otagly, meýdany 0,04 gektar bolan ýer uçastoklarynda ýerleşdirilýän iki gatly 4 otagly birleşdirilen elýeterli öýleriň täze nusgalary girizildi.

Mundan daşary, 2017-nji ýyldan başlap ýurduň paýtagtynda we welaýatlarda ýaşaýyş jaýa eýe bolmadyklar, harby gullukçylar, ýaş alymlar we içeri işler işgärleri üçin elýeterli öýler gurlup, eýelerine tabşyrylýar.

***Adalgalar düşündirişi*!**

**Skrining** – (*iňl.* – seçip almak) ýörite usullaryň kömeginde keseli ir we tiz anyklamak üçin ilaty köpçülikleýin barlagdan geçirmek.

**Infrastruktura** – önümçilige hyzmat edýän we jemgyýetçilik durmuşy üçin zerur bolan normatiw şerti üpjün etmäge hyzmat edýän dürli-dürli kömekçi hyzmat edýän ugurlar toplumy.

?

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. “Çagalary aýawlalyň” guramasynyň reýtinginde Özbegistan nähili orna eýe boldy?
2. Internet maglumatlaryndan peýdalanmak bilen, bu günki günde ýaşaýyş jaýlarynyň nähili görnüşleri bardygyny aýdyň.
3. Garrylary hormatlama babatda 2017-nji ýylyň özünde amala aşyrylan esasy çäräni sanap beriň.
4. Aşakdaky jedweli dolduryň.

| T/n. | Çagalar goragy | Garrylar goragy | Eneler goragy |
|---|---|---|---|
| | | | |

# IV BAP. ÖZBEGISTANDA ETNIK WE KONFESSIÝALARARA GATNAŞYKLAR

## 8-nji tema. Özbegistanda milletara gatnaşyklar we bagrygiňlik

**Milletara agzybirlik taglymy.** Milletara agzybirlik taglymy Ýer ýüzünde ýaşaýan ähli etnik toparlaryň deň hukuklylyk, özara hormat we hyzmatdaşlyk esasynda parahat-asuda ýaşamak taglymydyr. Milletara agzybirlik taglymy parahatçylyk we berkararlyk taglymydyr. Ol ähli milletleriň we halkyýetleriň dili, urp-adaty, däpleri, baýramlarynyň ösüşini talap edýär. Milletçilik, faşizm, milli we etnik görnüşdäki uruşlara garşy duryan ýeke-täk medeni taglymdyr. Aýratynam, bu gün neofaşizm baş galdyrýan siwilizasiýalarara çaknyşmalar ýüze çykýan şertde milletara agzybirlik taglymy derwaýys ähmiýete eýe.

**Ýatda saklaň!**

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 8-nji maddasynda «Özbegistan halkyny, milletine seretmezden Özbegistan Respublikasynyň raýatlary düzýär», diýen möhüm kada bellenip goýlan.

Bu gün Özbegistanda 138 milli-medeni merkezler milletara agzybirlik taglymyny durmuşa geçirýärler.

Ruslaryň “Maslennisa”, tatarlaryň “Sabantoý”, uýgurlaryň “Seýil” baýramlary, hytaýlylaryň “Çunuze” täze ýyly, koreýsleriň “Soller” we “Owol – tano” baýramlary bellenilýär. Her ýyl respublikamyzyň möçberinde “Biz ýeke-täk maşgala perzentleridiris”, “Watan ýeke-täkdir, Watan ýekedir”, “Özbegistan umumy öýümiz” şygary astyndaky festiwallar geçirilýär.

**Özbegistanda milletara gatnaşyklar**. Özbegistanyň çäginde öz medeniýetine we öz däplerine eýe bolan 130-dan artyk millet we halkyýet wekilleri ýaşaýar. Olar hem ýurduň ähli raýatlary ýaly birmeňzeş hukuklara we borçlara eýe.


Ýurdumyzdaky dürli millet wekilleri

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 4-nji maddasynda görkezilişi ýaly, Özbegistan Respublikasy öz çäginde ýaşaýan ähli millet we halkyýetleriň dilleriniň, urp-adat-

larynyň we däpleriniň hormat edilmegini üpjün edýär, olaryň ösmegi üçin şert döredýär.

Köpmilletli ýurduň syýasatynyň esasy maksady milletara agzybirligi we dini bagrygiňligi şekillendirmek bolmalydyr. Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap milli syýasatyň özboluşly ýoly işlenip taýýarlanylyp, hut şu syýasat milli bagrygiňligiň durnukly ösüşine esas döretdi.

**Ýatda saklaň!**

Özbegistanyň ilatynyň 80 % -ini özbekler, 4,9 %-ini täjikler, 3,8 %-ini ruslar, 3,6 % -ini gazaklar we 7,7 % -ini başga dürli milletlere degişli adamlar düzýär.

Özbegistanda ýaşaýan dürli millet wekilleriniň medeni zerurlyklaryny kanagatlandyrmak üçin milli-medeni merkezleri (MMM) iş ýöredýär. Ilkinji milli-medeni merkezler koreýsler, gazaklar, musaýylar, ermenler tarapyndan respublikanyň welaýatlarynda 1989-njy ýylda döredildi. Bu merkezleriň çynlakaý ösmegi we rowaçlanmagy Özbegistan garaşsyzlyk gazanandan soň başlandy. Bu döwürde olaryň netijeli iş alyp barmagy üçin giň mümkinçilikler döredildi. Netijede olaryň sany ýyl saýyn barha artýar.

**Ýatda saklaň!**

Eger 1992-nji ýylda 10 milli-medeni merkezler iş alyp baran bolsa, häzirki güne gelip bolsa, ýurtda 138 sany milli-medeni merkezler iş alyp barýarlar.

Özbegistan Respublikasynda ýaşaýan dürli millet wekillerini respublika sosial, ruhy-medeni durmuşynda işjeň gatnaşmagyny üpjün etmek milli-medeni merkezleriň işiniň möhüm ýönelişlerinden biridir. Şonuň ýaly-da, daşary ýurtlardaky deňdeş guramalar bilen dostluk, hyzmatdaşlyk, medeni-magaryf aragatnaşyklaryny ýola goýmak we arkadaşlyk aragatnaşyklaryny ösdürmek, dürli döwletler we jemgyýetçilik guramalary hem-de döredijilik birleşmeleri bilen hyzmatdaşlykda ýurtda raýatlaryň raýdaşlygyny we milletara agzybirligi berkitmäge kömekleşmek milli medeniýet merkezleriň, hususan-da, Respublikan Baýnalmilal(Internasional) medeniýet merkeziniň esasy wezipeleridir. 1992-nji ýylda döredilen Respublikan Baýnalmilal medeniýet merkezi bolsa şu milli medeniýet merkezleriň işini laýyklaşdyryp, olara guramaçylyk we usuly kömek berip geldi.

Baýnalmilal merkez tarapyndan her ýyl iki gezek dil baýramy geçirilip gelinýär. Bular – ÝuNESKO Baş konferensiýasynyň 30-njy sessiýasynda (1999-njy ýyl) 21-nji fewral – Halkara ene dili güni diýlip yglan edilen we 2000-nji ýyldan 195 agza döwletlerde bellenip gelinýän “Halkara ene dili güni” hem-de Özbek diline Döwlet dili derejesi berlen gün hasaplanýar. Şol mynasybetli her ýyl adaty ýagdaýda özbek dili boýunça oratorlyk sungaty bäsleşigi geçirilýär.

**Özüňizi synaň!**

Halkara ene dili güni – …

Baýnalmilal merkezi – bu …

Özbegistanyň ilaty – bu …

Milletara agzybirlik – bu …

**Özbegistan – bagrygiň diýar**. Taryhdan mälim bolşy ýaly, özbek halky başyndan geçiren agyr gadagan ýyllary we ikinji jahan urşy ýyllarynda köp sütemlere ýüzbe-ýüz bolan koreýsler, nemesler, türkler, polýaklar, grekler, krym-tatar we başga millet wekilleri Özbegistany Watan edindiler. Olaryň häzirki nesilleri üçin bolsa Özbegistan ata Watana öwrüldi. Çünki, olar şu ýerde doglup, kemala ýetdiler, durmuşda öz orunlaryny tapdylar.

Özbegistanda umumhalk baýramy hökmünde giň bellenilýän “Garaşsyzlyk” we “Nowruz” baýramlary, 8-nji dekabr – Konstitusiýa güni, 8-nji mart – Aýal-gyzlar güni, 9-njy maý – Hatyra we hormatlama güni ýaly baýram çärelerinde dürli millet we halkyýet wekilleri-de işjeňňir gatnaşýarlar.

**Ýatda saklaň!**

Bu günki günde-de milletara agzybirlik we dinlerara bagrygiňlik, taglymy dünýäde iň derwaýys meselelerden biridir. Şu mynasybetli, ÝuNESKO 1995-nji ýylda Parižde «Bagrygiňlik prinsipleri Deklarasiýasy»ny kabul etdi. Birleşen milletlar guramasy bolsa her ýylyň 16-njy noýabryny «Halkara bagrygiňlik güni» diýip yglan etdi.

Häzirki Özbegistanyň çäginde gadymdan gündogar ruhyýetine daýanyp ýaşamak, raýdaşlyga ymtylmak, her taraplaýyn kämillik ýokary gymmatlyk derejesine göterilen, milletine, jynsyna, sosial gelip çykyşyna we dini ygtykadyna seretmezden, ýeke-täk ölçeg – ynsany ynsanlygy üçin beýgeltmek baş ölçeg edip alnan.

Bu günki günde respublikadaky ähli ýokary okuw mekdeplerinde dürli millete degişli talyplar okaýar. Dünýäniň kemden-kem ýurtlarynda bolýan ýene bir ýagdaý bar bolup, ýagny Özbegistanda tälim 7 dilde alnyp barylýar. Bulara özbek we garagalpak dillerinden daşary rus, gazak, türkmen, täjik we gyrgyz dillerini getirmek mümkin. Teleradio ýaýlymlar we gepleşikler 12 dilde efire goýberilýär, gazet we žurnallar 10-dan artyk dillerde çap edilýär. Bu Özbegistanda milletara agzybirligi has-da berkitmäge hyzmat edýär.

**Milletara gatnaşyklarda täze döwür**. Bu gün respublikanyň çäginde ýaşaýan 130-dan artyk millet we halkyýet wekilleri üçin Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy milletara agzybirligi berkitmegiň, durnuklylygy we ösüşi üpjün etmegiň kepili bolup hyzmat edýär.



Milletara gatnaşyklar we daşary ýurtlar bilen dostlukly aragatnaşyklar komiteti



«Halklar dostlugy» meýdanyndaky Şamahmudowlar maşgalasynyň heýkeli

Prezidentimiz Şawkat Mirziýoýewiň başlangyjy bilen kabul edilen 2017–2021-nji ýyllarda Özbegistan Respublikasyny ösdürmegiň ileri tutulýan bäş ugry boýunça Hereketler strategiýasynda ýurdumyzda milletara agzybirligi üpjün etmek meselesine aýratyn üns gönükdirilen. Ýurdumyzda parahatçylygy has-da berkitmek, milletara berkararlygy ýokarlandyrmak maksadynda 2017-nji ýylyň 19-njy maýynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň “Milletara gatnaşyklar we daşary ýurtlar bilen dostluk aragatnaşyklaryny has-da kämilleşdirmek çäreleri barada”ky permany kabul edildi. Permana görä, Baýnalmilal medeniýet merkezi esasynda Milletara gatnaşyklar we daşary ýurtlar bilen dostlykly aragatnaşyklar komiteti döredildi. Bu bolsa, öz gezeginde, ýurdumyzda iş alyp barýan milli medeni merkezleri hem-de dostluk jemgyýetlerini goldamak, olaryň netijeli iş ýöretmeginde döwlet edaralary

we jemgyýetçilik guramalarynyň arasyndaky özara hyzmatdaşlygy güýçlendirmekde berk daýanç bolýar.

**Pikir ýörediň!**

Näme diýip oýlaýarsyňyz, 2017-nji ýylda Daşkentdäki «Babur» bagyna «Dostluk» bagy ady dakylyp, bagyň merkezine Ikinji jahan urşy ýyllarynda dürli millete degişli ýetim çagalary aýawlan meşhur Şamahmudowlar maşgalasynyň heýkeliniň göçürlip getirilenligini we 2018-nji ýylda şol heýkeliň «Halklar dostlugy» meýdanyna gaýtarylandygyny düşündiriň.

***Adalgalar düşündirişi!***

**Baýnalmilal** – (*arapça* – milletleriň arasyndaky, milletara) halkara, umumadamzat, umumhalk mazmunlarynda ulanylýar.

**Mentalitet** – (*nem.* – akyl, paýhas) jemgyýet, millet, topar ýada aýratyn şahsy taryhy emele gelen pikirlenme derejesi. Jemgyýetiň, milletiň ýa-da şahsyň mentaliteti olaryň özboluşly däpleri, däp-dessurlary, urp-adatlary, dini ygtykady we edim-gylymlaryny öz içine alýar.

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. Milletara agzybirlik taglymyny düşündiriň.
2. Ýurdumyzda 130-dan artyk millet we halkyýetleriň parahat-asuda ýaşamagy üçin nähili şertler döredilen?
3. “Halkara bagrygiňlik güni” haýsy senede bellenýär? Goşmaça edebiýatlardan peýdalanyp, bu gün näme üçin şu senede bellenýändigini anyklaň.
4. Özbegistan Respublikasyny ösdürmegiň ileri tutulýan bäş ugry boýunça Hereketler strategiýasynyň näçenji ugry milletara agzybirlige gönükdirilen?
5. Respublika Baýnalmilal medeniýet merkezi nähili gurama öwürildi? Onuň statusy nähili?

## 9-njy tema. Özbegistanda konfessiýalarara gatnaşyklar

**Dinlerara bagrygiňligiň şekillenmegi.** SSSR döwründe Özbegistanda 89 metjit, 2 medrese bolan, bolsa 2017-nji ýyla çenli bolsa 2033 sany metjit, Yslam uniwersiteti, Yslam instituty, 16 sany dini konfessiýalar iş alyp barýar. Özbegistanyň ilatynyň 88 göterimi yslam dinine, 10 göteriminden gowragy başga dinlere uýýar, 1,8 göterimi hiç haýsy dine ygtykat etmeýär. Remazan haýyt baýramy, Gurban haýyt baýramy respublika möçberinde bellenilýär,

dini žurnal we gazetler neşir edilip, telewideniýede we radioda dini temalarda ýörite gepleşikler alnyp barylýar. Özbegistanda din döwletden, syýasatdan aýrylan, emma halkdan aýrylmadyk.

Ilaty köp milletli bolan Özbegistanda yslamdan daşary hristianlyk, musaýylyk, buddizm we başga konfessiýalara ygtykat edýän adamlar hem bar. Köp milletli we köp konfessiýaly ýurtda milletara raýdaşlyk we dini bagrygiňlik ugrunda alnyp barylýan yzygiderli döwlet syýasaty dürli millet hem-de ähli dini konfessiýa wekilleriniň emin-erkin ýaşamaklary üçin pugta esas döretdi.

1991-nji ýylda döwletiň wyždan azatlygy we dine degişli syýasatyny kesgitleýän “Wyždan azatlygy we dini guramalar barada”ky kanuny kabul edildi. Onuň kabul edilmegi yslam dinine we başga dinlere uýýan raýatlaryň durmuşynda möhüm orun eýeledi.

**Ýatda saklaň!**

«Hemme üçin wyždan azatlygy kepillendirilýär. Her bir adam islän dine ygtykat etmek ýa-da hiç haýsy dine uýmazlyk hukugyna eýe. Dini garaýyşlary mejburlap siňdiräge ýol berilmeýär».

*Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy. 31-nji madda*.

1992-nji ýylda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň permanyna görä Ministrler Kabinetiniň ýanynda Din işleri boýunça komitet döredildi. Komitetiň düzüminde dini konfessiýalar bilen işlemek üçin ýörite döredilen şahamça iş başlanyndan soň, respublikanyň çäginde ýerleşýän we dini iş alyp barýan ähli guramalar barada maglumatlar toplanyp başlandy.

1998-nji ýylda Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi tarapyndan “Wyždan azatlygy we dini guramalar barada”ky kanunyň täze redaksiýasy kabul edildi. Şu kanunda raýatlaryň wyždan we ygtykat azatlygy bilen bagly hukuklary hem-de borçlary anyk-aýdyň kesgitläp goýuldy.

“Wyždan azatlygy we dini guramalar barada”ky kanuna görä, “Döwlet dini konfessiýalaryň arasyndaky parahatçylygy we agzybirligi goldaýar. Bir dini konfessiýadaky dindarlary başgasyna girizmäge gönükdirilen hereketler (prozelitizm), şonuň ýaly-da, başga islendik missionerlik işi gadagan edilýär. Şu düzgüniň bozulmagyna aýply bolan şahslar kanun resminamalarynda bellenen jogapkärlige çekilýärler”.

Özbegistan ýaly köp konfessiýaly döwletde milletara agzybirlik we dini bagrygiňlik jemgyýetçilik-syýasy durnuklylygy we ösüşi üpjün etmegiň esasy şertlerinden biri hasaplanýar. Dini bagrygiňlik ýurtda ösýän demokratik jemgyýetiň esasy prinsiplerinden biridir. Häzirki wagtda 16 dini konfessiýa özara agzybirlikde iş alyp barýar.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky "Din işleri boýunça komitet" dindarlaryň zerurlyklaryny kanagatlandyrmaga kömekleşip gelýär. 2007-nji ýylda Yslam Hyzmatdaşlygy guramasynyň tälim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça bölümi – AYSESKO tarapyndan "Daşkent – Yslam medeniýeti paýtagty" diýlip yglan edildi. Bu Özbegistan döwletiniň dine bolan gatnaşygynyň netijesidir.

**Dini bagrygiňlik prinsipleri**. Özbegistanda emele gelen dini bagrygiňlik aşakdaky faktorlar bilen kesgitlenýär:

*Birinjiden,* respublikada ýaşaýan ähli millet we halkyýet wekilleriniň hem-de dürli dini konfessiýalaryň işinde özara hormat, sabyr-takat, bagrygiňlik prinsiplerini emele getirmekde amaly işler alyp barylýar.

*Ikinjiden,* milli we dini bagrygiňlik özbek medeniýetiniň hem-de mentalitetiniň aýrylmaz bölegidir. Özbegistanda dini bagrygiňlik babatda alnyp barylýan syýasat demokratik özgerişleri we sosial-ykdysady ösüşi çaltlandyrmaga, başga milletlere, dinlere we medeniýetlere hormatsyzlyk ýagdaýlaryndan, ekstremizm şekillerinden azat hakyky demokratik jemgyýeti gurmak faktoryna öwrülmegine, jemgyýetde milletara we dinlerara agzybirligiň saklanmagyna mümkinçilik döredýär.

*Üçünjiden,* milletara we konfessiýalarara gatnaşyklardaky uýgunlyk halklaryň ruhy baýlygynyň çeşmesi hasaplanýar we döwletleriň syýasy we sosial-ykdysady ösüşine oňyn täsir edýär. Dürli medeniýet we din wekilleriniň arasyndaky gepleşikler ylalaşyk we özara ynamy gazanmak ýollaryndan biri hasaplanýar.

*Dördünjiden,* hünärmenleriň pikirine görä, bir-birinden tapawutlanýan 2 hili bagrygiňlik düşünjesi bar: *formal* – daşky görnüşdäki bagrygiňlik we *içki* – pozitiw bagrygiňlik. Formal ýagdaýdakysy başga adamyň dini ygtykadyna görä sabyrlylygy, oňa garşy çykmazlygy aňlatsa, içki – oňyn bolsa başga dinleri gowy bilmegi-de talap edýär. Bu günki güne Özbegistanda iki görnüşdäki bagrygiňlik hem amalda özüniň doly beýanyny tapýar.

**Dürli din wekillerine gatnaşyk**. Ylmy çeşmeleri ülkämizde gadym zamanlardan başlap zarduştylyk, buddizm, musaýylyk, hriztiançylyk ýaly çylşyrymly ideologik ulgama eýe dinler parahat-asuda iş alyp barandyklaryndan habar berýär. Şeýle ýagdaýy häzirki Özbegistandaky yslam, hristian, musaýy dinleriniň we başga konfessiýalaryň özara gatnaşyklary mysalynda-da görmek mümkin.

Umuman, Özbegistanda iş alyp barýan yslam däl konfessiýalary dürli ygtykatda bolan raýatlaryň arasynda agzybirlik we dostluk gatnaşyklaryny berkitmekde belli bir ýagdaýa eýe.



Daşkentdäki Rim-katolik buthanasy

Şol bir wagtda Özbegistanda yslam dini bilen bir hatarda, prawoslawlar, baptistler, musaýylar, adwentistler, katolikler, lýuteranlar, krişnaitler, buddistler, pýatidesýatnikler, Iegowa şehitleri, täze hawworiýler, hristian-preswitorianlar ýaly birnäçe dinler we mezhebler bar. Olardan her biriniň özboluşly aňyýeti, talaplary we zerurlyklary bar.

Orta Aziýadaky musulman we başga konfessiýalara degişliler arasyndaky gatnaşyklar hem syýasy, hem gündelik durmuş derejede iki esasy aýratynlyga esaslanan bolup, bular özara hormat we bagrygiňlikdir. Bu gatnaşyk dürli dinleriň wekilleriniň çylşyrymly taryhy prosesleriň synaglaryny batyrlarça ýeňip geçmekleri netijesinde şekillenipdir. Ýurtda parahatçylyk, ösüş we abadanlyk bolmagyndan ähli din wekilleri bähbitli bolup, käbir konfessiýalaryň wekilleri Özbegistanda we daşary ýurtda guralýan ruhy we medeni çärelerdäki çykyşlarynda respublikada dini bagrygiňligi we sosial durnuklylygy berkitmek boýunça amala aşyrylýan özgertmeleri goldaýandyklaryny bildirýärler. Şeýle gatnaşyk döwlet tarapyndan hem sylaglanýar. Mitropolit Wladimiriň “Dostluk” ordeni bilen sylaglanandygy munuň aýdyň delilidir.

Respublikada dini bagrygiňligi we sosial durnuklylygy üpjün etmekde konfessiýalaryň hem belli bir orny bar. Birinjiden, olar öz işleri

dowamynda ilatda dini bagrygiňlik medeniýetini kemala getirmek ugrunda ruhy-medeni çäreleri gurap gelýärler. Ikinjiden, ýurtda dinlerara agzybirligi goldamak hem-de dürli dawalary we çylşyrymlylyklary getirip çykarýan missionerlik ýaly hereketlere garşy amala aşyrylýan çärelerde işjeň gatnaşýarlar.

**Yslam dinine we dini tälime üns**. Bu gün respublikada 16 sany dini konfessiýa degişli 2238 sany dini gurama – Ymam Buhary adyndaky Daşkent yslam instituty, 9 sany ýörite orta yslam okuw mekdebi, prawoslaw we protestant seminariýalary iş alyp barýar. Olarda talyplar dini bilimler bilen bir hatarda, dünýewi bilimleri almak mümkinçiligine-de eýe.

**Ýatda saklaň!**

Daşkentde 2013-nji ýylda gurluşygy başlanan Minor metjidi 2014-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda, uly Gurban haýyt baýramy güni açyldy. Metjidiň binasy adaty gündogar binagärligi stilinde gurlan. Onuň iki minarasy we asman reňk bir gümmezi bar. Metjit 2 400-den artyk namaz okaýanlar üçin niýetlenen.

1999-njy ýylda Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti Islam Karimowyň başlangyjy bilen Merkezi Aziýada ýeke-täk bolan Daşkent yslam uniwersitetiniň düýbi tutuldy.

Prezident Şawkat Mirziýoýewiň BMG Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasyndaky çykyşy diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem Merkezi Aziýa we tutuş dünýäde raýdaşlygy gazanmak, dinlerara agzybirligi, parahatçylygy saklamak ugrunda möhüm görkezme bolýandygyny, bular Özbegistan Respublikasyny ösdürmegiň ileri tutulýan bäş ugry boýunça Hereketler strategiýasynda hem öz beýanyny tapandygyny ykrar etdi.

Prezidentiň 2017-nji ýylyň 27-nji martdaky "Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanynda Ymam Buhary halkara ylmy-barlag merkezini döretmek çäreleri barada"ky kararyna görä Samarkantda ylmy-barlag merkezi döredildi. Onuň düzüminde hadysşynaslyk ýokary mekdebi, hadys, kelam we kyrat ylmyny öwrenmäge



Daşkentdäki Minor metjidi

**Şuny okaň!**

«Bu günki sessiýa gatnaşyjylaryna BMG Baş Assambleýasynyň «Medeni aň-bilim we dini bagrygiňlik» diýlip atlandyrylýan ýörite rezolýusiýasyny kabul etmek teklibi bilen ýüzlenmekçi. Bu resminamanyň esasy maksady – hemmäniň tälim almak hukugyny üpjün etmäge, sowatsyzlygy we tümlügi ýok etmäge kömekleşmekden ybarat. Şu rezolýusiýa bagrygiňlik we özara hormaty şekillendirmek, dini azatlygy üpjün etmek, ygtykat edýänleriň hukugyny goramak, olaryň kemsidilmegine ýol bermezlige kömekleşmäge gönükdirilen».

*Şawkat Mirziýoýewiň BMG Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasyndaky çykyşyndan.*

niýetlenen otaglar, golýazmalar kitaphanasy, muzeý döredildi. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 23-nji iýunyndaky “Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ýanynda Özbegistandaky Yslam medeniýeti merkezini döretmek çäreleri barada”ky karary esasynda Daşkentde Yslam medeniýeti merkezi hem-de Prezidentiň 2017-nji ýylyň 15-nji dekabryndaky permany esasynda Özbegistan Yslam akademiýasy döredildi.

***Adalgalaryň düşündirişi:***

**Konfessiýa** – (*lat.* – ykrar etmek) dini ynanç, ygtykat; şunuň bilen birlikde mezheb mazmunyna eýe düşünje.

**Tolerantlyk** – (*lat.* – sabyr-takat, çydam, berdaş) özgeleriň pikir-taglymlaryna, ygtykadyna, duýgularyna, durmuş ýörelgelerine we özüni alyp barşyna görä sabyrly bolmak, biperwaý garamak; bagrygiňlik.

**Seminariýa** – hristian buthanalary üçin ruhanylar taýýarlaýan okuw mekdebi.

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. Bu günki günde Özbegistanda näçe dini guramalar bar?
2. Konfessiýalarara gatnaşyklar diýende nämäni düşündiňiz?
3. Dini bagrygiňligi kepillendirýän hukuk-normatiw resminamalary sanap beriň.
4. Dini bagrygiňlik prinsiplerini aýdyp beriň.

# V BAP. TÄLIM ULGAMYNYŇ ÖZGERTMELERI WE KADRLARY TAÝÝARLAMAK

## 10-njy tema. Umumy we ýörite orta tälim ulgamy

**Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda tälim ulgamy**. Medeni-ruhy ösüşiň iň möhüm binýady – tälim ulgamydyr. Çünki zaman talaplaryna jogap berýän, öňdebaryjy ylym-tehnika, tehnologiýa üstünliklerini eýeläp alan kadrlary ýetişdirmezden jemgyýeti ösdürip bolmaýar. Özbegistanda 1992-nji ýylyň 2-nji iýulynda “Tälim barada”ky kanun kabul edildi. Bu görkezme resminamada tälim ugrundaky döwlet syýasatynyň esasy prinsipleri, tälim ulgamy, onuň dolandyryş düzümi, pedagog işgärleriň borçlary we jogapkärçilikleri anyk kesgitläp berildi. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda 10 müňden artyk halk tälimi işgärine döwlet öýleri, 22 müňden artyk işgäre bolsa guramanyň we edaralara degişli öýler mugt hususylaşdyrylyp berildi. 50 müňden artyk pedagog işgäre şahsy gurluşyk üçin ýer meýdanlary bölüp berildi. Obalarda ýaşaýan pedagog işgärleriň hemmesi kommunal hyzmat üçin töleglerden azat edilen bolsalar, şäherliler onuň 50 göterimi mukdarynda tölediler. Soňluk bilen, kommunal hyzmat boýunça bu ýeňllikler aýlyk gazançlaryna goşup berilýän kompensasiýa bilen çalşyryldy.



Mekdep binasy. 1991–2000-nji ýyllar

1992-nji ýyldaky kanun esasynda umumy tälim aşakdaky basgançaklar boýunça amala aşyrylyp başlandy.

I basgançak – başlangyç tälim (1–4-nji synp);

II basgançak – esasy (daýanç) mekdep (4–9-njy synp);

III basgançak – ýokary orta mekdep (10–11-nji synp);

Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň 1996-njy ýylyň dekabryndaky karary bilen 1-nji oktýabr – “Mugallymlar we terbiýeçiler güni” diýlip bellendi hem-de bu gün baýram hökmünde dynç alyş güni diýlip yglan edildi.

Özbegistanda jynsyna, diline, ýaşyna, milletine, ygtykadyna, dinine, sosial gelip çykyşyna, hyzmat görnüşine, sosial ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine seretmezden, her kime bilim almakda deň hukuklar kepillendirildi.

**Ýatda saklaň!**

1997-nji ýyldan başlap her ýyl 1-nji oktýabr «Mugallymlar we terbiýeçiler güni» hökmünde bellenip gelýär.

**Kadrlary taýýarlamagyň milli maksatnamasy**. Özbegistanda tälim ugrundaky syýasat 1997-nji ýylyň 29-njy awgustynda kabul edilen “Tälim barada”ky täze redaksiýadaky kanun hem-de Kadrlary taýýarlamagyň milli maksatnamasynda öz beýanyny tapdy.

1996–1997-nji okuw ýylyndan başlap mekdepleriň birinji synplarynda okuw latyn elipbiýinde alnyp barylýar. Täze elipbiýde okamak üçin zerur maksatnama, gollanma we derslikler döredildi.

Kadrlary taýýarlamagyň milli maksatnamasy 3 basgançakdaky özgertmeler esasynda amala aşyryldy. I basgançak – 1997–2001-nji ýyllarda maksatnamany amala aşyrmak üçin zerur bolan hukuk-normatiw, ylmy-metodik, maliýe-maddy şertler döredildi. Munuň üçin döwlet tarapyndan goşmaça ýagdaýda 65 milliard som serişde sarp edildi. II basgançak – 2001–2005-nji ýyllary öz içine alyp, milli maksatnama giň möçberde girizildi. III basgançak – 2005-nji ýyldan bu günki güne çenli. Bu basgançakda Kadrlary taýýarlamagyň milli maksatnamasy netijesinde gazanylan netijeler, toplanan tejribeler umumlaşdyrylyp, şu esasda ýurdumyzda tälim ulgamy kämilleşdirildi. 2009-njy ýyldan başlap, ýurdumyzda doly 12 ýyllyk mejbury tälim girizildi.

9 ýyllyk umumy orta tälim sowatlylyk esaslaryny, umumy orta tälim almak üçin zerur bolan bilimleri we endikleri şekillendirmäge gönükdirilen. Çagalar birinji synpa 6–7 ýaşdan kabul edilýär. Umumy orta tälim gerekli bilimleriň göwrümini esaslandyrýar, özbaşdak pikirlenme, guramaçylyk ukypalaryny we amaly tejribe endiklerini ösdürmek, deslapky kär ýönelişi we nobatdaky tälim basgançagyny saýlamaga esas döredýär.

**Ýatda saklaň!**

Tälim ulgamy Özbegistan Respublikasynyň «Tälim barada»gi kanuny esasynda mekdebe çenli tälim, umumy orta, ýörite orta tälim, ýokary tälim, ýokary tälimden soňky tälim, hünäri kämilleşdirmek we kadrlary gaýtadan taýýarlamak, mekdepden daşary tälim şekillerinden ybarat.

Prezidentiň 2004-nji ýyldaky permany esasynda 2004–2009-njy ýyllarda Mekdep tälimini ösdürmek Döwlet umummilli maksatnamasy kabul edildi. Maksatnama çäginde täze mekdepler guruldy, başgalary kapital abatlandy; anyk we tebigy ylymlardan okuw laboratoriýalar zerur enjamlar bilen enjamlaşdyryldy.

Umumy orta, umuman, tälimiň ähli basgançaklarynda täze okuw maksatnamalary, döwlet tälim standartlary döredildi. Mekdep derslikleri kämil täzelendi hem-de ylym we amalyýet üstünlikleri bilen baýlaşdyrmak boýunça kämilleşdirip baryldi. Multimedia okuw edebiýatlaryny hem döretmek ýola goýuldy. Respublikada iş alyp barýan 10 müňe ýakyn mekdepleriň maddy-tehniki üpjünçiligi-de döwlet hasabyndan amala aşyrylýar.

**Ýörite-orta, kesp-hünär tälim ulgamynyň döredilmegi.** Özbegistan Respublikasynyň “Tälim barada”ky kanunyna görä umumy orta tälimiň dokuz ýyllyk edip bellenmegi mynasybetli dokuz ýyllyk mekdebi gutaran ähli okuwçylar tälim almagy ýörite orta ýa-da kesp-hünär kolležlerinde dowam etdirdiler. Bu täze tälim ulgamyna basgançaklaýyn geçildi. Ýagny kadrlary taýýarlamagyň milli maksatnamasynyň 1-nji basgançagy (1997–2001) çäginde amala aşyryldy. Ýörite orta tälim ugrunda welaýatlarda biznes mekdeplerinde, umumtälim mekdeplerinde kesp-hünär kurslarynyň açylmagy, bazar ykdysadyýeti talaplaryndan gelip çykmak bilen täze hünärmenlikler (fermer, salgyt we gümrük işgäri, audit we başgalar) girizildi. Oňa görä, ýurdumyzda 1997-nji ýyldan başlap häzire çenli 1400-den artyk kesp-hünär kolleži, 200-e ýakyn akademik liseý guruldy. Olar ugurlar boýunça ygtyýarly guramalar we ýokary tälim edaralaryna birikdirilmegi sebäpli bu basgançakda okuw prosesi netijeli guralyp, kollež tamamlanlary iş bilen üpjün edilmegine üns gönükdirilenligine seretmezden, bu babatda kanagatlanarly netije gazanylmady.

**2017-nji ýyldaky özgertmeler**. Tälim ulgamynda amala aşyrylan özgertmeler, 12 ýyllyk tälimi kämilleşdirmek ugrundaky çäreler garaşylan netijäni bermedi. Toplanyp giden meseleler ugry düýpli özgertmegi, dünýäniň ösen ýurtlarynyň tejribesinden peýdalanmak zerurlygyny talap etdi. 2017-nji ýyl umumtälim we ýörite orta kesp-hünär tälimi ulgamynda düýpli özgertmeler ýyly boldy. Halk kabulhanalary we Prezidentiň wirtual kabulhanasyna düşen teklipler we pikirler, şonuň ýaly-da, respublikanyň mekdeplerindäki gutarýanlaryň ata-eneleriniň arasynda geçirilen soragnama

netijelerinden gelip çykyp, Prezident Şawkat Mirziýoýewiň başlangyjy bilen 9+3, ýagny 12 ýyllyk mejbury tälimden 11 ýyllyk tälime geçildi.

2017-nji ýylyň özünde 10-njy synp okuwçylary üçin 9 mln. nusga ders-likler çap edildi we 10 müňe ýakyn umumtälim mekdebinde 11 ýyllyk tälime geçilmek bilen okatmak ulgamy ýola goýuldy. Bu aka-demik liseýlere we kesp-hünär kolležlerine kabul prosesi bilen bir wagtda alnyp baryldy. Munda ata-eneleriň we okuwçylaryň islegleri hasaba alyn-dy. 2016/2017-nji okuw ýylynda umumtälim mekdeplerini tamamlan 466 müňden artyk okuwçynyň 288 müňüsi 10-njy synpda okuwyny dowam etdir-diler.

Mekdebe çenli tälim ulgamy üznüksiz tälimiň birlenji, iň esasy bognudyr. Mekdebe çenli tälim, 6–7 ýaşa çenli maşgalada, çagalar bagynda we başga tälim edaralarynda alnyp barylýar. Hünärmenleriň ylmy netijelerine görä, adam öz ömri dowamynda alýan ähli habaryň we maglumatyň 70 göterimini 5 ýaşa çenli bolan döwürde alýar. Şu sebäpli, çagalaryň sagdyn we bilimli, kämil ukyply kadrlar bolup kemala gelmeginde çagalar bagynyň terbiýesi örän möhüm orun tutýar. Mekdebe çenli tälim ulgamyny has-da kämilleşdirmek, maddy-tehniki bazasyny berkitmek, mekdebe çenli tälim edaralary pudagyny giňelt-mek, hünärli pedagog kadrlar bilen üpjün etmek maksadynda Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew 2017-nji ýylyň 30-njy sentýabrynda “Mekdebe çenli tälim ulgamyny dolandyrmagy kämilleşdirmek barada”ky permanyna gol çekýär. Oňa görä, Mekdebe çenli tälim ministrligi döredildi. Täze ministrlik ulgamyna Garagalpagystan mekdebe çenli tälim ministrligi, Daşkent şäheri



Nusga MTE otagy

**Pikir ýöretme!**

Näme sebäpden 11 ýyllyk tälime geçmek boýunça soragnama netijesinde ata-eneleriň 70 göteriminden artyk bölegi 11 ýyllyk tälim gaýtadan döredilmeginiň tarapdarydygyny görkezdiler.

mekdebe çenli tälim baş müdirligi, welaýatlaryň mekdebe çenli tälim müdirlikleri we olaryň şäherlerdäki we tümenlerdäki bölümleri girýär.

**Ýatda saklaň!**

2017-nji ýylda Özbegistanda 4916 mekdebe çenli tälim edaralary iş alyp bardy. Ahyrky 20 ýylyň dowamynda çagalar bagynyň sany 45%-e kemeldi. Şol bir wagtda çagala bagyna barýan çagalar umumy çagalar sanynyň 30%-ni düzýär.

**Soraglar we ýumuşlar:**

1. 1992–1997-nji ýyllardaky tälim ulgamynyň soňky ýyllardakysyndan tapawutly taraplaryny sanap beriň.
2. Üznüksiz tälimi ösdürmegiň faktorlary nämelerden ybarat?
3. Bu günki günde ýurdumyzda mekdebe çenli tälim edaralarynyň sanyny artdyrmagyň zerurlygy nämede?
4. Özbegistan Respublikasynyň "Tälim baradaky" kanuny we onuň many-mazmuny nämelerden ybarat? Pikirleriňizi esaslandyryň.
5. Näme sebäpden 12 ýyllyk tälimden 11 ýyllyk ulgama geçildi?

## 11-nji tema. Ýokary tälim we ondan soňky tälimiň kämilleşdirilmegi

**Ýokary tälim ulgamy**. Prezidentiň 1992-nji ýylyň fewralyndaky permany bilen ýene sekiz welaýat pedagogika institutlaryna uniwersitet derejesi berildi. 1992-nji ýylyň martynda welaýatlardaky pedagogika institutlarynyň esasynda Andijan Döwlet uniwersiteti, Buhara Döwlet uniwersiteti, Termiz Döwlet uniwersiteti, Ürgenç Döwlet uniwersiteti, Karşy Döwlet uniwersiteti döredildi.

Iň döwrebap hünärler boýunça aýratyn uniwersitet we institutlar, şol sanda, Dünýä ykdysadyýeti we diplomatiýa uniwersiteti, Nowaýy dag metallurgiýa instituty, Goranmak ministrliginiň ýanynda Harby akademiýa, Içeri işler ministrliginiň ýanynda Içeri işler akademiýasy, Bank-maliýe akademiýasy ýaly onlarça täze ýokary okuw mekdepleri döredildi. Daşkent döwlet elektrotehnika we aragatnaşyk tehnikumy instituta öwürildi. 1993-nji ýylda talyplar we aspirantlar üçin ýörite stipendiýalar bellendi. Ýurduň oba hojalygy üçin zerur bolan häzirki zaman bilimleriň eýesi bolan ýokary hünärli hünärmen kadrlary taýýarlamak maksadynda Daşkent Döwlet Agrar uniwersiteti, Andijan, Samarkant Oba hojalygy, Karşy Inženerlik

ykdysadyýet, Daşkent Irrigasiýa we oba hojalygyny mehanizasiýalaşdyryş inženerleri institutlary işe başlady. Ýurduň welaýatlarynda ýokary uniwersal tälimi girizmekde ösen döwletleriň tejribesine daýanyp çemeleşildi.

1992-nji ýylda ilki respublikamyzyň 6 ýokary tälim edarasynda test synagy esasynda okuwa kabul etmek tejribeden geçirilipdi. 1993-nji ýylda bolsa 46 sany ýokary tälim edaralarynyň 19 -unda tejribe hökmünde test synaglary geçirildi.

1994-nji ýylda Döwlet test merkezi döredilip, şu ýyldan başlap ýokary tälim edaralaryna test arkaly kabul girizildi. 1996-njy ýyldan tälim almakda kontrakt-şertnama tölegi girizildi. 1997-nji ýyldaky “Talim barada”ky kanuna görä 5 ýyllyk ýokary tälimden 4 ýyllyk bakalawriat we 2 ýyllyk magistratura basgançaklaryndan ybarat iki derejeli ulgama geçildi.

Şonuň ýaly-da, Ýurt Prezidentiniň 2013-nji ýyldaky “Yuridik kadrlar taýýarlamak ulgamyny has-da kämilleşdirmek barada”ky kararyna görä yuridik institut uniwersitet derejesinde gaýtadan döredildi, 2014-nji ýyldaky karary esasynda Daşkent döwlet stomatologiýa instituty döredildi.

**Ýatda saklaň!**

2017-nji ýyldaky halata görä, ýurdumyzda 80-den artyk ýokary okuw mekdebi, şol sanda, 19 uniwersitet, 37 institut, 6 akademiýa, 1 sany konserwatoriýa, 1 tans we horeografiýa ýokary mekdebi, 13 ÝTE-laryň filiallary, 6 daşary ýurt ÝTE-larynyň filiallary iş alyp barýar.

Hünäri kämilleşdiriş ulgamy-da düýpgöter özgerdildi. Halk tälimi we ýörite orta, kesp-hünär tälimi edaralary hatarynda ýokary tälim, pudak ugurlarynda kadrlaryň hünärini kämilleşdirmek we gaýtadan taýýarlamak işleri düýpgöter täze basgan-çaga göterildi.

Prezidentiň 2015-nji ýyldaky “Ýokary tälim edaralarynyň ýolbaşçy we pedagog kadrlaryny gaýtadan taýýarlaýyş we hünärini kämilleşdiriş ulgamyny has-da kämilleşdirmek çäreleri barada”ky permanyna esasan 15 öňdebaryjy ýokary tälim edaralary – daýanç ýokary okuw mekdepleri hökmünde bellendi.

**Ýokary tälimde halkara hyzmatdaşlyk**. Kadrlary taýýarlamagyň milli maksatnamasynyň amala aşyrylmagy netijesinde Özbegistanda öňküden gysga möhletlerde dünýäniň öňdebaryjy döwletlerinde tälim ugrunda

gazanylan öňdebaryjy üstünlikleri, milli däpleri öz içine alan täze modeli döredildi.



Daşkent halkara Westminster uniwersiteti

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýokary tälim ulgamynda alnyp barylan yzygiderli özgertmeler netijesinde ýurdumyzda ençeme daşary ýurt uniwersitetleriniň filiallary açyldy. Şol sanda, Beýik Britaniýanyň Halkara Westminster uniwersiteti, Daşkent şäherinde M.W. Lomonosow adyndaky Moskwa döwlet uniwersiteti, I.M.Gubkin adyndaky Russiýa nebit we gaz döwlet uniwersiteti, Singapur menejmenti ösdürmek instituty, Italiýanyň Turin politehnika uniwersitetiniň filiallary işe başlady. Şonuň ýaly-da, Daşkentde G.W. Plehanow adyndaky Russiýa ykdysadyýet akademiýasy we Günorta Koreýanyň Inha uniwersitetiniň filiallary hem özbek ýaşlaryna öz tälim syrlaryny öwredýärler.

**Daşary ýurt uniwersitetleriniň Daşkentdäki filiallary**

| Westminster uniwersiteti | M.W.Lomonosow adydaky Moskwa döwlet uniwersitetiniň filialy | I.M.Gubkin adyndaky Russiýa nebit we gaz döwlet uniwersitetiniň filialy | Singapur menejmenti ösdüriş institutynyň filialy | Turin politehnika uniwersitetiniň filialy | G.W.Plehanow adyndaky Russiýa ykdysadyýet akademiýasynyň filialy | Günorta Koreýanyň Inha uniwersitetiniň filialy |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 2002 | 2006 | 2007 | 2008 | 2009 | 2009 | 2014 |
| Ykdysadyýet we biznes | Matematika we psihologiýa | Nebit we gaz | Menejment | Tehnika we tehnologiýalar | Ykdysadyýet | Informasion tehnologiýalar |

Ýurdumyzdaky we daşary ýurtdaky okuw mesgenlerinde ýüzlerçe zehinli ýaşlar tälim alýar we öz hünärini kämilleşdirýär. Munda daşary ýurt tälim edaralary bilen iki taraplaýyn tejribe alyşma ýola goýlany möhüm ähmiýete eýedir.

Özbegistan Respublikasy tälim derejesi boýunça dünýäniň ösen ýurtlarynyň hataryna çykdy. Ýaşlary dünýä ylmynyň we bilimleriniň




Turin politehnika uniwersiteti

hazynasyndan habarly etmäge uly üns berilýär. Respublikanyň okuw mekdepleriniň daşary ýurtlardaky okuw merkezleri bilen aragatnaşyklary ep-esli pugtalandyryldy. Daşary ýurtly mugallymlary we hünärmenleri daşary ýurt dilinde sapak alyp barmak üçin teklip etmek, şonuň ýaly-da, daşary ýurt okuw we ylmy merkezlerinde işgärleriň hünärini kämilleşdirmegi we talyplaryň okuwy barha giňelýär. Häzir dünýäniň köp ýurdundan gelen daşary ýurt raýatlary Özbegistanda tälim alýarlar.

**2017-nji ýyldaky düýpli özgertmeler**. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 7-nji fewralyndaky “Özbegistan Respublikasyny has-da ösdürmek boýunça Hereketler strategiýasy barada”ky permanyna görä, 2017-2021-nji ýyllarda ýokary tälim ulgamyny düýpli kämilleşdirmek maksatnamasyny işläp taýýarlamak, okuw maksatnamalaryny ýene-de döwrebaplaşdyrmak, tölegli hyzmat etmegiň we maliýeleşdirmegiň goşmaça çeşmelerini gözlemekde ýokary okuw mekdepleriniň ygtyýarlyklaryny giňeltmek ýoly bilen olaryň özbaşdaklygy basgançaklaýyn ösdürilip barylýar. 2017-2018-nji ýyllaryň dowamynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň we Ministrler Kabinetiniň ýetmişe golaý permanlary, kararlary we buýruklary kabul edildi. Bu giň manyda tälim ulgamyndaky özgerişler we täzelikler prosesini başlap berdi. Hereketler Strategiýasynda tälimiň we okatmagyň hilini bahalamagyň halkara standartlaryna geçmekde ýokary tälim edaralarynyň işini we netijeliligini artdyrmakdaky ileri tutulýan wezipeler kesgitlenildi. Ynha şuny nazarda tutmak bilen, Prezident Ş.M.Mirziýoýew “Ýaşlary özbaşdak pikirlenýän, ýokary intellektual we ruhy mümkinçilige eýe bolup dünýä möçberinde öz ýaşytdaşlaryna hiç bir ugurda galyşmaýan



**Ýatda saklaň!**

Test synaglary dury we hakyky geçmegini üpjün etmek maksadynda şu ulgamy kämilleşdirmek hem-de abituriýentlere, ata-enelere ýeňillikler döretmek maksadynda bar ulgamy özgertmek talap edildi. 2018/2019-njy okuw ýylyndan başlap, test prosesini bir günde däl, 15 günüň dowamynda geçirmek, netijesini bolsa synagyň ertesine yglan etmek wezipeleri goýlan.

ynsanlar bolup kemala gelmegi, bagtly bolmagy üçin döwletimiziň we jemgyýetimiziň bar güýjüni we mümkinçiliklerini gönükdireris”, diýipdi. 2017-nji ýylda 10 ýyldan artyk wagtyň dowamyndaky arakesmeden soň, döwlet we jemgyýetdäki hünärli kadrlara bolan zerurlyklar hasaba alnyp, Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň başlangyjy bilen gaýybana tälim ulgamy dikeldildi, ýörite gaýybana tälim kämilleşdirildi.

2017-nji ýylyň 16-njy noýabrynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň “Respublikanyň ýokary tälim edaralary bakalawriatyna giriş test synaglaryny geçirmegiň tertibini kämilleşdirmek barada”ky karary kabul edildi. Oňa görä, 2018/2019-njy okuw ýylyndan başlap aýratyn zehin talap edilýän medeniýet, sungat, dizaýn, şekillendiriş we amaly sungat, saz tälimi, sungatşynaslyk, sport we bedenterbiýe ugrundaky tälim ýönelişlerinde test synaglary geçirilmeýär. Meselem, Özbegistan döwlet konserwatoriýasy, Özbegistan döwlet sungat we medeniýet instituty, Kemaliddin Behzad adyndaky Milli suratkeşlik we dizaýn instituty, Özbegistan döwlet bedenterbiýe instituty we aýratyn zehin talap edýän tälim ýönelişlerine diňe döredijilikli synaglar arkaly kabul etmek ýola goýulady. Lukmançylyga degişli ýokary tälim ulgamynda hem ençeme özgertmeler amala aşyryldy. Şol sanda, lukmançylyk ugrunda bakalawriat tälim ýönelişlerinde okuw möhleti 7 ýyldan 6 ýyl we lukmançylyk profilaktika ýönelişinde 6 ýyldan 5 ýyl edip bellendi.


Pawilionda geçirilýän test synagy

**Ýokary tälimden soňky tälim**. 2012-nji ýyla çenli aspirantura (3 ýyl) we doktaranturadan (3-nji ýyl) ybarat bolup, 2012–2017-nji ýyllarda bir basgançakly doktarantura iş alyp bardy. 2013–2017-nji ýyllar aralygynda diňe 360-a ýakyn barlagçy doktorlyk dissertasiýasyny gorady. Bu bolsa respublikadaky ýokary tälim we ylmy barlag edaralary üçin ýokary hünärli ylmy we ylmy-pedagog kadrlara bolan zerurlygy kanagatlandyryp bilmedi. Ýokary okuw mekdebinden soňky tälim ugruny has-da kämilleşdirmek, ylmy-barlag işinde ýaşlaryň intellektual ukybyny görkezmek mümkinçiliklerini giňeltmek maksadynda hem-de ençeme öňdebaryjy

daşary ýurt ýurtlaryň halkara amalyýetini öwrenmek bilen 2017-nji ýylyň 1-nji iýulyndan başlap ýokary okuw mekdebinden soňky tälimiň iki derejeli ulgamy girizildi. Birinjisi – dissertasiýa goramak we degişli ylym pudagy boýunça filosofiýa doktory (PhD) ylmy derejesini bermegi nazarda tutýan daýanç doktorantura we ikinjisi – dissertasiýa goramak we degişli ylym pudagy boýunça ylym doktory (Doctor of Science) ylmy derejesini bermegi nazarda tutýan doktorantura ulgamydyr.

***Adalgalar düşündirişi***!

**Bakalawr** – (*lat.* Baccalaureus) Ýokary tälim maksatnamasynyň birinji basgançagyny tamamlan talyplaryň ylmy derejesi.

**Magistr** – (*lat.* – başlyk, halypa) käbir ýurtlarda bakalawr we ylym doktorynyň arasyndaky ylmy dereje. Daýanç ýokary tälim kursundan soň goşmaça maksatnama ýerine ýetiren, ýörite synaglary tapşyran we belli bir ylmy işi goran şahslara berilýär.

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. Garaşsyzlyk ýyllarynda nähili täze ýokary okuw mekdepleri döredildi?
2. Bu günki günde ýokary tälim edaralarynyň sany näçe? Olaryň ýyldan-ýyla artyş faktorlary nämede?
3. Ýokary tälimden soňky tälim ulgamynyň garaşsyzlyk ýyllaryndaky özgerişleri nähili boldy?
4. 2017-nji ýyl ýokary tälim ulgamynda nähili özgerişler boldy?
5. Ýokary okuw mekdebinden soňky tälim ulgamy näçe basgançakly? Ony düşündiriň?

# VI BAP. GARAŞSYZLYK ÝYLLARYNDA YLYM-BILIMIŇ WE SPORTUŇ ÖSÜŞI

## 12-nji tema. Özbegistanda ylym-bilim

**Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda ylym-bilim**. Emele gelen täze taryhy şert ylym-bilim ugruny düýpli özgertme etmegi talap etdi. Sebäbi, derwaýys ylmy-tehniki problemalaryň çözülmegi respublikanyň ösüşini üpjün ederdi.

Ilki bilen, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň martyndaky permany bilen ylmy kadrlary taýýarlanyşyny guraýan ygtyýarly organ – Ýokary attestasiýa komissiýasy (ÝAK) döredildi.

Prezidentiň 1992-nji ýylyň iýulyndaky "Ylym-bilimi döwlet ýoly bilen goldamak we innowasiýa işini ösdürmek barada"ky permany esasynda respublikanyň alymlaryny daşary ýurtlara tejribe toplamaga iberilmegi ýola goýuldy. Ylmy netijeleri içki we daşky bazara alyp çykmak bilen meşgullanýan Respublika ylmy işläp taýýarlamalaryň innowasiýa täjirçilik merkezi Ylymlar akademiýasynyň düzüminde döredildi.

1997-nji ýylda Horezm Mamun akademiýasy gaýtadan dikeldilip, Özbegistan Ylymlar akademiýasynyň regional bölümi hökmünde döredildi.

2000-nji ýylda Ylymlar akademiýasy gündogarşynaslyk institutynyň golýazmalar fondy dünýäniň iň baý golýazmalar hazynasyndan biri hökmünde ÝuNESKO medeni mirasynyň sanawyna girizildi.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2006-njy ýylyň awgustyndaky "Ylmyň we tehnologiýalaryň ösüşiniň laýyklaşdyrmagy we dolandyrmagy kämilleşdirmek çäreleri barada"ky kararyna görä Ministrler Kabinetiniň ýanynda Ylmy we tehnologiýalary ösdürmegi laýyklaşdyryjy komiteti döredildi (bu günki günde ministrlik). Komitete ylmy we tehnologiýalary ösdürmegiň ileri tutulýan ugurlaryny işläp taýýarlamak, akademik we ýokary tälim edaralary ylmy integrirlenmegine, ylmy ugurdaky halkara hyzmatdaşlygy ösdürmäge kömekleşmek ýaly wezipeler belläp goýuldy.



Innowasion taglymlaryň, tehnologiýalaryň we taslamalaryň Respublikan ýarmarkasy

2008-nji ýyldan bäri Daşkentde innowasion taglymlaryň, tehnologiýalaryň we taslamalaryň ýarmarkasy geçirlip gelýär. 2008–2015-nji ýyllaryň dowamynda geçirilen I – VIII ýarmarkalaryň çäginde jemi 4000-den artyk işläp taýýarlamalar tabşyryldy. 2008-nji ýyldan bäri umumy bahasy 113 mlrd. somdan artyk bolan 3000-den artyk şertnamalar düzüldi.

Özbegistanyň alymlary demokratik we hukuk jemgyýetiniň ruhyaň-bilim we medeni ösüşini öwrenmek, innowasion ykdysadyýeti şekillendirmek, energetika we energiýa çig malyny tygşytlamak, informatizasiýa we maglumat-kommunikasiýa, himiýa, bio we nanotehnologiýalary ösdürmek, oba hojalygy, ekologiýa we daşky gurşawy goramak, lukmançylyk, farmakologiýa, geologiýa, geofizika, seýsmologiýa boýunça mälim üstünlikler gazanyldy.

Arheologiýa ylmy ugrunda hem mälim ilerlemeler boldy. Şol sanda, 2002-nji ýyldan “Özbegistanda arheologik barlaglar” ýyllyk toplumlary neşir edilip, olarda respublikamyzyň çäginde alnyp barylýan arheologik barlaglaryň umumylaşdyrylan ylmy netijeleri berip barylýar. 2010-njy ýyldan bolsa “Özbegistanyň Arheologiýasy” ylmy žurnaly çap edilip başlandy.

Bu günki günde ylmyň başga ýönelişlerindäki alymlar hem iri netijeleri gazanýarlar. Ylymlar akademiýasynyň Ösümlik maddalary himiýasy instituty tarapyndan taýýarlanan 10 jiltlik “Tebigy birleşmeler (Ösümlik gorlary, gurluşy we häsiýetleri)” atly seýrek maglumatnama iňlis dilinde Londonda çap edildi. Bu ylym-bilim ugrunda halkara hyzmatdaşlygyň ösýändigini hem delilendirýär.

Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda ýekeje Ylymlar akademiýasynyň ylmy önüm eksporty 8,2 esse köpeldi.

**Ylym-bilim we tälim integrasiýasy**. Özbegistanyň ylmynyň we täliminiň integrasiýasyny üpjün etmek boýunça hem ençeme işler amala aşyrylýar. Bu proses 2012-nji ýyla çenli Ylymlar akademiýasy ulgamynda ylmy-okuw merkezleriniň döredilmegi arkaly amala aşyryldy. Şol sanda, 2011-nji ýyly Ylymlar akademiýasynyň Fizika-tehnika institutynda “Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmelerii” ylmy-okuw merkezi, 2012-nji ýylda Immunologiýa institutynda “Biolukmançylyk” ylmy-tälim innowasion merkezi işläp başlady.

2012-nji ýyldan bolsa, ýokary tälim ulgamynda ylmy sektoryň ösüşini üpjün etmek maksadynda Ylymlar akademiýasynyň 5 ylmy barlag instituty, 4 regional ylmy merkezleri ylmy bölüm hökmünde gaýtadan guralyp, ugry we hünärmenliklerine görä olar degişli ýokary tälim edaralaryna geçirildi.

Ylymlar akademiýasynyň gurluşlaryny gysgaltmak hem-de akademik ylym we tälim integrasiýasyny güýçlendirmek maksadynda 2014-nji ýylda 2 institut we 1 bölüm ýokary tälim edaralarynyň ýanyndaky ylmy-barlag merkezleri hökmünde döredildi.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2012-nji ýyldaky "Ýokary hünärli ylmy we ylmy-pedagog kadrlary taýýarlamak we attestasiýadan geçirmek ulgamyny has-da kämilleşdirmek barada"ky permanyna laýyklykda 2013-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap dissertasiýa goramak we ylym doktory ylmy derejesini bermek boýunça ýokary okuw mekdebinden soňky tälimiň bir basgançakly ulgamy girizildi. Ýöne bu ulgam bar halkara ylym-bilim standartlaryna doly laýyk gelmänligi, respublikadaky bar bolan ylmy mümkinçiligiň peselenligi sebäpli, 2017-nji ýylyň fewralyndan Şawkat Mirziýoýewiň başlangyjy bilen halkara standartlaryna laýyk gelýän, filosofiýa doktory we ylym doktory derejelerini berýän iki basgançakly ulgama geçildi.

**Ylym-bilimdäki düýpli özgertmeler**. 2016–2017-nji ýyllarda Özbegistanyň ylym-biliminde doly manyda düýpli özgertmeler döwri boldy. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew 2016-njy ýylyň 30-njy dekabr güni ilkinji gezek ýurdumyzyň öňdebaryjy ylym-bilim wekilleri bilen duşuşdy. Duşuşyk netijelerine görä, Özbegistanda ylym-bilime üns has-da güýçlendirilmelidigi bellendi. Hereketler Strategiýasynda bellenişi ýaly, ylmyň, ylmy barlaglaryň, innowasiýanyň gazananlaryny höweslendirmek we olary amalyýete ornaşdyrmagyň netijeli mehanizmlerini döretmek hem-de ýöriteleşen laboratoriýa, ýokary tehnologiýa merkezleri we tehnologiýalary girizmek meseleleri aýratyn nygtalan. Döwletimiziň ýolbaşçysy Ş.M.Mirziýoýewiň 2017-nji ýylyň 17-nji fewralynda kabul eden "Özbegistan Respublikasynyň Ylymlar Akademiýasynyň işini kämilleşdirmek we höweslendirmek barada"ky permany Özbegistanda ylmyň ösüşini häzirki zaman siwilizasiýasy talaplary esasynda guramak, hususan-da, ýurtda ornaşdyrylýan çalt ösüşler strategiýasynyň ylmy es-

aslaryny döretmek we önümçiligi ylmy esasda ösdürmek zerurdygyny görkezip berdi. Şunuň bilen birlikde, Ylymlar Akademiýasynyň işini kämilleşdirmek, ylmy işgärleri her taraplaýyn goldamak, ýokary hünärli, talantly kadrlary taýýarlamagyň hilini ýokarlandyrmagyň we ony höweslendirmegiň zerurdygyny nygtady. Prezident Ş.M.Mirziýoýew ylmymyzyň görnükli wekilleri, mekdep döreden beýik alymlar bilen bolan duşuşygynda ençeme derwaýys meseleleri sanap geçdi. Prezidentiň 2017-nji ýylyň 17-nji fewralyndaky "Ylymlar akademiýasynyň işi, ylmy-barlag işlerini guramagy, dolandyrmagy we maliýeleşdirmegi has-da kämilleşdirmek çäreleri barada"ky karary esasynda 9 ylmy-barlag edarasy Ylymlar akademiýasynyň düzümine gaýtaryldy, ençeme ylmy guramalar gaýtadan döredildi, Ylymlar akademiýasynyň ylym ýönelişleri boýunça 3 bölümi we Nowaýy bölümi döredildi, Özbegistanyň iň täze taryhy boýunça Jemgyýetçilik geňeşiniň işi gaýtadan ýola goýuldy.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2017-nji ýylda gol çekilen "Innowasion ösüş ministrligini döretmek barada"ky karary bilen Özbegistan Respublikasynyň Innowasion ösüş ministrligi döredildi. Bu ministrligiň döwlet we jemgyýet gurluşyna, ykdysadyýetiň pudaklaryna, oba hojalygyna, sosial ösüşe, daşky gurşawy goramaga we tebigatdan peýdalanmak ulgamyna innowasiýalary ornaşdyrmak hem-de öňdebaryjy tehnologiýalaryň ornaşdyrylmagy başlamak, laýyklaşdyrmak we höweslendirmek ugrundaky esasy wezipeleri kesgitläp berildi.

Ylymlar akademiýasynyň hakyky agzalygyna ahyrky saýlawlar 1995-nji ýylda geçirilipdi. Geçen ýyllaryň dowamynda akademikleriň sany iki esseden köpräk gysgaldy we 2017-nji ýyla gelip akademiýanyň bary-ýogy 63 sany hakyky agzasy galypdy. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 29-njy dekabryndaky "Özbegistan Respublikasynyň Ylymlar akademiýasynyň hakyky agzalaryny tassyklamak barada"ky taryhy permany bilen 22 ýyllyk uzak arakesmeden soň Ylymlar akademiýasynyň 32 sany täze hakyky agzalary tassyklandy. Bu günki günde ylmy barlag bilen meşgullanýan 400 edara sanawa alnan bolup, ylym ugrunda 36 müň hünärmen, şol sanda, 2 müňden artyk ylym doktory we 9 müňden artyk ylym kandidaty iş alyp barýar.

**Pikir ýörediň!**

Bu günki günde taryh ylmy ugrunda 4 akademik – Ahmadali Askarow, Edward Rtweladze, Anatoliý Sagdullaýew we Dilorom Ýusupowa iş alyp barýar.

***Adalgalaryň düşündirişi:***

**Innowasiýa** – (*iňl.*— girizilen täzelik, oýlap tapma) öňdebaryjy tehnologiýa, dolandyryş we başga ugurlardaky täzelikler we olaryň dürli ugurlarda ulanylyşy.

**Immunologiýa** – (*gr.* — düşünje, taglymat) organizmiň himiki aýratynlyklary, onuň immuniteti baradaky ylym.

**Integrasiýa** – (*lat.* — dikeltmek, doldurmak) käbir bölekleriň, elementleri goşup birleşdirmegi aňladýan düşünje. Ylymlaryň ýakynlaşma we özara baglanyşyk prosesi.

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda döredilen Ýokary attestasiýa komissiýasynyň wezipeleri nämelerden ybaratdy?
2. Ylymlar akademiýasynyň işi barada nämeleri bildiňiz?
3. Ylmy derejä (ylym kandidaty, ylym doktory) eýe bolmagyň bir basgançakly ulgamyndan iki basgançakly ulgama geçmäge nämeler sebäp boldy?
4. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň ylym-bilimi ösdürmek barasyndaky başlangyçlary nämelerde aýan boldy?
5. Bu günki günde Özbegistanda näçe akademik iş alyp barýar? Goşmaça edebiýatlardan peýdalanyp olaryň käbirleriniň adyny aýdyň.

## 13-nji tema. Özbegistan Respublikasynda bedenterbiýäniň we sportuň ösüşi

**Bedenterbiýäni we sporty goldaýan ulgamyň döredilmegi**. Özbegistanda döwlet garaşsyzlygy ele alnansoň, medeniýet, tälim, ylym-bilim bilen bir hatarda bedenterbiýe we sport işlerine uly üns berildi. Döwlet býujetinden goýberilen serişdäniň üznüksiz artyp barmagyda ýurtda bedenterbiýe we sport ugrunyň döwlet syýasatynyň möhüm ýönelişlerinden biri hökmünde garalyp, ugra bolan uly üns görkezijisidir. Hakykatdan hem, abraýly halkara ýaryşlarda ýurdumyzyň sportçylarynyň

üstünlikli gatnaşmaklarynyň iň esasy sebäplerinden biri-de şu ugruň döwlet tarapyndan dogry ýagdaýda goldanýanlygydyr.

1992-nji ýylda Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň IX sessiýasynda “Bedenterbiýe we sport barada” kanunyň kabul edilmegi we oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizilip, 2015-nji ýylda täze redaksiýasy tassyklanmagy sport ugrunyň has-da ösmegine hyzmat etdi.

Respublikada ýokary hünärli sportçylary taýýarlamaga ýöriteleşdirilen 536 çagalar-ýetginjekler sport mekdepleri, 5 olimpia gorlary kolležleri, 8 respublikan ýokary sport ussatlygy mekdepleri iş alyp barýar. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew 2017-nji ýylyň 10-njy awgustynda “Özbegistan döwlet bedenterbiýe institutynyň işini has-da kämilleşdirmek çäreleri barada”ky kararyna gol çekýär. Oňa laýyklykda, Özbegistan döwlet bedenterbiýe instituty Daşkent welaýatynyň Çyrçyk şäherine göçürildi. Özbegistan döwlet bedenterbiýe institutynda 2017–2018-okuw ýylyndan başlap tälimiň gaýybana bölümi döredildi.

Ýurdumyzda bedenterbiýäniň we sportuň maddy-tehniki bazasyny ösdürmek boýunça ençeme işler amala aşyryldy. Hususan-da, Daşkent, Namangan, Jyzzak, Fergana, Buhara, Horezm, Andijan, Samarkant, Gülüstan we başga şäherlerde halkara standartlara jogap berýän ençeme sport toplumlary guruldy. Daşkent şäherindäki “Ýunusabat”, “Jar”, “Milli”, Namangan şäherinde “Pahlawan”, Jyzzak şäherindäki Olimpia gorlary kolleži sport toplumlary we başgalar şolara degişlidir.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň martyndaky permanyna görä, Özbegistanda Respublikasynyň Bedenterbiýe we sport döwlet komiteti döredildi.




**Üç basgançakly sport oýunlary.** Garaşsyzlyk ýyllarynda ýurtda bedenterbiýäni we sporty ýaýbaňlandyrmakda aýratyn döwür boldy. Bu babatda Çagalar sportuny ösdürmegiň respublikan gaznasynyň döredilmegi, 2000-nji ýyldan başlap ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasynda “Uniwersiada”, ýörite orta kesp-hünär kolležleriniň talyplarynyň arasynda “Barkamol awlod (Kämil nesil)”, umumtälim mekdepleriň okuwçylarynyň arasynda “ Umid nihollari”

sport ýaryşlarynyň guralmagy möhüm ähmiýete eýe wakalardyr. Üç basgançakly sport turnirleri geçirilmeginden esasy maksat, ýaşlaryň arasynda sagdyn durmuş ýörelgelerini wagyz etmek hem-de halkara ýaryşlar üçin ýurduň ýygyndy komandasyna dalaşgärleri taýýarlamakdan ybarat bolýar.

Soňky ýyllarda döwletimiz tarapyndan aýal-gyzlar sportuny ösdürmäge uly üns berlip, aýratynam, sportuň çeper gimnastika we sinhron ýüzmek görnüşleri ösdürilýär. Muny bedenterbiýe we sport bilen meşgullanýan aýal-gyzlaryň sanynyň yzygider artýandygy-da tassyklaýar. Hakykatdan hem, garaşsyzlyk ýyllarynda sport mekdeplerinde we dürli toparlarda ýerli millet gyzlarynyň gyzyklanyp, işjeňlik bilen meşgullanýanlary barha köpelýär.

Garaşsyzlyk ýyllarynda diňe bir sportuň halkyň arasyndaky köpçülikleýinligini üpjün etmek däl, eýsem käbir sport görnüşlerini ösdürmäge uly üns berildi. Şol sanda, özbekçe göreş, tennis, küşt, boks boýunça Özbegistanyň sporty dünýä möçberinde öz ýerine eýe boldy. Tennis boýunça Iroda Tolaganowanyň, boks boýunça Ruslan Çagaýew, Artur Grigorýan we Muhammetkadyr Abdullaýewleriň dünýä sport arenalaryndaky üstünlikleri Özbegistanyň sportçylarynyň ilkinji netijeleridi.

**Göreş**. Garaşsyzlyk arkaly milli sport görnüşleriniň gaýtadan dikeldilmegine we olaryň sport görnüşi hökmünde halkara möçberde ykrar edilmegine mümkinçilikler döredildi. 1992-nji ýyldan başlap Termiz we Şährisebz şäherlerinde milli göreş boýunça ilkinji halkara ýaryş geçirildi. 1992-nji ýylda Özbegistanda göreş federasiýasy, 2001-nji ýylda kemerli göreş federasiýasy düzüldi. Prezidentiň ýörite permany bilen 1998-nji ýylyň sentýabr aýynda Daşkentde Aziýa, Afrika we Ýewropa kontinentinden gelen 28 döwlet wekilleri gatnaşmagynda Halkara göreş Assosiasiýasy düzüldi.



Göreş boýunça halkara turnir

2000-nji ýylda bolsa Türkiýäniň Ankara şäherinde göreş boýunça 2-nji dünýä çempionaty bolup geçdi. Özbek göreşi dünýä ýüz tutmak bilen has-da baýnalmilal aýratynlyga eýe boldy. 2016-njy ýyla gelip, Halkara göreş Assosiasiýasyň dünýäniň ähli kontinentlerinde 120-den artyk göreş

**Ýatda saklaň!**

2003-nji ýylda Aziýa Olimpia geňeşiniň Kuweýtde geçen XXII Baş assambleýasynda özbek göreşi Aziýa oýunlary maksatnamasyna girizildi.

federasiýalary döredildi. Milli sport görnüşimiziň halkara meýdanda giň ykrar edilmegi-de ýurdumyzyň halkara aragatnaşyklarynyň has-da giňelmegine, onuň şekillenmegine sebäp bolýar.

**Olimpiada**. 1993-nji ýylyň sentýabrynda Halkara Olimpia Komitetiniň 101-nji sessiýasynda Özbegistan Respublikasynyň Milli Olimpia Komiteti doly ykrar edildi. Komitet bu günki güne çenli halkara sport we olimpia hereketiniň ösüşine kömek berip gelýär. Ol Özbegistanda olimpia taglymlaryny wagyz etmek, Olimpia oýunlarynda respublikanyň wekilleriniň gatnaşygyny üpjün etmek, dünýä sportçylary bilen dostlukly gatnaşyklary ýola goýmak we ösdürmek wezipeleri bilen meşgullanýar.

1996-njy ýylyň ýanwarynda Halkara Olimpiýa Komitetiniň kararyna görä, dünýä sportuny ösdürmekdäki hyzmatlary we olimpia taglymlaryna wepalylygy üçin Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti Islam Karimow Olimpiýa Altyn ordeni bilen sylaglandy.

Daşkentde 1996-njy ýylyň awgustynda Olimpia şan-şöhraty muzeýi döredildi. 2000–2016-njy ýyllar aralygyndaky tomusky Olimpia we Aziýa oýunlarynda ýurdumyzyň sportçylary üstünlikli gatnaşdylar. A.Taýmazow, M.Ibragimov (erkin göreş), A.Doktoraşwili (grek-rum göreşi), R.Sobirow (dzýudo), O.Haýdarow, A.Atoýew, B.Sultanow (boks), A. Fokin (sport gimnastikasy), Ýekaterina Hilko (tramplin) ýaly sportçylarymyz ýurdumyzyň sportunyň şöhratynyň halkara meýdanda has-da artmagyna öz goşantlaryny goşdular. Hususan-da, erkin göreşçi Artur Taýmazow birnäçe gezek Olimpia çempiony derejesine sezewar bolan ýeke-täk sportçy boldy.



2016-njy ýyldaky Olimpiada baýrakçylary

2016-njy ýylda Rio-de-Žaneýro şäherinde (Braziliýa) bolup geçen XXXI ýazky Olimpiada ýurdumyzyň taryhyndaky iň önümli ýaryş boldy. Şol Olimpiadada iň köp medaly boksçylarymyz eýelediler. Deri ellik ussatlarymyzyň 7-si Riodan medal bilen gaýtmaga miýesser boldular.

Olar: Hasanbaý Dostmatow, Şahobiddin Zairow, Fazliddin Gaýypnazarow (altyn), Şahram Giýasow, Bektemir Melikozyýew (kümüş), Rustam Tolaganow, Murodjan Ahmadaliýew (bronza). Şu netije Olimpiadadaky boks ýaryşlaryndaky iň ýokary netije boldy. Sportuň şu görnüşinde medal toplamak boýunça olar Kubadan, Gazagystandan we Russiýadan baran bäsdeşlerini yzda galdyryp, şu sport görnüşinde birinjiligi eýelediler. Agyr atletikaçylarymyz Ruslan Nuriddinow Olimpiada rekordyny täzelemek bilen, altyn medalyň eýesine öwrüldi.

**Futbol**. Garaşsyzlyk ýyllarynda sportuň iň köpçülikleýin görnüşi – futbola üns döwlet syýasaty derejesine göterildi. Ministrler Kabineti Özbegistanda köpçülikleýin we professional futboly has-da ösdürmek, onuň maddy bazasyny berkitmek, futbolçylaryň täze neslini taýýarlamak we terbiýelemek, Watanymyzyň futbolynyň halkara abraýyny artdyrmak maksadynda 1993-nji ýylda “Özbegistan Respublikasynda futboly has-da ösdürmek çäreleri barada”ky, 1996-njy ýylda “Özbegistanda futboly ösdürmegiň guramaçylyk esaslaryny we prinsiplerini düýpgöter kämilleşdirmek çäreleri barada”ky, 2006-njy ýylda “Özbegistanda futboly ösdürmäge degişli goşmaça çäreler barada”ky Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň kararlary möhüm ähmiýete eýe boldy.

Dünýä Özbegistanyň sportçylarynyň mümkinçiligini we güýjüni görkezýän özbek sudýasy Rawşan Ermatow Özbegistanyň futbol federasiýasynyň halkara taýpadaky sudýasy derejesini we 2003-nji ýyldan FIFA sudýasy statusyny 11 we 2014-nji ýyllarda bäş gezek Aziýanyň iň gowy sudýasy diýlip ykrar edildi. Halkara futbol bileleşikleri federasiýasy



Futbol boýunça halkara derejedäki sudýa R.Ermatow

**Ýatda saklaň!**

Özbegistanyň futbol ýygyndy komandasy halkara turnirlerde üç gezek baş sylagy eýelediler. Birinjisi, 1994-nji ýyldaky Aziýa oýunlaryda olimpia ýygyndy komandasy, 2012-nji ýylda 17 ýaşa çenli bolan ýetginjekler Aziýa chempionaty ýeňiisi, 2018-nji ýylda 23 ýaşa çenli bolan olimpia ýygyndy komandasy Aziýa çempiony derejesine sezewar boldy.



Aziýa çempionlary. 2018-nji ýyl

ony 2011-nji ýylda “Dünýäniň iň gowy sudýasy” hökmünde ykrar etdi. R.Ermatow öz işi dowamynda futbol boýunça dünýä çempionatlarynyň final basgançagynda iň köp – 9 duşuşygy dolandyryp (2014-nji ýyla çenli), dünýä rekordyny goýdy. Rawşan Ermatow Prezidentiň permanlaryna görä 2010-njy ýylda “Özbegistan iftihori (buýsanjy)” hormatly derejesi, 2014-nji ýylda “Il-ýurt hormaty” ordeni, şonuň ýaly-da, 2015-nji ýylda “Beýik hyzmatlary üçin” ordeni, hemde “Malibu” awtomobili bilen sylaglandy.

2018-nji ýyl Hytaýda geçirilen 23 ýaşa çenli bolanlaryň arasynda geçirilen Aziýa çempionatynda Özbegistanyň ýygyndy komandasy ýeňiji boldular. Prezident Şawkat Mirziýoýewiň tabşyr-magy bilen Aziýa çempionatynda ýeňiş gazanan Özbegistan olimpia ýygyndy komandasynyň agzalaryny dabaraly sylaglamak çäresi bolup geçdi. Kontinent çempionlarynyň her birine Prezident sowgady – hersine täze Chevrolet Malibu awtomobili tabşyryldy.

?

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda sport ugrunda nähili çäreler amala aşyryldy?
2. Üç basgançakly sport oýunlaryny geçirilmeginden maksat nämedi?
3. Olimpiada oýunlaryndaky üstünlikleri sanaň.
4. Özbegistanyň boks mekdebi we onuň halkara meýdandaky üstünliklerini düşündiriň.
5. Özbek milli göreşi we onuň ösüş basgançaklary barada aýdyp beriň.
6. Özbegistanyň futbol ýygyndy komandasynyň üstünlikleri bilen bagly ýaryşlary ýada salyň! Olar haýsy ýyllarda bolupdy?

## 14-nji tema. Özbegistanda ýaşlar syýasaty

**Ýaşlar guramasy**. Özbegistan Respublikasy garaşsyzlyk gazanandan soň ýurduň ýaşlaryny birleşdirmek üçin “Ýaşlar bileleşigi” guramasy düzüldi. Gurama ýaşlary öz plenumy we konferensiýalary kararlaryny ýerine ýetirmäge mobilizlemäge çalyşmagy, kararlarda ýaşlaryň bähbitleri we

islegleri doly şöhlelenmänligi netijesinde 1996-njy ýylda "Ýaşlar bileleşigi" guramasy ýatyrlyp, Özbegistan Respublikasynyň ýaşlarynyň "Kamolot" gaznasy düzüldi. "Kamolot" gaznasynyň wezipesi ýaşlaryň bähbitlerini we isleglerini öwrenmek, olary kanagatlandyrmak boýunça maksatnamalar düzmek we döwletiň kömeginde durmuşa geçirmekden ybaratdy. Emma "Kamolot" ýaşlar gaznasy şeýle wezipeleri ýerine ýetirip bilmedi, ýaşlaryň hakyky manydaky öňdebaryjysyna öwrülip bilmedi, diýlip hasaplanyldy.

2001-nji ýylda Daşkentde bolan ýaşlar gurultaýynda özüni özi dolandyrýan döwletden täjirçilikden daşary gurama – Özbegistan Respublikasynyň "Kamolot" ýaşlar sosial hereketi düzüldi. "Kamolot" ýaşlar sosial hereketiniň esasy maksady ýaşlary birleşdirmek, jemgyýetde mynasyp ornuny eýelemäge kömekleşmek, olaryň bähbitlerini goramak, ýaş ýigit-gyzlaryň öz akyl-paýhasyny, güýç-gaýratyny doly ýüze çykarmagy üçin zerur şertleri döredip bermak, ýaş nesliň daýanjy we söýegi bolmakdan ybaratdyr. Hereketiň Garagalpagystan Respublikasy, welaýatlar, Daşkent şäher, tümen we şäher bölümleri, tälim edaralary, harby bölümler, hukuk-tertip organlarynda başlangyç guramalary düzüldi. Olar 14 ýaşdan 28 ýaşa çenli bolan Özbegistanyň raýatlary – ýaşlary öz hatarlarynda islendik ýagdaýda birleşdirmek bilen iş alyp bardy.

2017-nji ýylyň 30-njy iýun güni Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň gatnaşmagynda "Kamolot" Ýaşlar sosial hereketi (ÝaSH) gurultaýy bolup geçdi. Bu gurultaýda "Kamolot" ÝaSH guramasynyň ýatyrylandygy we "Özbegistan ýaşlar Bileleşigi" döredilenligi yglan edildi. Ýaşlaryň meseleleri hem-de başlangyçlary Özbegistanyň Prezidentiniň gönüden-göni üns merkezinde bolýandygyny üpjün etmek maksadynda "Özbegistan ýaşlar Bileleşigi" başlygy bir wagtyň özünde Prezidentiň Döwlet maslahatçysy wezipesinde bolmagy-da belläp goýuldy.

**Ýaşlaryň döwlet tarapyndan goldanmagy**. Millet gelejegi hem ruhy, hem beden taýdan güýçli, sagdyn ýaşlaryň elinde. Özbegistanyň ilatynyň 60

**Ýatda saklaň!**

1996-njy ýylda «Kamolot» ýaşlar gaznasy düzüldi. 2001-nji ýyl bu gazna «Kamolot» ýaşlar sosial hereketine öwrüldi. 2017-nji ýylda şu hereketiň işi ýatyrlyp, «Özbegistan ýaşlar Bileleşigi» döredildi. 30-njy iýun senesi «Ýaşlar güni»hökmünde bellenýän boldy.

göterimden gowragyny 30 ýaşa çenli bolan ýaşlar düzýär. Respublikamyz garaşsyzlyk gazanan ilkinji döwürden başlap ýaş nesliň tälim-terbiýesi, saglygyna uly üns berilýär. Bu derwaýys mesele döwlet syýasatynyň iň möhüm ileri tutulýan wezipelerinden biri hasaplanýar. Kadrlary taýýarlamagyň milli maksatnamasy, tälim ugrundaky dünýä ülňülerine laýyk özgertmeler, ilatyň saglygyny saklamaga gönükdirilen çäksiz işleriň aşagynda hem ynha şeýle ýakyn maksatlar jemlenen. 1991-nji ýylyň noýabrynda “Özbegistan Respublikasynda ýaşlara degişli döwlet syýasatynyň esaslary barada”ky kanun kabul edildi. 1997-nji ýylda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň zehinli ýaşlaryň daşary ýurtlarda okamagyny goldamak boýunça “Umid” gaznasyny döretmek barada permany yglan edildi.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2014-nji ýyldaky “Özbegistan Respublikasynda ýaşlara degişli döwlet syýasatyny amala aşyrmaga gönükdirilen goşmaça çäreler barada”ky kararynyň kabul edilmegi ýurdumyzda ýokary ruhyýetli, özbaşdak we erkin pikirlenýän, häzirki zaman ylym-bilim üstünliklerini pugta özleşdiren her taraplaýyn sagdyn we kämil nesli kemala getirmek barasyndaky işleriň mantyky dowamy boldy. Şu karar ylym-bilimi has-da ösdürmek, zehinli we ukyply ýaşlary, şol sanda, gyzlary intellektual mümkinçiligini ýüze çykarmak üçin has-da giň şertler döretmäge gönükdirilen.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýaş zehinli gyzlaryň edebiýat, medeniýet, sungat, ylym we tälim ugurlarynda öz talantyny, mümkinçiligini we ukyplaryny ýüze çykarmaga mümkinçilik döredip beren Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 1999-njy ýylda kabul eden “Zulfiýa adyndaky döwlet baýragyny esaslandyrmak boýunça teklipleri goldamak barada”ky permany jemgyýetçilik durmuşynda kämil hünärmenler, öňdebaryjy we zehinli gyzlaryň şekillenmegine esas döretdi.

80-e ýakyn aýal-gyzlaryň klassyky aýdymçylyk, akademik ýerine ýetirme, estrada, opera, balet, saz gurallary bilen, adaty ýerine ýetirijilik, tans ýönelişlerinde “Nihol” baýragy bilen sylaglanandygy doly manyda olara berilýän ýokary üns we gamhorlygyň aýdyň beýanydyr.

**Ýatda saklaň!**

2017-nji ýyla gelip 14 ýaşdan 22 ýaşa çenli bolan gyzlardan ybarat «Zulfiýa» baýragy baýrakçylarynyň sany 200-den geçdi.

Harby gullugyň ýaşlar üçin pugta ýaşaýyş prinsipleri, harby gullugy tamamlaýan ýaşlary höweslendirmegiň ähmiýetini, olaryň okuwyny dowam etdirmegi we ýurduň ýokary okuw mekdeplerine okuwa girmegi üçin ýeňllik we şertler döretmegi hasaba alyp, 2005-nji ýylda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň "Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly güýçleriniň hatarynda möhletleýin harby gullugy geçýän harby gullukçylara berilýän ýeňllikler ulgamyny has-da kämilleşdirmek çäreleri barada"ky karary yglan edildi. Şu karara görä, Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly güýçleriniň hatarynda möhletli harby gullugy geçip bolan raýatlar üçin respublikanyň ýokary okuw jaýlaryna okuwa girende test synaglarynda toplanan iň köp ballyň 25 göterimi mukdarynda goşmaça ball şekilindäki ýeňllik bermek bellendi.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ýaşlaryň her taraplaýyn ýetik, kämil kemala gelmegi üçin mustahkam kanunçylyk bazasy döredildi. Hususan-da, 23 kanun we 100-den artyk normatiw-hukuk resminamalary kabul edilip, yzygiderli durmuşa geçirilýär. Mundan daşary, ýyllara at berlende-de ýaşlaryň bähbitleri aýratyn hasaba alyndy. Hususan-da, 2000-nji ýyl – "Sagdyn nesil ýyly", 2001-nji ýyl – "Eneler we çagalar ýyly", 2008-nji ýyl – "Ýaşlar ýyly", 2010-njy ýyl – "Kämil nesil ýyly", 2014-nji ýyl – "Sagdyn çaga ýyly", 2016-njy ýyl – "Sagdyn ene we çaga ýyly", diýip yglan edilip, bitewi çäreler maksatnamalary amala aşyrylandygy pikirimiziň tassyklamasydyr.

**Ýaşlara ünsüň güýçlenmegi**. 2016-njy ýylda "Ýaşlara degişli döwlet syýasaty barada"ky Özbegistan Respublikasynyň kanuny kabul edildi. Oňa görä, 30 ýaşa çenli bolan ähli taýpadaky şahslaryň ýaşlardygy bellenen. "Ýaşlara degişli döwlet syýasaty barada"ky kanunyň kabul edilmegi ýurdumyzda ýaşlaryň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini berkitmäge, ýaşlara degişli döwlet syýasatyny ýüze çykarmakda döwlet organlarynyň hem-de başga guramalaryň jogapkärçiligini güýçlendirmäge, şu ugurda sagdyn, kämil nesli terbiýelemäge gönükdirilen çäreleriň netijeliligini has artdyrmaga hyzmat edýär.



Temurbekler mekdebi

Prezidentimiziň 2017-nji ýylyň iýulyndaky “Ýaşlara degişli döwlet syýasatynyň netijeliligini artdyrmak we Özbegistanyň Ýaşlar Bileleşiginiň işini goldamak barada”ky permanyna görä, ýurdumyzdaky ähli harby akademik liseýlere “Temurbekler mekdebi” ady berildi. Ýaşlary has-da höweslendirmek maksadynda “Mert oglan” baýragy esaslandyryldy. Şu ýylyň sentýabrynda okuwçylaryň anyk ylymlaryň ýokary sepgitlerini zabt etmegine kömekleşmek, maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary ugrundaky zehinlerini anyklamak hem-de ukyplaryny ýüze çykarmak üçin zerur şertleri döretmek maksadynda Özbegistan Respublikasynyň Informasion tehnologiýalaryny we kommunikasiýalaryny ösdürmek ministrliginiň garamagynda Muhammet al-Horezmi adyndaky informasion-kommunikasiýa tehnologiýalary ugruna degişli ylymlary çuňlaşdyryp okatmaga ýöriteleşdirilen mekdep (Al-Horezmi mekdebi) döredildi. Şu mekdebe okuwçylar 5-nji synpdan başlap ýazma we agzeki synag netijelerine görä seçgi esasynda kabul edilýär.

**Pikir ýöretme!**

«Bu günki dünýäniň ýaşlary – san taýdan tutuş adamzat taryhyndaky iň iri nesildir, çünki olar 2 milliard adamy düzýär. Planetamyzyň ertirki güni, abadanlygy perzentlerimiz nähili ynsan bolup kemala ýetişi bilen bagly. Biziň esasy wezipämiz – ýaşlaryň öz mümkinçiligini ýüze çykarmagy üçin zerur şertleri döretmek, zorluk taglymy «wirusy» ýaýramagynyň öňüni almakdyr. Munuň üçin ýaş nesli durmuş taýdan goldamak, onuň hukuklaryny we bähbitlerini goramak babatdaky köp taraplaýyn hyzmatdaşlygy ösdürmeli, diýip hasaplaýarys. Şu mynasybetli Özbegistan globallaşma we maglumat-kommunikasiýa tehnologiýalary çalt ösüp barýan bu günki şertde ýaşlara degişli syýasaty şekillendirmäge we amala aşyrmaga gönükdirilen umumlaşdyrylan halkara hukuk resminama – BMG-nyň Ýaşlaryň hukuklary baradaky halkara konwensiýasyny işläp taýýarlamagy teklip edýär».

*Şawkat Mirziýoýewiň BMG Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasyndaky çykyşyndan.*

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. Özbegistanda ýaşlar umumy ilatyň näçesini düzýär? Biz kimleri ýaşlar diýip atlandyrýarys?

2. Lex.uz saýtyndan 2016-njy ýyldaky "Ýaşlara degişli döwlet syýasaty barada"ky kanuny tapyp, many-mazmunyny aýdyp beriň.
3. Özbegistanyň ýaşlara degişli döwlet syýasatynyň esasy prinsiplerini düşündiriň.
4. Bu günki günde ýaşlara berilýän ýeňllikler barada nämeleri bilýärsiňiz?
5. Prezident Ş.Mirziýoýewiň BMG Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasyndaky çykyşyndaky ýaşlar meselesine degişli garaýyşlary düşündiriň.

# VII BAP. GARAŞSYZLYK ÝYLLARYNDA ÖZBEGISTANDA RUHY WE MEDENI ÖSÜŞ

## 15-nji tema. Özbegistanda ruhy we taryhy mirasyň dikeldilmegi

**Taryhy hatyranyň dikeldilmegi.** Özbegistan suweren döwlet hökmünde jemgyýetçilik-syýasy durmuşynda ruhy täzeleniş prosesini amala aşyrmazdan garaşsyzlygy her taraplaýyn berkidip bolmaýandygyny ýaşaýşyň özi görkezdi. Şonuň üçin hem ýurduň ýolbaşçylary garaşsyzlygyň ilkinji wagtyndan başlap bu babatda zerur çäreler gördi.

1991-nji ýylda Alyşir Nowaýynyň doglan gününiň 550 ýyllygy giňden bellendi. Alyşir Nowaýynyň adynda Döwlet baýragy döredildi. Edebiýat institutyna Alyşir Nowaýynyň ady dakyldy. Nowaýynyň heýkeli Daşkendiň Komsomol köli diýlip atlandyrylýan seýil bagyna oturdyldy we bu bag Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Milli bagy diýlip atlandyrylýan boldy.

1994-nji ýyly hökümet karary bilen ýurdumyzda Ulugbek ýyly, diýip yglan edilmegi, onuň 600 ýyllygyny Özbegistanda we dünýä möçberinde, hususan-da, ÝuNESKO karargähi Parižde giň bellenmegi-de beýik alymlar galdyran miras umumadamzat gymmatlyga öwrülenliginiň nyşanydyr. 1996-njy ýylda Emir Temuryň doglan gününiň 660 ýyllygy hem giň möçberde bellendi. Ýurduň Prezidenti "1996-njy ýyly Emir Temur ýyly" diýip atlandyrmak barada perman kabul etdi. "Temur tuzuklary" birnäçe dilde çap edildi. Şol döwrüň taryhy medeni ýadygärlikleri dikeldilip, ýazma edebiýatlar ylmy dolanyşyga girizildi. Örän gysga pursatda, Daşkentde babakelanymyzyň dünýewi şan-şöhratyna laýyk gelýän Temuriýler döwlet taryhy muzeýi guruldy.



Samarkant,
Emir Temur heýkeli



Şährisebz,
Emir Temur heýkeli



Daşkent,
Temuriýler taryhy döwlet muzeýi

Hökümetiň ýörite kararyna görä, 1999-njy ýylyň dekabrynda Horezmde Muhammet Riza Erniýazbek ogly Agahiýniň doglan gününiň 190 ýyllygy, Nukusda Ajiniýaz Kosibaý oglunyň doglan gününiň 175 ýyllygy, 1998-nji ýylyň oktýabrynda bolsa Ferganada Ahmet al-Ferganynyň doglan gününiň 1200 ýyllygy giň bellendi. Yslam äleminiň güýçli alymlary bolan Ymam Ysmaýyl Buharyniň 1225 ýyllygy, Ymam Abu Iso Termiziýniň 1200 ýyllygy, Mahmyt Zamahşarynyň 920 ýyllygy, Nejmiddin Kubranyň 850 ýyllygy, Bahaweddin Nagşbendiniň 675 ýyllygy, Hoja Ahror Weliýniň 600 ýyllygy we başga beýik alymlaryň ýubileýleri giňden bellendi.

**Ýatda saklaň!**

1993-nji ýylda Daşkentde, 1996-njy ýylda Samarkantda we Şährisebzde Emir Temuryň heýkeli açyldy. Şol ýylda Samarkant we Şährisebz şäherleri “Emir Temur” ordeni bilen sylaglandy.



Zulfiýa we Hamid Alymjan

**Ynsan hatyrasy baky.** Ýurdumyzyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň ünsi bilen il-ýurda zähmeti siňen ynsanlaryň hormatyny berjaý etmek däbi dowam etdirilýär. 2017–2018-nji ýyllarda bu babatda uly işler amala aşyryldy. Daşkentde, Samarkantda we Karşyda Islam Karimow, Namangan welaýatynda Ishakhan Ibrat, Horezm welaýatynda Kamiljan Ataniýazow, Garagalpagystanda Ibraýym Ýusupow, Ferganada Erkin Wahidow, Kaşgaderýada Abdulla Oripow, Andijanda Muhammet

Ýusuf hatyralaryny ebedileşdirmek boýunça iri çäreler geçirildi. Olaryň ady dakylan merkezler, döredijilik mekdepleri döredildi. Jyzzak şäherinde Hamid Alymjan we Zulfiýa hatyrasyna bagyşlap gurlan ýadygärlik toplumy açyldy.

Ýurdumyzyň ösüşi ugrunda jan aýaman hyzmat eden, milli edebiýatymyzyň we medeniýetimiziň ösmegine uly goşant goşan görnükli döwlet işgäri, at gazanan ýazyjy Şaraf Raşidowyň doglan gününiň 100 ýyllygynyň bellenmegi halkymyzy begendirdi. Özbegistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 27-nji martyndaky “Görnükli döwlet işgäri we ýazyjy Şaraf Raşidowyň doglan gününiň 100 ýyllygyny bellemek barada”ky karary esasynda 2017-nji ýylyň 6-njy noýabrynda – Şaraf Raşidowyň doglan güni Jyzzakda dabaraly çäreler bolup geçdi. Jyzzak şäherindäki çärede Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew gatnaşyp, söz sözledi.



Ş.Raşidowyň heýkeli. Jyzzak

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 25-nji ýanwaryndaky “Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti Islam Abduganiýewiç Karimowyň hatyrasyny ebedileş-dirmek barada”ky kararyna görä, Islam Karimowyň heýkelleri Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäherine, Islam Karimow doglup ösen Samarkant şäherine we Islam Karimow birinji ýolbaşçy bolup işlän Kaşgaderýa welaýatynyň Karşy şäherine oturdyldy.



I.Karimowyň kümmeti

**Ýatda saklaň!**

Respublika ýolbaşçylyga Islam Karimow gelensoň, Şaraf Raşidowyň şahsyna görä ähli töhmet we yzarlamalar bes edildi. Onuň päk ady aklandy. 1992-nji ýylda Şaraf Raşidowyň doglan gününiň 75 ýyllygy giň bellendi. 2016-njy ýylda Prezident Şawkat Mirziýoýewiň başlangyjy bilen Jyzzak tümenine Şaraf Raşidowyň ady dakyldy.



I.Karimowyň heýkeli.
Samarkant

Mundan daşary, 2018-nji ýylda Samarkant şäherinde, Islam Karimow jaýlanan ýerde ýadygärlik toplumy guruldy. Islam Karimow köp ýyllaryň dowamynda iş alyp baran Daşkent şäherindäki Aksaraý karargähinde Islam Karimow adyndaky ylmy-medeni ýadygärlik toplumy döredildi. Şonuň ýaly-da, ençeme köçeler we iri obýektlere Islam Karimowyň ady dakyldy. Prezidentiň permany bilen 2018-nji ýylyň 30-njy ýanwarynda Islam Karimowyň doglan gününiň 80 ýyllygy giň bellendi, 24-nji martda bolsa Samarkantda halkara maslahat geçirildi.

**Milli urp-adatlaryň, gymmatlyklaryň we däpleriň dikeldilmegi.** Garaşsyzlyk arkaly halkymyzyň milli-ruhy mirasyny dikeltmek we täzelemek hem-de halkymyzyň aňyna ýetirmek we durmuşyna siňdirmek möhüm wezipelerden biri hökmünde gün tertibine goýuldy.

**Ýatda saklaň!**

Özbegistanda resmi taýdan 3 hatyra güni bar: 1) 1999-njy ýyldan başlap 9-njy maý – «Hatyra we hormatlama güni»; 2) 2001-nji ýyldan başlap 31-nji awgust – «Gadagan gurbanlaryny ýatlama güni»; 3) 2017-nji ýyldan başlap 2-nji sentýabr – Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti Islam Karimowyň hatyrasy güni.

**Özüňizi synaň!**

Eždatlar hatyrasy – bu ...
Islam Karimow – bu ...
Şaraf Raşidow – bu ...
2017-nji ýyldaky ruhy dikeldiş – ...

Halkymyzyň ozaldan gelýän gymmatlygy, söýgüli baýramy hasaplanýan “Nowruz” baýramyny halkymyza gaýtaryp berilmegi ýurduň taryhynda uly waka boldy. 1991-nji ýyldan başlap ýurtda Prezidentiň permanyna görä, 21-nji mart – Nowruz umumhalk baýramy hökmünde bellenýän boldy. Gadymy halk baýramy – Nowruzyň dikeldilmegini respublikamyzyň tutuş ilaty hoşallyk bilen makullap, ruhubelentlik bilen garşy aldylar we häzirki wagtda hem hormatly baýram hökmünde bellenilýär.



«Nowruz» baýramynyň şadyýanlyklary

Özbegistan entek sowetler garamagynda durýan agyr günlerde Islam Karimow halkyň arzuw-islegine gulak asyp, unudylmaz taryhy resminama gol çekdi. 1990-njy ýylyň 2-nji iýun güni “Musulmanlaryň Saud Arabystanyna haja barmagy barada”ky permanyny yglan etdi.

Ýurtda Yslam dini faktoryndan önümli peýdalanmak, onuň baý ruhy we medeni gymmatlyk hökmündäki mümkinçiliklerini giňeltmek çäreleri görüldi. Şol sanda, 1990-njy ýylda musulmanlaryň Haj zyýaratyna barmagyny kepillendirýän Prezidentiň ýörite permany kabul edildi.

1992-nji ýylyň 27-nji martynda Özbegistanyň Prezidentiniň “Oraza baýramyny dynç alyş güni, diýip yglan etmek barada”ky permanyna görä, musulmanlaryň durmuşyndaky mübärek seneler – Gurban we Remazan haýytlaryny hemişelik ýagdaýda baýram etmek we olary dynç alyş günleri, diýip yglan edilmegi-de hut halkymyzyň göwnündäki iş boldy.

Garaşsyzlyk arkaly “Yslam nury” hepdenamasy, “Hidoýat” žurnaly dünýä geldi, köp dini-ahlak edebiýatlar çap edilip başlandy. Şol sanda, Ymam Buharynyň dört jiltden ybarat, Ymam Termiziýniň bir jiltli hadys kitaplary, başga beýik alymlaryň ençeme eserleri ýüz müňlerçe nusgalarda çap edildi. Gurhany Kerim sekiz gezek, jemi bir million nusgada neşir edildi. Bu mukaddes kitap ýurdumyzda ilkinji gezek 1992-nji ýylda Alouddin Mansur tarapyndan özbek diline terjime edildi we üç gezek, jemi 300 müň nusgada çapdan çykdy.




Gurhanyň özbekçe terjimesiniň nusgasy

**Ýatda saklaň!**

Prezident Şawkat Mirziýoýewiň başlangyjy bilen ilat sanynyň we soňky ýyllarda haj zyýaratyna barmak islegini bildirýänler sanynyň barha artýandygy hasaba alnyp, 2017-nji ýyldan özbegistanly raýatlar üçin haj kwotasynyň sany 5200-den7200-e köpeldildi.

2004-nji ýyly bolsa Daşkent Yslam uniwersitetinde Gurhany Kerimiň şyh Abduleziz Mansur terjime eden düşündirişli neşiri taýýarlandy hem-de çap edildi.

Özbegistanyň musulmanlary azatlyga we amatly mümkinçiliklere eýe bolýarlar. Olar gönüden-göni hökümetiň kömeginde her ýyl mukaddes haj we umra amallaryny berjaý etmäge mümkinçilik gazandylar. Eger sowet döwründe ýurdumyzyň raýatlaryndan diňe 3-4 adam haj saparyna baran bolsa, 2016-njy ýyla çenli her ýyl 5000-den artyk raýatlarymyz hajy boldular.

Ruhy päkleniş, gymmatlyklaryň dikeldilmegi bir günde bölýän proses däl, eýsem ol bizden üznüksiz ýagdaýda yzygiderlilik bilen iş alyp barmagymyzy talap edýändigi tebigydyr. “Ymam Abu Mansur al-Moturidiý doglan gününiň 1130 ýyllygyny bellemek barada”ky, “Burhaniddin al-Marginany doglan gününiň hijriý sene boýunça 910 ýyllygyny bellemek barada”ky Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň kararlary pikirimiziň aýdyň subudydyr. 2003-nji ýyly bolsa nagşbandiýa tarykatyny esaslandyran Abduhalyk Gijduwany doglan gününiň 900 ýyllygy giň bellendi.

**Şuny okaň!**

- 1997-nji ýyl – Hywa we Buhara şäherleriniň 2500 ýyllyk ýubileýi bellendi.
- 2002-nji ýyl – Termiz şäheriniň 2500 ýyllyk ýubileýi bellendi.
- 2002-nji ýyl – Şährisebz şäheriniň 2700 ýyllygy bellendi.
- 2003 ýyl – Nukus şäheriniň 70 ýyllygy bellendi we şäher “Dostluk” ordeni bilen sylaglandy.
- 2006-njy ýyl – Karşy şäheriniň 2700 ýyllygy bellendi.
- 2006-njy ýyl – Horezm Mamun akademiýasynyň 1000 ýyllygy bellendi.
- 2007-nji ýyl – Samarkant şäheriniň 2750 ýyllyk ýubileýi geçirildi.
- 2007-nji ýyl – Margilan şäheriniň 2000 ýyllyk ýubileýi geçirildi.
- 2009-njy ýyl – Özbegistan Respublikasynyň paýtagty Daşkent şäheriniň 2200 ýyllygyna bagyşlanan dabaraly çäre geçirildi.

**Ruhyýet wagzy.** Ýurduň ruhy durmuşyny has-da gowulandyrmakda 1994-nji ýylda Prezidentiň karary bilen döredilen “Ruhyýet we medeni aň-bilim” jemgyýetçilik Merkezi möhüm ähmiýete eýe boldy. Ýurdumyzda milli taglym wagzy we ruhy-medeni aň-bilim işleriniň netijeliligini, olaryň durmuşylygyny we täsirliligini artdyrmak maksadynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2006-njy ýylyň 25-nji awgustyndaky karary bilen Respublikan Ruhyýet we medeni aň-bilim Geňeşiniň düzüminde iki merkez – Respublikan Ruhyýet wagyz merkezi we Milli taglym we aňyýet ylmy-amaly merkezi döredildi. Baş ministr Geňeşiň başlygy, häkimler welaýat territorial geňeşleriniň başlygy edip bellendi. Ruhy-medeni aň-bilim işleri ulgamy döwrüň we şertiň talabyna görä kämilleşdirildi. Bu günki günde dünýädäki çylşyrymly we howsalaly ýagdaý şu ugurda amala aşyrylan işleri tankydy bahalap, onuň işini döwrüň talaplary esasynda kämilleşdirmegi talap edýär. Şu sebäpli Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 28-nji iýulyndaky “Ruhy-medeni aň-bilim işleriniň netijeliligini artdyrmak we ugry ösdürmegi täze basgança-ga götermek barada”ky karary kabul edildi. Oňa görä, Respublikan Ruhyýet we medeni aň-bilim geňeşiniň Respublikan Ruhyýet wagyz merkezi hem-de Milli taglym we aňyşet ylmy-amaly merkezini birleşdirmek arkaly olaryň esasynda Respublikan Ruhyýet we medeni aň-bilim merkezi gaýtadan döredildi. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Respublikan Ruhyýet we medeni aň-bilim geňeşine başlyklyk edýändigi bellendi.

?

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. Taryhy hatyra düşünjesini düşündiriň.
2. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda haýsy beýik alymlaryň ýubileýleri bellendi?
3 Özbek halkynyň gymmatlyklaryny we däplerini gaýtadan dikeltmek boýunça nähili kararlar kabul edildi?
4. 2007-nji ýyl Daşkendiň Yslam medeniýetiniň paýtagty, diýlip atlandyrylmagynyň sebäplerini sanajak boluň.
5. Aşakdaky jedweli dolduryň. Taryhy şahslara bu günki gündäki üns boýunça maglumat toplaň.

| Emir Temur | Alyşir Nowaýy | Şaraf Raşidow | Islam Karimow |
|---|---|---|---|
| | | | |

## 16-njy tema. Özbegistanda medeniýet we sungat

**Ruhyýet mesgenleri. Teatr**. Garaşsyzlyk ýyllarynda medeni durmuşda hem düýpli özgerişler bolup geçdi. Bu, ilki bilen teatr sungatynyň ösüşinde aýdyň duýlup başlandy, täze teatr binalary gurlup işe düşürildi. 1991-nji ýylda Ferganada, 1993-nji ýylda Horezmde döwlet gurjak teatrlary işe başlady, 1994-nji ýylda Kaşgaderýa we Namangan welaýat teatrlarynyň ýanynda gurjak toparlary, 2001-nji ýylda Surhanderýa welaýat gurjak teatry açyldy.



Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan döwlet akademik uly teatry

Özbek döwlet akademik drama (2001-nji ýyl) we Özbegistan akademik rus drama teatrlary (1999-njy ýyl) ýaly paýtagt hem-de welaýat teatr toparlaryna täze binalar guruldy, abatlandy. 2015-nji ýylyň oktýabrynda rekonstruksiýa edilen Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan döwlet akademik uly teatrynyň açylyş dabarasy bolup geçdi.



Simpoziumlar köşgi we Özbegistanyň Milli kitaphanasy

1993-nji ýylyň sentýabrynda “Türküstan” köşgi işläp başlady. 2009-njy ýylda “Özbegistan” halkara forumlar köşgi, 2011-nji ýylda Simpoziumlar köşgi we Alyşir Nowaýy adyndaky Özbegistan Milli kitaphanasyndan ybarat Ma’rifat merkezi toplumy, 2014-nji ýylda Fergana welaýatynda Teatr-konsert köşgi ýaly ruhyýet mesgenleri açyldy.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň “Özbegistanyň teatr sungatyny ösdürmek barada”ky (1998-nji ýyl) permany sahna döredijiliginde aýratyn orun tutup, oňa görä ruhy-medeni özgertmelerde teatryň işgärleriniň işjeň gatnaşygyny üpjün etmek, milli gym-matlyklary wasp edýän çeper kämil sahna eserlerini döretmek ýaly maksatlarda “Özbekteatr” döredijilik-önüm-çilik birleşmesi döredildi. 2017-nji ýylda işi tankydy öwrenilip, “Özbekteatr” birleşmesi ýatyrlyp, onuň funksiýalary Medeniýet ministrligine geçirildi.

2001-nji ýylda Özbek döwlet akademik drama teatryna Prezidentiň permany bilen “Milli teatr” derejesi berildi. 2014-nji ýylda Prezident “Özbek milli akademik drama teatrynyň 100 ýyllygyny bellemek barada” karar kabul etdi. Şu karara görä teatr abatlandy we ýubileý çäresi bolup geçdi.



Özbek milli akademik drama teatrynyň binasy

Paýtagtdaky respublika teatrlarynyň hatarynda welaýat toparlary hem halkara medeni gatnaşyklarda gatnaşyp gelýärler. Bu babatda Özbegistanyň Ýaşlar teatry, Ilhom teatry we Kaşgaderýadaky “Eski metjit” teatr-studiýasy işjeňňirlik görkezdi. 2018-nji ýylda Özbegistan Goranmak ministrliginiň ýanynda ilkinji gezek harby – «Turan» teatr-studiýasy döredildi. Bu teatr diňe bir harbylara we olaryň maşgalalaryna däl, eýsem hemmeler üçin hyzmat edýär.

Başga ugurlarda bolşy ýaly, 2017-nji ýylda teatr sungaty ugrunda-da giň özgertmeler başlandy. Ilki bilen, 2017-2021-nji ýyllara niýetlenen Hereketler strategiýasynda teatrlaryň we tomaşa mesgenleriniň, medeni-aň-bilim guramalarynyň işini ösdürmek hem-de kämilleşdirmek, olaryň maddy-tehniki bazasyny berkitmek kesgitlenildi. Medeniýet edaralarynyň işini guramak, medeniýetiň we sungatyň jemgyýetiň durmuşyndaky ornuny we ähmiýetini artdyrmak, ýaş nesli milli we umumadamzat gymmatlyklara wepaly ruhda terbiýelemek maksadynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň “Medeniýet we sungat ugruny has-da ösdürmäge we kämilleşdirmäge degişli çäreler barada”ky karary kabul edildi. Bu günki günde ýurdumyzdaky bar bolan 37 teatryň işini üpjün etmek üçin 2017-nji ýylyň özünde döwlet býujetinden 81 milliard somdan artyk serişde goýberildi. Özbegistanyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 14-nji maýyndaky “Döwlet medeniýet edaralarynyň we döwlet arhiwleriniň işgärleriniň zähmetine hak tölemegiň kämilleşdirilen ulgamyny girizmek we olary maddy höweslendirmegi güýçlendirmek barada”ky kararyna görä, döwlet medeniýet edaralarynyň artistleriniň, adminstratiw-dolandyryş, çeper-ýolbaşçy, döredijilik we başga işgärleriniň zähmet haky mukdarlary ortaça 45 göterime artdyryldy.

**Saz we tans sungaty**. Garaşsyzlyk ýyllarynda saz sungatynda düýpli

öwrülişik aslyna gaýdyş, adaty heňlerden lezzetlenmekde we täsirlenmekde ýüze çykdy. Munuň üçin ilki bilen, halka ýakynlaşma, iliň arasynda ýöremek, iň seýrek halk talantlaryny gözläp tapmak zerurdy.

Şu maksatda 1992-nji ýylda birnäçe bäsleşikler geçirildi. Şol sanda, Daşkent şäherinde mart aýynda milli saz ýerine ýetirijileriniň “Asyrlara deňdeş nowalar”, aprel aýynda meşhur sungat işgärleriniň eserleri ýerine ýetirijileriň “Baky sesler”, Horezm welaýatynda maý aýynda folklor toparlarynyň, iýun aýynda Kokant şäherinde ýomak, waşi we masgarabazlaryň we awgust aýynda Daşkent şäherinde leper, ýalla ýerine ýetirijileriniň bäsleşigi guraldy. Olar birnäçe onlarça talantlary açyş etdi. Bular ýaly çäreleriň, festiwallaryň geçirilmegi däbe öwrülip, halkara möçberde maddy däl medeni mirasy aýawlamak boýunça alnyp barylýan hereketler bilen utgaşdy.

Garaşsyzlyk döwründe professional sazy we tansy ösdürmek işlerine hem üns berildi. 1996-njy ýylda “Özbeknowa” gastrol-konsert birleşmesi döredildi. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň permany bilen 1997-nji ýylda Mukarrama Turgunbaýewa adyndaky “Özbektans” milli tans birleşmesi hem-de Daşkent döwlet milli tans we horeografiýa ýokary mekdebi düzüldi. 2001-nji ýylda “Özbeknowa” estrada birleşmesi, Milli estrada sungatyny ösdüriji we laýyklaşdyryjy Geňeşi iş başlady.

Garaşsyzlyk döwründe umuman täze bäsleşikler, festiwallar emele geldi. 1995-nji ýylda Ministrler Kabineti “Özbegistan –Watanym menim” temasynda bäsleşik geçirmek boýunça karar kabul etdi. 1996-njy ýylyň mart aýyndan geçirlip gelinýän bu bäsleşik garaşsyzlygy, Watany aňlamak, ony beýgeltek ugrundaky möhüm ädim boldy. Şonuň üçin hem 1996-njy ýylyň 27-nji awgust güni ýörite perman kabul edildi. Onda her ýyl awgust aýynyň üçünji ýekşenbesi, “Özbegistan – Watanym menim” aýdym baýramy güni diýlip yglan edildi. Çäre garaşsyzlygy wasp edýän ýüzlerçe aýdymlaryň döredilmegine itergi boldy.




«Sharq taronalari» halkara aýdym-saz festiwalynyň açylyş dabarasy

Ministrler Kabinetiniň 1997-nji ýyldaky karary bilen her iki ýylda bir gezek Samarkant şäherinde “Sharq taronalari” halkara aýdym-saz festiwaly geçirilip başlandy. Birinji festiwalda dünýäniň 31 ýurdundan wekiller gatnaşdylar. Festiwalyň regional gerimi-de barha giňäp barýar. 2015-nji ýyly X festiwalda 66 ýurtdan wekiller gatnaşdy.

**Ýatda saklaň!**

ÝuNESKO tarapyndan ýöredilýän adamzadyň maddy däl medeni mirasy sanawyndan Şaşmakom (2008), Baýsun medeni gurşawy (2008), Nowruz (2009), Uly aýdym (2009), Askiýa (2014) orun aldy. 2017-nji ýylda Prezidentiň karary bilen Özbek milli mukam sungaty merkezi döredildi. 2018-nji ýyldan başlap Şährisebz şäherinde her iki ýylda bir gezek Halkara mukam sungaty festiwalyny geçirmek bellendi.

1998-nji ýylda ýurdumyzda birinji gezek simfonik saz festiwaly geçirildi. Bu festiwalda dünýäniň 20-ä ýakyn ýurtlaryndan ýerine ýetirijiler gatnaşdylar.

Garaşsyzlyk ýyllarynyň saz sungatyny akademik, adaty we häzirki zaman ýönelişlerinde ösmegine zerur şertler döretmekde onuň tälimine-de üns berildi. 2002-nji ýylda Daşkent döwlet konserwatoriýasy Özbegistan döwlet konserwatoriýasyna öwrüldi. Onuň täze binasy guruldy.

Prezidentiň karary bilen kabul edilen Çagalar saz we sungat mekdepleriniň maddy-tehniki bazasyny berkitmek we olaryň işini has-da gowulandyrmak boýunça döwlet maksatnamasy hem möhüm orun tutup, onuň çäginde 2009–2014-nji ýyllarda çäklerde 278 saz we sungat mekdebi ulanmaga berildi, olar 30 müňden artyk täze saz gurallary, 61 müň nusgada okuw gollanma, milli we dünýä sazynyň notalary bilen üpjün edildi.

“Nihol”, “Zulfiýa” adyndaky döwlet baýraklarynyň esaslandyrylmagy, “Kamalak ýyldyzlary” respublikan çagalar döredijiligi festiwaly, “Sazlar nowasy” ýaş saz ýerine ýetirijileri we başga bäsleşikler geçirlip gelinýänligi täze talantlary ýüze çykarmak we goldamak maksatlaryna hyzmat edýär.

**!**

**Özüňizi synaň!**

Konserwatoriýa – bu ...

Saz festiwallary – bu ...

Maddy däl medeni miras – bu ..

Ruhyýet mesgenleri – bu ...

**Şekillendiriş sungaty**. Şekillendiriş sungaty üçin garaşsyzlyk giň mümkinçilikleri döredip berdi. Ilki bilen, 1997-nji ýylda Özbegistanda birinji gezek Çeper akademiýa döredildi. 2002-nji ýylda Daşkent foto öýi, 2004-nji ýylda Özbegistan Şekillendiriş sungaty galereýasy, 2005-nji ýylda Özbek lybaslary galereýasy, 2006-njy ýylda Medeniýet we sungat sergisi iş başlady.

Ýurduň Prezidentiniň 1997-nji ýylda "Halk çeper hünärmentçilikleri we amaly sungatyny has-da ösdürmegi döwlet ýoly bilen goldamak çäreleri barada"ky permanynda amaly bezeg sungaty ähmiýetini artdyrmak, elde işlenýän çeper önümleri taýýarlamakda döwlet tarapyndan medey berilmegi çäreleri bellendi. Şol sanda, "Özbegistan Respublikasynyň halk ussasy" hormatly derejesi esaslandyryldy, "Hünärment" bileleşigi döredildi. Galyberse-de, hünärmentler girdeji salgydyndan azat edildi.

**Kino.** Garaşsyzlyk ýyllarynda milli kino sungatyny ösdürmäge-de aýratyn üns berildi. Deslapky döwürdäki maliýe goldawlar 2004-nji ýylda "Özbekkino" milli agentligi döredilenden soň täze basgançaga göterildi.

2017-nji ýylda kino sungaty üçin hem möhüm ýyl boldy. Ýekeje şu ýylyň özünde "Özbekkino" milli agentligine döwlet býujetinden 12 milliard 400 million som goýberildi. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew 2017-nji ýylyň 29-njy dekabr güni milli kino sungaty işgärleri we ygtyýarly işgärleri bilen duşuşdy. Onda kino sungatynyň maddy-tehniki bazasyny berkitmek, medeniýet we sungat ýönelişindäki ýokary tälim edaralary, tejribe we hünärini kämilleşdirmegi guramak, ýerlerde kinoteatrlary gurmak, olaryň işini ýola goýmak meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Şonuň ýalyda, kinematografiýa ugruny ösdürmek boýunça kabul edilen kararlaryň ýerine ýetirilişini üpjün etmek, daşary ýurt kinostudiýalary we kinodöredijileri bilen aragatnaşyklary berkitmek, olar bilen hyzmatdaşlykda filmleri döretmegi ýola goýmak nygtaldy.

**Çeper edebiýat**. Garaşsyzlyk ýyllarynda çeper edebiýatda millilik, müň ýyllyk taryhy döredijilik däpleri, umumadamzat gymmatlyklary, erkin pikir ýöretmek prinsipleri dikeldildi.

Çeper edebiýatda garaşsyzlygy gorap saklamak, azat we abat Watan gurmak, kämil ynsany terbiýelemek, milli öz-özüň aň ýetirmek ýaly

meseleler baş tema bolmagynda galdy. Abdulla Oripow, Odil Ýakubow, Pirimkul Kadyrow, Hurşid Döwran ýaly döredijileriň taryhy roman, pýesa we kyssalarynda beýik ata-babalarymyz Emir Temur, Mürze Ulugbek, Babur we başgalaryň keşpleri umumadamzat we milli gymmatlyk-lara laýyklykda täzeçe açyp görkezildi.

Garaşsyzlyk döwri edebiýatynyň baýdak göterijileri Özbegistanyň gahrymanlary Said Ahmet, Abdulla Oripow, Erkin Wahidow, Özbegistanyň halk şahyry Muhammet Ýusuflaryň döredijiligi bilen ähli halk buýsanýar.

Garaşsyzlyk döwründäki özbek edebiýatşynaslygynyň öňünde durýan möhüm wezipeleri çözmekde O.Şarafiddinowyň, B.Kasymowyň, N.Karimowyň eserleri aýratyn orun eýeleýär. Muhammet Alynyň we T.Mäligiň romanlary, U.Azim, E.Agzam, S.Saýýid, H.Hudaýberdiýewa, H.Ahmedowa, J.Ergaşewa, H.Dostmuhammet, Ş.Salimowa ýaly şahyrlaryň we edebiýatçylaryň çeper kämil, taglym taýdan ýetik eserleri uly goşant bolup goşuldy.

Umuman, edebiýata üns medeniýetiň möhüm ugruna öwrüldi. Ýazyjylary goldamak boýunçda 2010-njy ýylda Özbegistan Ýazyjylar bileleşiginiň ýanynda “Ijod (döredijilik)” fondy döredilip, 2011-nji ýyldan ýaş döredijileriň birinji kitaplary döwlet hasabyndan çap edilip başlandy.

Edebiýata üns 2017-2018-nji ýyllarda has-da güýçlendi. 2017-nji ýylyň 12-nji ýanwarynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň “Kitap önümlerini çap etmek we ýaýratmak ulgamyny ösdürmek, kitap okuwyny we kitap söýüjilik medeniýetini ýokarlandyrmak hem-de wagyz etmek boýunça komissiya düzmek barada”ky karary kabul edildi. Şol ýyldan 10 ýaşdan 30 ýaşa çenli bolan kitap söýüjileriň arasynda “Ýaş kitap söýüji” respublikan seçgisi guraldy. Şonuň ýaly-da, Özbegistanyň Prezidenti Ş.Mirziýoýewiň 2017-nji ýylyň 3-nji awgust güni döredijlik işgärleri bilen bolan duşuşygynda ençeme medeni edaralara howandar guramalar kesgitlenildi. Şu ugurda Halk banky bilen Ýazyjylar birleşmesiniň “Dostlar kluby” döredildi. “Dostlar klubynyň” döredilmegi ýazyjylaryň we şahyrlaryň jemgyýetçilik durmuşyndaky ornuny we abraýyny artdyrmak, olaryň döredijilik mümkinçiliklerini ýüze çykarmak, maddy we ruhy höweslendirmek, mynasyp iş we durmuş şertini döredip bermek üçin giň mümkinçilikler döredilýär.

**Muzeý.** Milletimiziň özlügini aňlamagynda hem-de milli, taryhy gymmatlyklarymyzy dikeltmekde muzeýler aýratyn orun tutýar. Muzeýler

**Ýatda saklaň!**

1991–1994-nji ýyllarda 73 muzeý bar bolan bolsa, 2017-nji ýylda 450-ä ýakyn muzeý iş alyp barýar.

arkaly geçmişi, taryhy görmek, ýatlamak, duýmak, öwrenmek mümkin. Şu sebäpli-de garaşsyzlyk ýyllarynda bar muzeýleri abatlamak, olary täze eksponatlar bilen baýlaşdyrmak, täze muzeýleri gurmaga aýratyn üns berildi. 1996-njy ýylda Daşkentde Temuriler taryhy döwlet muzeýi, Olimpia şan-şöhraty, 2002-nji ýylda Gadagan gurbanlary hatyrasy, Termiz şäherinde Arheologiýa muzeýi iş başlady.

Özbegistanyň Prezidentiniň 1998-nji ýyldaky “Muzeýleriň işini düýpgöter gowulandyrmak we kämilleşdirmek barada”ky permany ýurdumyzda muzeý işini ösdürmek perspektiwalaryny kesgitläp berdi. Muzeýler döwlet goragyna alyndy, olary abatlamak, muzeý eksponatlaryny baýlaşdyrmak döwlet býujeti hasabyndan maliýe taýdan goldandy. Muzeýler işini laýyklaşdyrmak, ylmy-usuly kömek bermek, maddy taýdan goldamak maksadynda 1998-nji ýylda “Özbekmuzeý” Respublikan gaznasy düzüldi. Ilatyň muzeýşynaslyk medeniýetini ýokarlandyrmaga kömekleşýän “Moziýdan sado” žurnaly esaslandyryldy we ol 1999-njy ýyldan başlap özbek, rus we iňlis dillerinde neşir edilip başlandy. Ýaşlaryň ruhyýetinde muzeýleriň ähmiýeti hasaba alnyp, 2014-nji ýylda Ministrler Kabinetiniň karary bilen hepdäniň sişenbe we anna günleri çagalar we olaryň ata-enelerine mugt hyzmat etmek, her ýyl 2–8-nji sentýabr günleri “Muzeýler hepdeligi”ni guramak bellendi.

Şeýlelikde, döwlet medeni durmuşynyň köp taraply aýratynlygyny saklamak bilen jemgyýetiň ösüşine amatly şert döretmäge üns berip gelýär.

***Adalgalar düşündirişi*!**

**Simpozium** – (saz, goşgy okamak bilen geçýän ýygnak) käbir ylmy mesele boýunça geçirilýän halkara ylmy geňeş; ylmy maslahat.

**Festiwal** – (*ital.* – baýramçylykly, şadyýan) sungatyň saz, kino, teatr we başga ugurlarynda gazanylan iň gowy üstünlikler boýunça geçirilýän saýlama, sergiden ybarat köpçülikleýin baýram, dabara, seýil.

**Galereýa** – (*fran.* – eýwan) binanyň iki bölegini birleşdirýän üsti ýapyk uzyn ýoda; tomaşa zalynda iň ýokarky ýarus.

Şonuň ýaly-da, medeniýet Özbegistanyň ilatynyň esasy bölegini düzýän ýaşlara ugrukdyrylanlygy bilen ähmiýetlidir.

?

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda näme sebäpden medeniýete we sungata üns güýçlendi?
2. Bu günki günde Özbegistanda nähili ugurdaky muzeýler iş alyp barýar?
3. Ýurdumyzda saz festiwallary geçirilmeginden gözlenýän esasy maksatlar nämede?
4. Kino sungatyndaky üstünlikleri we kemçilikleri sanaň.
5. Garaşsyzlyk ýyllarynda teatrlaryň işinde nähili özgerişler boldy?

## VIII BAP. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ DAŞARY SYÝASATY WE IKI TARAPLAÝYN GATNAŞYKLARY

### 17-nji tema. Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasy işiniň şekillenmegi we onuň ileri tutulýan ugurlary

**Özbegistanyň geosyýasy ýagdaýy.** Özbegistan Respublikasy özboluşly geografik gurluşy bilen Merkezi Aziýa sebitindäki döwletleriň arasynda aýratyn tapawutlanýar. Şeýle geografik ýerleşişiň amatly we amatsyz taraplary bar bolup, olar respublikanyň geosyýasy ýagdaýyny we geostrategik bähbitlerini, onuň içeri we daşary syýasatyny saýlap almakda hem-de kesgitlemekde möhüm ähmiýete eýe.

Özbaşdak Özbegistanyň amatly geosyýasy mümkinçilikleri aşakdaky ýaly: uzak geçmişden Gündogar bilen Günbataryň arasyndaky gadymky söwda-satyk, medeni – ylmy we diplomatik aragatnaşyklar ýoly bolan Beýik Ýüpek ýoly Özbegistanyň çäginden geçen. Häzirki wagtda hem Ýewropa we Ýakyn gündogardan Aziýa – Ýuwaş okeany guşaklygyna eltýän ýollar Merkezi Aziýadan, onuň merkezinde ýerleşýän Özbegistandan geçýär; Merkezi Aziýanyň merkezinde ýerleşýän Özbegistan özüniň geografik ýagdaýyndan gelip çykyp, şu sebitde güýçleriň gatnaşygyny we deňagramlylygyny saklamak, ykdysady integrasiýa prosesini ösdürmek, durnuklylygy üpjün etmek, hyzmatdaşlygy berkitmek mümkinçiligine eýe. Özbegistan bu günki günde goňşy döwletler – Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň we Owganystanyň arasynda



Merkezi Aziýanyň kartasy.

baglaýjy halka wezipesini ýerine ýetirip gelýär. Özbegistan özüniň ýerleşişine görä Merkezi Aziýanyň transport, energetika, kommunikasiýa, suw ulgamy merkezinde ýerleşýär. Tebigy klimat şerti amatly, uly mineral – çig mal gorlary we strategik materiallara eýe, daýhançylyk medeniýeti ösen, azyk bilen özüni üpjün edip bilýär. Özüni nebit, gaz, reňkli metallar bilen üpjün etmek bilen çäklenmän, olary eksport etmek mümkinçiligine-de eýe. Özbegistan Respublikasynyň ýerastynda amaldaky Mendeleýewiň periodik ulgamynyň ähli elementleri bar.

Şu mümkinçilikleri bolan tagdyrda-da Özbegistan geosyýasy ýerleşişini amatsyzlyklardan azat diýip bolmaýar, şu taýdan Özbegistan Respublikasyna kynçylyklary döredýän aşakdaky faktorlar bar: Özbegistan Pars aýlagynyň, Kaspi deňzi basseýniniň we Tarim basseýniniň nebit we gaza örän baý känleri ýerleşýän ýarym halkanyň strategik merkezinde ýerleşýär. Şonuň üçin bu çäkde tutuş dünýäde energiýa ýetmezçiligi şertinde köp döwletleriň bir-birine laýyk gelmeýän bähbitleri özara çaknyşýar. Dünýädäki güýçli döwletler şu sebitde öz bähbitlerini gözleýärler. Şunuň bilen birlikde, Özbegistan sebitdäki etnik barlyşyksyzlyk, narkobiznes we dürli daşky güýçler tarapyndan höweslendirilip gelinýän, içki dawalar entegem gutarylman Owganystan ýaly döwlet bilen sehetdeşdir. Özbegistan gönüden-göni deňze çykyp bilmeýän, onuň üstesine deňiz portlaryndan iň

uzakda ýerleşýän ýurt hasaplanýar. Gara deňiz, Baltika deňzi, Ýapon deňzi we Demirgazyk deňizlere alyp çykýan iň gysga demir ýoly baryp 3 müň kilometri düzýär. Özbaşdak Özbegistanyň, umuman, hemme derýalary hem-de respublikanyň çägini kesip geçýän, uzynlygy 150 we ondan köp kilometrli derýalar 50-den artyk bolmagyna seretmezden, onuň suw resurslary çäklendirilen we ekologik problemalary hem bar. Aral pajygasy hem ýurdumyz üçin amatsyzlyk faktorydyr.

**Özbegistan Respublikasynyň özbaşdak daşary syýasatynyň esaslarynyň işläp taýýarlanmagy.** Häzirki wagtda halkara bileleşik özbaşdak Özbegistan diplomatiýasynyň ilkinji ädimleri, Merkezi Aziýadaky ýagdaýy, sebitiň howpsuzlygyny üpjün etmekdäki ornunyň aýratyndygyny ykrar edýär. Özbegistanyň daşary syýasatynyň ruhy ugry, ynsanperwerlik, äşgärlik, gadyr-gymmat, öz mümkinçiliklerine daýanmak we adamyň bitewi maşgalasynda öz ösüş ýoluna eýe bolmakdyr. Şu sebäpli garaşsyzlyk ýyllarynda ýurdumyz 133 döwlet bilen resmi diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy, Daşkentde 45 daşary döwletiň ilçihanalary, 9 hormatly konsullyk, 11 halkara guramalaryň wekilhanalary iş alyp barýar.

**Pikir ýörediň!**

Özbegistanyň Prezidenti 2018-nji ýylyň ýanwarynda ýurduň taryhynda ilkinji gezek Özbegistanyň daşary ýurtlardaky ilçileri bilen açyk gepleşik şekilindäki ýygnagyny geçirdi. Näme diýip oýlaýarsyňyz, munuň zerurlygy nämede?

Garaşsyzlygy berkitmek, ýurdumyzyň howpsuzlygy, durnuklylygy we ösüşi köp taýdan daşary ýurtlar bilen diplomatik aragatnaşyklaryň ýola goýluşy bilen baglydy. Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasat ulgamy Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, Ministrler Kabinetiniň 1992-nji ýylyň maý aýyndaky “Özbegistan Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň işini guramak meseleleri barada”ky we 1994-nji ýylyň mart aýynda kabul edilen “Özbegistan Respublikasynyň Daşary işler ministrliginiň işini kämilleşdirmek barada”ky kararlary esasynda şekillendirildi. 1996-njy ýylda “Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasy işiniň esasy prinsipleri barada”ky kanun kabul edildi.

2012-nji ýylyň sentýabrynda Özbegistan Respublikasynyň “Daşary syýasy işiniň konsepsiýasy” yglan edildi. Özbegistan Respublikasynyň Daşary

**Ýatda saklaň!**

“Özbegistan Respublikasy halkara gatnaşyklaryň doly hukukly subýektidir. Onuň daşary syýasaty döwletleriň suweren deňligi, güýç ulanmazlyk ýa-da güýç bilen howp salmazlyk, araçäkleriň eldegrilmesizligi, dawalary parahatçylykly ýol bilen çözmek, başga döwletleriň içki işlerine gatyşmazlyk we halkara hukugyň umumykra edilen başga kadalaryna we normalaryna esaslanýar”.

*Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy.17-nji madda.*

syýasy işiniň konsepsiýasy – bu döwletiň daşary syýasatynyň prinsiplerini we strategik ileri tutulýan ugurlaryny, halkara meýdandaky maksatlaryny we wezipelerini, gelejekde Özbegistanyň milli bähbitlerini öňe sürmek mehanizmlerini kesgitläp berýän garaýyşlarynyň bitewi ulgamydyr.

Şu Konsepsiýada Merkezi Aziýa sebitine aýratyn üns gönükdirilen we “Özbegistanyň ýaşaýşy üçin möhüm bähbitleri şu sebit bilen bagly” ekenligi resmi taýdan ykrar edilen. Onda Merkezi Aziýa özüniň möhüm geosyýasy ýerlaşeşişi we mineral çig mal resurslarynyň uly gorlaryna eýedigi sebäpli dünýä möçberinde güýçli üns obýektine, iri döwletleriň strategik bähbitleri çaknyşýan çäge öwrülip barýandygy nygtalan. Şonuň ýaly-da, dünýäniň iri döwletleri tarapyndan sebitde alnyp barylýan özara bäsdeşlik hasaba alnyp, “Merkezi Aziýanyň problemalary daşky güýçler gatyşmazdan, sebitdäki döwletleriň özleri tarapyndan çözülmelidir”, diýen pikir beýan edilen. Konsepsiýada Özbegistanyň parahatçylyk söýüji syýasat ýöretmegi, harby-syýasy bloklarda gatnaşmazlygy, islendik döwletara gurluşlar harby-

**Ýatda saklaň!**

Konsepsiýada aşakdaky kadalar berkidip goýuldy: “Özbegistan özüni goňşy döwletlerdäki ýaragly gapma-garşylyklara çekilmeginiň öňüni almak maksadynda degişli çäreleri görýär; öz çäginde daşary ýurtlaryň harby bazalary we obýektleri ýerleşdirilmegine ýol bermeýär; Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly Güýçleri daşary ýurtdaky parahatçylykperwerlik operasiýalarda gatnaşmaýar”.

syýasy bloga öwrülen tagdyrda, olardan çykmak hukugyny özünde saklap galýandygy nygtaldy.

**Daşary syýasatyň prinsipleri.** Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasatynyň esasy prinsipleri aşakdakylardan ybarat: aňyýet garaýyşlaryna

seretmezden hyzmatdaşlyk üçin açyklyk, umumadamzat gymmatlyklaryna, parahatçylygy we howpsuzlygy saklamaga wepalylyk; döwletleriň suweren deňligini we araçäkleriň eldegrilmesizligini hormat etmek; başga döwletleriň içki işlerine gatyşmazlyk; dawalary parahat ýol bilen çözmek; güýç ulanmazlyk we güýç bilen howp salmazlyk; adam hukuklaryny we azatlyklaryny hormat etmek; içki milli kanunlardan we hukuk normalaryndan halkara hukugyň umumykrar edilen kadalarynyň we normalarynyň ileri tutulmagyny; döwletiň, halkyň ýokary bähbitlerini, abadançylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek maksadynda bileleşikler düzmek, arkalaşyklara girmek we olardan bölünip çykmak; agressiw harby bloklara we bileleşiklere girmezlik; döwletara aragatnaşyklarda deň hukuklylyk we özara bähbitlilik, döwletiň milli bähbitleriniň üstünligi; daşky aragatnaşyklary hem iki taraplaýyn, hem köp taraplaýyn ylalaşyklar esasynda ösdürmek, bir döwlet bilen ýakynlaşmagyň hasabyna başgasyndan uzaklaşmazlyk ýalylar ileri tutulýan ugur hökmünde kesgitlenildi.

?

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. Aşakdaky jedweli dolduryň. Özbegistanyň geosyýasy ýagdaýy barada, amatlylyk we amatsyzlyk sebäplerini getiriň.

| Amatly | Amatsyz |
|---|---|
| | |

2. Goşmaça edebiýatlardan peýdalanyp, 2018-nji ýylyň ýanwarynda Prezident Şawkat Mirziýoýewiň Özbegistanyň daşary ýurtlardaky ilçileri bilen duşuşygy we onda bellenen wezipeler boýunça maglumat toplaň.
3. Özbegistanyň daşary syýasatynyň prinsiplerini sanap beriň.
4. Özbegistan Respublikasynyň "Daşary syýasy işiniň konsepsiýasy"nda Merkezi Aziýa sebiti meselesinde näme diýlen?

## 18-nji tema. Özbegistanyň Merkezi Aziýa ýurtlary bilen özara hyzmatdaşlygy

**Merkezi Aziýa ýurtlary bilen hyzmatdaşlygyň ýola goýulmagy.** Özbegistan daşary syýasatynyň öňdebaryjy ugurlaryndan biri Merkezi Aziýadaky täze özbaşdak döwletler – Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Türkmenistan bilen dostluk, hyzmatdaşlyk aragatnaşyklaryny berkitmäge

gönükdirilen. Sebitdäki bäş döwletiň arasynda meňzeş taraplar köp. Taryhymyzyň, medeniýetimiziň, dilimiziň, dinimiziň birligi, damarlarymyzyň utgaşyp gidenligi şu ýurtlaryň halklaryny bir-birine has-da ýakynlaşdyrmagyň esasydyr.

Täze taryhy şertlerde emele gelýän jemgyýetçilik-syýasy prosesler Merkezi Aziýa ýurtlarynyň halklarynyň gelip çykyşy, olaryň taryhy, özboluşly durmuş tärleri we ýakyn goňşuçylyk gatnaşyklaryna öňküsinden başgaçarak garamagy durmuş talap edip başlady. 1993-nji ýylyň ýanwarynda Ýurdumyzyň Birinji Prezidenti Islam Karimowyň başlangyjy bilen Merkezi Aziýa döwletleriniň ýolbaşçylarynyň Daşkent duşuşygy guraldy. Ýokary derejedäki bu duşuşykda Merkezi Aziýa Arkalaşygy esaslandyryldy. Bäş döwlet – Gyrgyzystan, Gazagystan, Özbegistan, Täjigistan, Türkmenistan ýolbaşçylary Arkalaşyk baradaky ylalaşyga gol çekdiler. Muny sebitiň halklary zor hoşallyk bilen garşy aldylar we goldadylar.

Merkezi Aziýa döwletleriniň ýolbaşçylary 1993-nji ýylda Gazagystan Respublikasynyň Gyzyl Orda şäherinde, 1994-nji ýylda Nukus şäherinde, 1995-nji ýylda Türkmenistan döwletiniň Daşoguz şäherinde, 1995-nji ýylda ýene Nukus şäherinde Aral deňzi problemasyna bagyşlanan duşuşyklar geçirdiler we bu babatda amaly işler alyp baryp başladylar. 1999-njy ýylda Türkmenistanyň Aşgabat şäherinde Araly halas etmek Halkara gaznasynyň mejlisi bolup geçdi. Mejlisde ekologik pelaket sebitdäki ýagdaýy durnuklylaşdyrmak boýunça hyzmatdaşlygy ösdürmek meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Döwlet ýolbaşçylary özara hyzmatdaşlyk, regional howpsuzlyk we halkara möçberdäki başga meseleler boýunça hem pikir alyşdylar.

2017-nji ýylda Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň başlangyjy bilen Özbegistanyň goňşy döwletler bilen gatnaşygynda täze döwür başlandy. Şu ýylyň özünde Gazagystan, Türkmenistan we Gyrgyzystan döwletlerine Özbegistanyň Prezidentiniň resmi saparlary amala aşyryldy. 2018-nji ýylyň mart aýynda bolsa Täjigistanda ýokary derejedäki duşuşyk amala aşyryldy. Mundan daşary, 2017-nji ýylda Samarkantda BMG howandarlygynda “Merkezi Aziýa: ýeke-täk taryh we umumy gelejek, durnukly ösüş we ösüş ugrundaky hyzmatdaşlyk” temasynda maslahat boldy. Onda 500 daşary ýurt gatnaşyjylary gatnaşdy.

**Özbegistan – Gazagystan.** Özbegistanyň Gazagystan bilen iki taraplaýyn gatnaşyklary 1992-nji ýylyň iýunynda Türküstan şäherinde Özbegistanyň

Prezidentiniň Gazagystana resmi döwlet sapary wagtynda N.Nazarbaýew bilen I.Karimow tarapyndan gol çekilen Özbegistan Respublikasy bilen Gazagystan Respublikasynyň arasyndaky dostluk we hyzmatdaşlyk baradaky şertnama esasynda pugtalandyryldy. Gazagystanyň Prezidenti N.Nazarbaýew 1994-nji ýylyň ýanwarynda resmi döwlet sapary bilen Özbegistanda boldy. Iki Prezident Özbegistan bilen Gazagystanyň arasynda harytlar, hyzmatlar, maýa goýumlary we işçi güýçleriň erkin geçip durmagyny nazarda tutýan hem-de özara ylalaşylan kredit, hasap-hesip, býujet, salgyt, nyrh, paç we walýuta syýasatyny üpjün etmek barada şertnama gol çekdiler. 1998-nji ýylyň oktýabrynda Özbegistan bilen Gazagystanyň arasynda ebedi dostluk şertnamasyna gol çekildi. Özbegistanyň we Gazagystanyň Prezidentleriniň Daşkentde 2000-nji ýylda bolan duşuşygynda iki döwletiň araçäklerini anyk belläp almaga bagyşlanan duşuşygy boldy. Gepleşikleriň ahyrynda "Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti we Gazagystan Respublikasynyň Prezidentiniň bilelikdäki beýanatyna" gol çekildi.

2001-nji ýylda Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti I.Karimow resmi sapar bilen Gazagystanda boldy. Iki döwletiň Prezidentleri Özbegistan – Gazagystan döwlet araçägi barada şertnama gol çekdiler. 2440 km. uzynlykdaky Özbegistanyň Gazagystan bilen araçäginiň 96 % belläp alyndy. Galan bölegini ylalaşyk esasynda delimitasiýa etmek ylalaşyldy. 2002-nji ýylda Özbegistanyň Prezidenti Astana şäherine bardy. "Özbegistan – Gazagystan döwlet araçákleriniň aýratyn uçastoklary barada ylalaşyga" gol çekildi we iki ýurduň arasyndaky araçäge degişli derwaýys meseleler hukuk taýdan öz çözüwini tapdy. Gazagystan Özbegistan üçin Merkezi Aziýadaky möhüm hyzmatdaşlardan biri hasaplanýar. 2013-nji ýylda gol çekilen Özbegistan Respublikasy bilen Gazagystan Respublikasynyň arasynda Strategik şäriklik baradaky şertnama hem örän möhüm resminamalara girýär. 2014-nji ýylda Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti Islam Karimow resmi sapar bilen Gazagystan Respublikasynda boldy. 2017-nji ýylyň iýunynda Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň Astana sammiti mynasybetli Prezident Şawkat Mirziýoýew Gazagystanda boldy. 2017-nji ýylyň sentýabrynda Gazagystanyň Prezidenti Nursultan Nazarbaýew resmi sapar bilen Özbegistana geldi. Özbegistanyň we Gazagystanyň prezidentleri duşuşygyň jemleri boýunça ençeme resminamalara gol

**Ýatda saklaň!**

Häzirki wagtda Gazagystanda 550 müňe ýakyn özbek milletine degişli, Özbegistanda bolsa bir milliona ýakyn gazak milletine degişli halk ýaşaýanlygy üçin hem medeni aragatnaşyklara uly üns berildi. 2017-nji ýylda Gazagystanyň Prezidentiniň Özbegistana sapary wagtynda 2018-nji ýylda Gazagystanda Özbegistan ýyly we 2019-njy ýylda Özbegistanda Gazagystan ýyly geçirilmegi bellendi.

çekildi. Şawkat Mirziýoýew Nursultan Nazarbaýewi “Il-ýurt hormaty” ordeni bilen sylaglady.

**Özbegistan – Gyrgyzystan.** Özbegistanyň Gyrgyzystan bilen iki taraplaýyn hyzmatdaşlygy Özbegistan Respublikasy bilen Gyrgyzystan Respublikasynyň arasynda dostluk, hyzmatdaşlyk we özara kömek barada şertnama esasynda ýola goýuldy we ösdürilýär. Bu şertnama Daşkentde 1992-nji ýyl Gyrgyzystanyň Prezidenti Askar Akaýewiň Özbegistana resmi döwlet sapary wagtynda gol çekilipdi. Ýurdumyzyň Birinji Prezidenti Islam Karimowyň 1993-nji ýylda Gyrgyzystana eden resmi döwlet sapary wagtynda Oş şäherinde Özbegistan bilen Gyrgyzystanyň arasynda 1994–2000-nji ýyllara niýetlenen ykdysady integrasiýany ösdürmek barada Beýanata gol çekildi. Bu resminama iki respublikada işläp taýýarlanan milli maksatnamalary laýyklaşdyrmaga, çig mal we işçi güýjünden, ylmy mümkinçiliklerden önümli peýdalanmaga gönükdirilipdi. 1994-nji ýylyň ýanwarynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Gyrgyzystanda boldy. Resmi saparyň ahyrynda iki döwletiň Prezidentleri harytlar, hyzmatlar, maýa goýumlary, işçi güýçleriniň erkin ýöremegini, özara ylalaşylan kredit, hasap-hesip, býujet, salgyt, nyrh, gümrük we walýuta syýasatyny kesgitleýän şertnama gol çekdiler.

2010-njy ýylyň iýulynda Gyrgyzystanda ekstremistik güýçler tarapyndan guralan milletara ganly wakalar şertinde Özbegistan 100 müňden artyk gaçaklary Özbegistanyň çägine kabul etdi

2017-nji ýylda Özbegistan we Gyrgyzystan gatnaşyklarynda täze sahypa açyldy. Şu ýylyň sentýabr aýynda Gyrgyzystanyň Prezidenti Almazbek Atambaýewiň teklibine görä Prezident Şawkat Mirziýoýew Bişkekde boldy. Özbegistanyň we Gyrgyzystanyň prezidentleri öz içine 85 göterim aralygy alan araçäk baradaky ylalaşyga gol çekdiler. Şu

mynasybetli, ilatyň baryp-gelmegi üçin iki döwletiň arasyndaky 7 ýylyň dowamynda ýapyp goýlan araçäk postlar açyldy. 2017-nji ýylyň dekabrynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň teklibine görä Gyrgyzystan Respublikasynyň täze saýlanan Prezidenti Sooranbaý Jeenbekow resmi sapar bilen ýurdumyza geldi. Ykdysady, medeni we sosial ugurlarda hyzmatdaşlyga degişli ençeme resminamalar kabul edildi.

**Özbegistan – Täjigistan.** Täjigistanda 1992–1997-njy ýyllarda dowam eden biri-biriňi gyryş urşy Täjigistanyň ykdysady ösüşine erbet täsir etdi, onuň goňşy ýurtlar, şol sanda, Özbegistan bilen hyzmatdaşlygyna hem erbet täsir etdi.

1997-nji ýylda Moskwada Täjigistanyň resmi häkimiýeti bilen oppozision güýçleriň arasynda düzülen milli ylalaşyk baradaky şertnama gazanylansoň, Täjigistanyň goňşy ýurtlar bilen aragatnaşyklary ýene dikeldildi.

Özbegistanyň Birinji Prezidenti Islam Karimowyň teklibine görä 1998-nji ýylyň ýanwarynda Täjigistanyň Prezidenti Imomali Rahman Özbegistana



Arap-musulman ýurtlary we ABŞ sammiti. 2017-nji ýyl. Ar-Riýad

amaly sapar bilen geldi. Iki ýurduň ýolbaşçylary saparyň jemleri boýunça bilelikdäki resminama gol çekdiler. Iki ýurduň hökümetleriniň arasynda ýük daşamak hem-de gaz ýetirip bermek, Täjigistanyň karzy boýunça özara hasap-hesip baradaky ylalaşyklara-da gol çekildi. Özbegistan Täjigistanyň çäginden geçýän transport kommunikasiýalaryndan peýdalanyp gelýär. Özbegistan bilen Täjigistanyň arasynda haryt alyş-çalşygy göwrümi-de ýyl saýyn artýar.

2017-nji ýylda Özbegistan we Täjigistan gatnaşyklarynda hem täze sahypa açyldy. Şu ýylyň maý aýynda Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Saud Arabystanynyň paýtagty Ar-Riýad şäherinde bolup geçen ABŞ we arap-musulman döwletleriniň sammitinde gatnaşmagy çäginde Täjigistanyň Prezidenti Imomali Rahman bilen ilkinji gezek duşuşdy. Duşuşyk çagynda köp bähbitli ylalaşyklar gazanyldy. 2017-nji ýylyň aprelinde 25 ýyllyk arakesmeden soň Duşanbe bilen Daşkendiň arasyndaky awiagatnaw ýene dikeldildi.



**Ýatda saklaň!**

2017-nji ýylyň aprelinde Duşanbede iki taraplaýyn gatnaşyklaryň taryhynda ilkinji gezek Özbegistanda öndürilýän önümleriň giň gerimli sergisi bolup geçdi. Maý aýynyň başynda bolsa täjik-özbek gatnaşyklarynyň taryhynda ilkinji gezek Täjigistanda Özbegistan medeniýeti günleri geçirildi.

**Özbegistan – Türkmenistan.** 1991-nji ýylda Özbegistanyň we Türkmenistanyň Prezidentleriniň duşuşygynda Özbegistan Respublikasy bilen Türkmenistan döwletiniň arasynda dostluk we hyzmatdaşlyk barada şertnama gol çekilen. Özbegistanyň Birinji Prezidenti Islam Karimow 1996-njy ýylyň ýanwarynda amaly sapar bilen Türkmenistanda boldy. Çärjew şäherinde S.Niýazow bilen I.Karimowyň arasynda we iki ýurduň delegasiýalarynyň arasynda gepleşikler boldy. Prezidentler Özbegistan bilen Türkmenistanyň arasynda dostluk, hyzmatdaşlyk we özara kömek baradaky şertnama, Özbegistan bilen Türkmenistanyň arasynda döwlet araçägini goramakda hyzmatdaşlyk etmek baradaky we suw hojalygy meseleleri boýunça ençeme ylalaşyklara gol çekdiler. 1991-nji ýyldan 2016-njy ýyla çenli iki ýurduň ýolbaşçylarynyň 11 gezek ýokary derejedäki saparlary amala aşyryldy. Özbegistan bilen Türkmenistanyň arasyndaky giň gerimli hyzmatdaşlyga degişli derwaýys ýönelişleri öz içine alan döwletara, hökümetara we edaralarara derejede gol çekilen 150-den artyk halkara şertnamalar iki ýurduň gatnaşyklarynyň berk hukuk esasy bolup hyzmat edýär.

Ýurdumyzda 2001-nji ýylda döredilen Respublika türkmen medeniýet merkezi iş alyp barýar. Bu günki günde Özbegistanyň dürli welaýatlarynda türkmen milletine degişli baryp 170 müň ilat ýaşap, 44 mekdepde tälim türkmen dilinde alnyp barylýar. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2014-nji ýylyň maý aýynda ýurdumyza resmi sapary

çagynda Özbegistan–Türkmenistan hyzmatdaşlygyny has-da ösdürmek meselesinde ençeme iki taraplaýyn resminamalara gol çekildi.

2017-nji ýylda Şawkat Mirziýoýew Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň teklibi bilen iki gezek (mart, maý) Türkmenistana bardy. Saparlar dowamynda ençeme ylalaşyklar gazanyldy. 2017-nji ýylyň mart aýyndaky gepleşikleriň ahyrynda prezidentler Özbegistan bilen Türkmenistanyň arasynda strategik şäriklik baradaky şertnama gol çekdiler. Iki ýurduň ministrlikleriniň we edaralarynyň arasynda ykdysadyýet, oba hojalygy we himiýa senagaty, demir ýol transporty, medeni-gumanitar ugurlardaky hyzmatdaşlyk, çäklerara aragatnaşyklary ösdürmäge degişli ençeme resminamalara gol çekildi.

**Ýatda saklaň!**

2017-nji ýylyň 6–7-nji mart günleri Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew resmi sapar bilen Türkmenistanda boldy. Bu Şawkat Mirziýoýewiň Prezident hökmünde daşary ýurtlara eden ilkinji resmi sapary hasaplanýar.

***Adalgalar düşündirişi*!**

**Delimitasiýa** – (*lat.* – araçäklemek, bölmek) döwlet araçäklerini düzülen şertnamaga görä häsiýetlendirmek we kartalaşdyrmak esasynda bellemek; bellenen araçäkleri gaýtadan seretmek.

**Sammit** – (*iňl.* – depe, ýokary, çür depe; ýokary dereje) iki ýa-da birnäçe döwlet başlyklarynyň möhüm halkara meseleler boýunça duşuşygy; ýokary derejedäki geňeş.

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. Garaşsyzlygyň ilkinji ýyllarynda näme sebäpden Özbegistan ilki bilen, Merkezi Aziýa döwletleri bilen dostluk, hyzmatdaşlyk aragatnaşyklaryny berkitmäge üns beripdir?
2. 2017-nji ýylda Merkezi Aziýa döwletleri bilen hyzmatdaşlykda nähili düýpli özgerişler boldy?
3. Goşmaça çeşmelerden peýdalanmak bilen, Nursultan Nazarbaýewe “Il-ýurt hormaty” ordeni berilmeginiň sebäplerini düşündiriň.
4. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň daşary ýurtlardaky ilkinji sapary haýsy döwlete boldy?
5. “Türküstan – umumy öýümiz” şygaryny düşündiriň.

## 19-njy tema. Özbegistan Respublikasynyň Russiýa, Hytaý we ABŞ bilen özara gatnaşyklary

**Özbegistan – Russiýa**. Özbegistan Russiýa Federasiýasy bilen özara hyzmatdaşlyk meselelerine aýratyn üns berdi. Özbegistan Respublikasy bilen Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky döwletara gatnaşyklar we hyzmatdaşlyk 1992-nji ýylda gol çekilen Döwletara gatnaşyklar, Dostluk esaslary baradaky şertnama, 1998-nji ýylda gol çekilen 1998–2007-nji ýyllar üçin ykdysady hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmak baradaky şertnamalar esasynda barha ösdi.

Soňky ýyllardaky Özbegistan – Russiýa gatnaşyklarynyň täze basgançaga göterilmeginde 2004-nji ýylda gol çekilen Özbegistan Respublikasy bilen Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky Strategik şäriklik baradaky şertnama möhüm ähmiýete eýe boldy. 2005-nji ýylda Moskwada gol çekilen Özbegistan Respublikasy bilen Russiýa Federasiýasynyň arasyndaky Soýuzdaşlyk gatnaşyklary baradaky şertnama, şonuň ýaly-da, 2012-nji ýylda Daşkentde bolup geçen duşuşyk jemine görä kabul edilen “Özbegistan Respublikasy bilen Russiýa Federasiýasynyň arasynda strategik şärikligi çuňlaşdyrmak baradaky Deklarasiýa” iki döwletiň özara gatnaşyklarynda aýratyn waka boldy. Iki ýurduň özara gatnaşyklarynyň we hyzmatdaşlygynyň has-da ösdürilmegine we çuňlaşdyrylmagyna 2013-nji ýylyň aprelinde Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti I. Karimow bilen Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti W. Putiniň arasyndaky Moskwa duşuşygy täze itergi berdi. Şu duşuşyk çagynda döwletleriň giň gerimli özara gatnaşyklaryndaky hyzmatdaşlygy ösdürmegiň ýagdaýy we gelejegi seredildi. Her iki döwlet garaşsyzlyk gazanandan soňky döwrüň içinde Özbegistan bilen Russiýanyň arasynda 160-dan artyk halkara şertnama we 40-dan artyk başga resminamalara gol çekildi.

2017-nji ýylyň aprelinde Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew resmi sapar bilen Russiýada boldy. Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň Russiýa Federasiýasyna döwlet saparynyň jemleri boýunça syýasy, söwda-ykdysady, maýa goýumlary, harby-tehniki, migrasiýa ugurlary, şonuň ýaly-da, sebitara hyzmatdaşlyk, turizm we saglygy goraýşa degişli umumy bahasy 16 milliard dollar bolan 55 resminama gol çekildi.

**Özbegistan – Hytaý**. Hytaý Halk Respublikasy Özbegistan Respublikasy garaşsyzlygyny 1991-nji ýylyň 27-nji dekabrynda ykrar etdi. 1992-nji ýylyň ýanwarynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýuldy. Özbegistan Respublikasy bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasynda adaty dostluk gatnaşyklary ýola goýlan. Bular iki ýurda iki tarapy hem gyzyklandyrýan köp meseleler boýunça özara bähbitli we netijeli hyzmatdaşlyk alyp barmaga mümkinçilik berýär. Hytaý Halk Respublikasynyň Başlygynyň 2010-njy ýyldaky Özbegistana we Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2012-nji ýylyň iýunynda Hytaý Halk Respublikasyna döwlet sapary taryhy ähmiýete eýe boldy. Duşuşyklar dowamynda hyzmatdaşlygyň gelejegi bellendi. Munuň aýdyň delili hökmünde Özbegistan ýolbaşçysynyň Hytaýa sapary çagynda döwletleriň ýolbaşçylary tarapyndan “Strategik şäriklik gatnaşyklaryny ornaşdyrmak baradaky bilelikdäki beýanata” gol çekilendigini görkezmek mümkin.

Özara bähbitli hyzmatdaşlygyň hukuk bazasyny 2005-nji ýylda gol çekilen Dostluk, hyzmatdaşlyk we şäriklik gatnaşyklary baradaky şertnama, 2010-njy ýyldaky Dostluk, hyzmatdaşlyk we şäriklik gatnaşyklaryny her taraplaýyn çuňlaşdyrmak we ösdürmek baradaky bilelikdäki Deklarasiýa, 2012-nji ýylda ky Strategik şärikligi ýola goýmak baradaky Bilelikdäki Deklarasiýa, 2013-nji ýyldaky Iki taraplaýyn strategik hyzmatdaşlygy has-da çuňlaşdyrmak we ösdürmek baradaky Bilelikdäki Deklarasiýa, 2014–2018-nji ýyllara niýetlenen Strategik şäriklik gatnaşyklaryny ösdürmek maksatnamasy hem-de 2016-njy ýylda gol çekilen Bilelikdäki beýanat düzýär. Şu resminamalaryň kabul edilmegi uzak möhletli gelejekde ýurtlarymyzyň arasyndaky gatnaşyklary has-da ösdürmäge hyzmat edýär.

2017-nji ýylyň 11–13-nji maý günleri Prezident Şawkat Mirziýoýewiň Hytaý Halk Respublikasyna döwlet sapary Özbegistan – Hytaý gatnaşyklaryny täze basgançaga göterdi. Gepleşikleriň ahyrynda Şawkat Mirziýoýew we Si Szinpin Özbegistan Respublikasy bilen Hytaý Halk Respublikasynyň arasyndaky Bilelikdäki Beýanata gol çekdiler. Şawkat Mirziýoýew Hytaýa bolan sapary dowamynda umumy bahasy 23 mlrd. dollar bolan 105 sany iki taraplaýyn resminamalara gol çekildi.

**Özbegistan – ABŞ**. Özbegistan bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň arasynda döwletara aragatnaşyklar garaşsyzlygyň ilkinji ýyllaryn-

**Ýatda saklaň!**

2017-nji ýylyň özünde daşary ýurtlar bilen 60 mlrd. dollarlyk şertnamalara gol çekilen bolsa, şonuň 35 göterimi, ýagny 23 mlrd. dollary Hytaýyň ülşüne dogry gelýär.

dan başlap ýola goýuldy. 1992-nji ýylyň fewralynda ABŞ döwlet kätibi Özbegistana resmi sapar bilen geldi we iki döwletiň arasynda diplomatik aragatnaşyklar ýola goýuldy. 1992-nji ýylyň martynda Daşkentde birinji bolup ABŞ-nyň ilçihanasy açyldy. Özbegistanyň Birinji Prezidenti Islam Karimowyň 1996-njy ýylyň iýunynda ABŞ-da bolmagy Özbegistan we Amerika gatnaşyklaryny täze derejä göterdi. Islam Karimow ABŞ Prezidenti Bill Klinton bilen duşuşdy. Iki ýurduň arasyndaky gatnaşyklary çuňlaşdyrmak, taraplaryň bähbidine dahylly bolan syýasy, ykdysady, howpsuzlyk meseleleri ara alnyp maslahatlaşyldy. Bill Klinton ABŞ administrasiýasy Merkezi Aziýa ýurtlarynyň garaşsyzlygyndan, durnuklylygyndan we gülläp ösmeginden bähbitlidigini, Özbegistan bilen ysnyşykly gatnaşyklaryň ýola goýmagy isleýändigini, Özbegistanyň tizrak dünýä bileleşigine integrirlenmegi ugrunda kömek berjekdigini nygtady.

1996-njy ýylda Özbegistanyň ABŞ-daky ilçihanasy açyldy. Özbegistan döwletiniň delegasiýasynyň ABŞ-da bolmagy daşary ýurt maýa goýumlary üçin respublikada döredilen şertler baradaky maglumat ýetmezçiligini aradan aýyrdy.

**Ýatda saklaň!**

2002-nji ýylyň mart aýynda Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti Islam Karimowyň baştutanlygynda döwlet delegasiýasy resmi döwlet sapary bilen ABŞ-da boldy. ABŞ-ny synagly pursatlarda goldandygy üçin 2002-nji ýylda Islam Karimow Amerika jemgyýetçiligi tarapyndan “Halkara möçberdäki lider” baýragy bilen sylaglandy.

2017-nji ýylyň maý aýynda Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Saud Arabystanynyň paýtagty Ar-Riýad şäherinde bolup geçen ABŞ we arap-musulman döwletleriniň sammitinde gatnaşdy. Sammit çäginde Şawkat Mirziýoýew we ABŞ prezidenti Donald Tramp ilkinji gezek duşuşdylar.

Donald Tramp döwletimiziň ýolbaşçysy bilen duşuşykda Özbegistanda alnyp barylýan özgertmeler prosesini ýokary bahalady. Şol ýylyň sentýabrynda Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew BMG-nyň 72-nji sessiýasy mynasybetli Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda boldy we ol ýerde ýaşaýan bir topar özbegistanlylar bilen duşuşdy.

Prezidentimiziň Amerikanyň Birleşen Ştatlaryna sapary dürli taryhy wakalara we duşuşyklara örän baý boldy. Prezidentimiz 19-njy sentýabr güni BMG-nyň Nýu-Ýork şäherindäki baş karargähinde Birleşen Milletler Guramasynyň Baş kätibi Antoniu Guterriş bilen duşuşdy. BMG Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasy çäginde ýurdumyz, halkymyz üçin ýene bir möhüm ähmiýete eýe waka bolup geçdi. Birleşen Milletler Guramasynyň binasynda äpet Registan meýdanynyň maketi ornaşdyryldy. 19-njy sentýabr güni Nýu-Ýorkda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti Donald Tramp tarapyndan Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasyna gelen döwlet we hökümet ýolbaşçylarynyň hormatyna resmi kabul dabarasy geçirildi. Dabarada Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew aýaly bilen gatnaşdy. Döwletimiziň ýolbaşçysy Birleşen Milletler Guramasynyň Adam hukuklary boýunça Ýokary komissary Zaýd Raad al-Husaýn, Halkara walýuta gaznasynyň buýruk beriji direktory Kristin Lagard, Bolgariýa Respublikasynyň Prezidenti Rumen Rudew, Gruziýanyň Baş ministri Georgiý Kwirikaşwili bilen duşuşdy. Halkara walýuta gaznasynyň buýruk beriji direktory Kristin Lagardyň ýurdumyzda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmeler barada durup geçmek bilen, olara Özbegistan renessansy, täze galkynyş döwrüniň **başlany**şy hökmünde baha berendigi aýratynam, üns bererlikdir. Özbegistanyň Prezidenti, şunuň ýaly-da, Jahan bankynyň prezidenti Jim Ýeng Kim bilen duşuşdy. Döwletimiziň ýolbaşçysy sapar dowamynda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda ýaşaýan bir topar watandaşlarymyz bilen hem duşuşyp, içgin söhbetleşdi. Prezidentimiz Şawkat Mirziýoýew Özbegistan we ABŞ işewürleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda geçen kabul çäresine gatnaşdy.

Watandaşlar ylym-bilim, tälim, tehnologiýa, inwestisiýa we başga ugurlary ösdürmek, Özbegistan bilen ABŞ edaralarynyň arasyndaky

aragatnaşyklary berkitmek boýunça öz pikirlerini beýan etdi. Şawkat Mirziýoýew olara ýüzlenmek bilen, Özbegistanda amala aşyrylýan giň gerimli özgertmelere dahylly bolmak, häzirki zaman bilimlerini we tejribelerini ýurduň ösüşine gönükdirmäge çagyrdy. Bu günki günde Özbegistan we ABŞ strategik hyzmatdaş we şärik ýurtlardyr.

?

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. Özbegistan haýsy döwletler bilen strategik şärikçilik barada şertnama gol çekdi?
2. Özbegistan bilen Russiýanyň arasynda nähili şertnamalara gol çekilen?
3. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň 2017-nji ýylda Russiýa, Hytaý we ABŞ-daky saparlarynyň ähmiýeti barada aýdyp beriň.
4. Russiýa we Hytaý döwlet ýolbaşçylarynyň Özbegistana sapary hem-de Özbegistanyň Prezidentleriniň ýokarda atlary getirilen döwletlere sapary boýunça jedweli dolduryň.
5. Özbegistanyň strategik hyzmatdaşlary bolan döwletleri ýada salyň! Strategik hyzmatdaş düşünjesini düşündiriň.
6. Aşakdaky döwletleriň Özbegistan bilen aragatnaşyklaryna degişli maglumatlary toplaň.

| Döwletler | Russiýa | ABŞ | Hytaý |
|---|---|---|---|
| Seneleri | | | |
| Şertnamalar | | | |

## 20-nji tema. Özbegistanyň Ýaponiýa, Hindistan we Koreýa Respublikasy bilen iki taraplaýyn aragatnaşyklarynyň ösüşi

**Özbegistan – Ýaponiýa**. Özbegistan özüniň gündogar ugurdaky daşary syýasatynda Aziýa kontinentiniň Ýaponiýa, Hindistan we Koreýa Respublikasy ýaly ýurtlary bilen döwletara gatnaşyklaryny we bähbitli hyzmatdaşlyk aragatnaşyklaryny berkitmäge aýratyn üns berdi.

1992-nji ýylyň ýanwarynda ýola goýlan diplomatik gatnaşyklar, 1994-nji ýylyň maýynda, 2002-nji ýylyň iýulynda we 2011-nji ýylyň fewralynda Ýaponiýada hem-de 2006-njy ýylyň awgustynda Özbegistanda bolup geçen döwlet ýolbaşçylarynyň arasyndaky ýokary derejedäki duşuşyklar iki ýurduň

arasyndaky bähbitli we dostlukly aragatnaşyklara täzeçe many-mazmun bagyşlady. Hususan-da, Özbegistanyň Birinji Prezidenti Islam Karimowyň 2002-nji ýylda Ýaponiýa sapary çäginde Baş ministr Jun'itiro Koidzumi bilen duşuşygynda özara dostluk, strategik şäriklik we hyzmatdaşlyk baradaky Bilelikdäki beýanata gol çekildi. Şu beýanat taraplaryň häzirki zaman halkara gatnaşyklardaky köp problemalar boýunça garaýyşlarynyň we gatnaşyklarynyň meňzeşligi, şonuň ýaly-da, olaryň iki ýurduň köp taraply hyzmatdaşlygyny has-da giňeltmäge ymtylýandygyny tassyklaýan resmi resminama öwrüldi. 2004-nji ýylda Tokiodaky Soka uniwersitetiniň çäginde beýik özbek akyldary Alyşir Nowaýa heýkel oturdyldy.

Özbegistanyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň fewralynda Ýaponiýa eden nobatdaky resmi sapary dowamynda ýokary tehnologiýalar ugrunda ýöriteleşen iri kompaniýalar bilen ýapon tehnologiýalaryny we inwestisiýalaryny Özbegistanyň nebit-gaz, himiýa, energetika, maşyn gurluşygy we dokmaçylyk senagaty ýaly çalt ösýän ugurlaryna çekmäge gönükdirilen ençeme ylalaşyklar düzmek gazanyldy.

2015-nji ýylyň oktýabrynda Ýaponiýanyň Baş ministri Sindzo Abeniň Özbegistana sapary çäginde Özbegistan we Ýaponiýa umumy bahasy 8,5 mlrd. dollardan köprägi düzýän bilelikdäki taslamalary amala aşyrmaga ylalaşyldy.

**Özbegistan – Hindistan**. Hindistan Özbegistanyň iri strategik hyzmatdaşydyr. 1992-nji ýylyň martynda Daşkentde Özbegistan bilen Hindistanyň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagy baradaky beýannama gol çekildi. 2016-njy ýyla çenli Özbegistanyň Birinji Prezidenti Islam Karimow Hindistana bäş gezek sapara bardy we birinji resmi sapar 1991-nji ýylyň awgustynda amala aşyrylypdy. 1993-nji ýylyň maýynda Hindistanyň Baş ministri Narasimha Rao döwlet sapary bilen Özbegistanda boldy. Sapar günlerinde "Özbegistan Respublikasy bilen Hindistan Respublikasynyň arasynda döwletara gatnaşyklar we hyzmatdaşlyk prinsipleri barada" şertnama, söwda – ykdysady hyzmatdaşlyk barada we başga ylalaşyklara gol çekildi. Özbegistanyň Birinji Prezidenti Islam Karimowyň 1993-nji ýyldaky Hindistana resmi sapary çagynda iki ýurduň arasynda ykdysady, söwda we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyk barada ençeme ylalaşyklara gol çekildi. 2006-njy ýylda Hindistanyň Baş ministri M.Singhiň

Özbegistana resmi sapary, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2011-nji ýylyň maý aýynda Hindistana eden döwlet sapary we 2015-nji ýylyň iýunynda Hindistanyň Baş ministri Narendra Modiniň Özbegistana resmi sapary hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny has-da ýokary derejä göterdi. Özbegistan bilen Hindistanyň arasynda özara bähbitli aragatnaşyklara hyzmat edýän 40-a ýakyn resminamalar kabul edilen bolup, olaryň arasynda iň möhümi – iki döwlet gatnaşyklaryny hil taýdan täze derejä götermäge gönükdirilen Strategik şäriklik baradaky Bilelikdäki beýanatydyr. Häzirki günde Özbegistanyň çäginde Hindistanyň maýa goýumlarynyň gatnaşmagynda açylan 60-dan artyk kärhana iş alyp barýar.

**Özbegistan – Koreýa Respublikasy**. Özbegistan Respublikasy bilen Koreýa Respublikasynyň arasynda hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň ösmegine 1991-nji ýylyň dekabrynda Özbegistanyň garaşsyzlygy ykrar edilen we olaryň arasynda 1992-nji ýylyň ýanwarynda diplomatik gatnaşyklar ýola goýlan günde esaslandyrylypdy. Bu taryhy seneler iki döwletiň özara gatnaşyklarynda işjeň syýasy gepleşik alyp barmak we her taraplaýyn özara bähbitli hyzmatdaşlygyň şekillenmegi üçin ýol açdy.

**Ýatda saklaň!**

Diplomatik gatnaşyklar ýola goýlandan bäri geçen döwrüň içinde Özbegistan Respublikasy bilen Koreýa Respublikasynyň arasynda 12 gezek ýokary derejedäki duşuşyklar bolup geçdi.

Özbek-koreýs özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň gülläp ösmegine Özbegistanyň ýolbaşçysynyň Koreýa Respublikasyna 2012-nji ýylyň sentýabryndaky sapary täze itergi berdi. Duşuşygyň jemlerine görä, Bilelikdäki beýanat kabul edilip, onda taraplaryň köp taraplaýyn hyzmatdaşlygynyň ýagdaýyna baha berildi we her taraplaýyn gatnaşyklaryň gelejekdäki ileri tutulýan ugurlary kesgitlendi. 2014-nji ýylyň iýunynda Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Park Geunheniň Özbegistana resmi sapary çagynda iki döwletiň arasynda Strategik şärikligi has-da

**Ýatda saklaň!**

2017-nji ýylda Koreýa Respublikasynda Şawkat Mirziýoýewiň Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti wezipesindäki işiniň birinji ýyly barada koreýs dilinde “Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew” atly kitap çap edildi.

ösdürmek we çuňlaşdyrmak barada Bilelikdäki Deklarasiýa we maliýe, inwestisiýa, garşylykly energetika we medeniýet ugurlarynda özbek-koreýs hyzmatdaşlygyny has-da çuňlaşdyrmak maksadynda ençeme resminamalara gol çekildi. Özbegistanda Koreýanyň inwestisiýasynyň gatnaşmagy bilen 400-den artyk kärhana iş alyp barýar.

1992-nji ýyldan bäri Daşkentde Koreýa tälim merkezi iş alyp barýar. Özbegistan döwlet dünýä dilleri uniwersiteti we Samarkant döwlet daşary ýurt dilleri institutynda Koreýs dili we medeniýeti merkezleri iş alyp barýar.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Mun Çže Iniň teklibine görä, 2017-nji ýylyň noýabrynda Koreýa Respublikasyna resmi sapar bilen bardy. Bu Özbegistanyň Prezidentiniň Koreýa Respublikasyna taryhy öwrülişik emele getiriji döwlet sapary boldy. Ýokary derejedäki gepleşiklerde özara hyzmatdaşlygyň giň gerimli meseleleri, syýasy, söwda-ykdysady, ylmy-tehniki, medeni-gumanitar we başga ugurlardaky döwletara aragatnaşyklary has-da ösdürmegiň gelejegi, regional we halkara problemalar boýunça ylalaşyklara gol çekildi.

Özbegistanyň häzirki zaman daşary syýasaty işeňňir, başyny başlaýjy we pragmatik daşary syýasy kurs alyp barmagy hem-de emele gelýän howp-hatarlara öz wagtynda we adekwat jogap çäreleri arkaly çözmegi talap edýän XXI asyryň örän çaltlyk bilen üýtgäp barýan halkara-syýasy reallyklaryny hasaba almak bilen ýola goýulýar. Bular Özbegistanyň dünýä bileleşigi bilen pugta aragatnaşykda bolanlygyny, her taraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlygy has-da çuňlaşdyryp barýandygyny delillendirýär. 2017-nji ýylda 21 sany ýokary derejedäki sapar amala aşyryldy, 60-dan gowrak döwlet we halkara guramalarynyň ýolbaşçylary we wekilleri bilen duşuşyklar geçirildi. Netijede 400-den artyk ylalaşyk gazanyldy, baryp 60 milliard ABŞ-nyň dollary göwrümindäki söwda we maýa goýumlary şertnamalaryna gol çekildi. Kabul edilen resminamalary we ylalaşyklary öz wagtynda doly ýerine ýetirmek maksadynda 40 sany “ýol kartasy” işlenip taýýarlandy we daşary yurt hyzmatdaşlarymyz bilen bilelikde amala aşyrylýar.

Özbegistanyň daşary syýasatynda täze industrial ösýän ýurtlar bilen ýakyn gatnaşyklary we hyzmatdaşlygy ýola goýmaga hem-de ösdürmäge-de uly üns berilýär. Şeýle döwletlere doly manyda Günorta-gündogar Aziýa ýurtlaryny

girizmek mümkin. Günorta-gündogar Aziýanyň Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasatyndaky özboluşly orny şunuň bilen kesgitlenýär, ýagny bu sebit on sany ösýän ýurdy öz içine alýar. Olaryň arasynda sosial-ykdysady durmuş derejesi we ösüş depginleri boýunça Indoneziýa, Malaýziýa, Singapur we Tailand ýaly ýurtlar tapawutlanýar. Olaryň kolonial tabynlykdan gutulandan soň toplan syýasy we sosial-ykdysady özgertmeler babatdaky tejribesi täze özbaşdak ýurtlar üçin peýdaly bolmagy mümkin.

Geçen döwrüň dowamynda döwlet we hökümet ýolbaşçylarynyň arasynda bolup geçen resmi duşuşyklar netijesinde, özara düşünişme, dostluk we hyzmatdaşlyk baradaky şertnamalar we ylalaşyklar gazanylyp, olar döwletara gatnaşyklara pugta esas döretdi. Bularyň ählisi Özbegistan bilen Günorta-gündogar Aziýa ýurtlarynyň arasynda söwda-ykdysady, ylmy-tehniki we medeni-gumanitar ugurlardaky hyzmatdaşlyk üstünlik bilen gülläp ösmegine hyzmat etdi.

***Adalgalar düşündirişi*!**

**Iki taraplaýyn aragatnaşyklar** – halkara gatnaşyklarda iki özbaşdak subýektiň – iki döwletiň ýa-da iki halkara guramanyň özara aragatnaşyklary;
**Industrial ösüş** – agyr we ýeňil senagatyň, galyberse-de, jemgyýetiň ykdysady ösüşine aýgytly täsir edýän möhüm pudaklarynyň ösüşi.

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. Özbegistan we Ýaponiýa hyzmatdaşlyk aragatnaşyklarynyň ugurlary nämelerden ybarat?
2. Aziýanyň täze industrial ösýän ýurtlaryna haýsy döwletler girýär? Olar bilen aragatnaşyklaryň möhümligi nämede?
3. Özbegistanyň daşary ýurtlar bilen aragatnaşygyna degişli jedweli dolduryň.

| Döwletler | Ýaponiýa | Hindistan | Koreýa |
|---|---|---|---|
| Sapar ýyllary | | | |
| Netijeler | | | |

4. 2017-nji ýylda Koreýa we Özbegistan gatnaşyklarynda nähili prosesler bolup geçdi?
5. Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti ilkinji resmi sapar bilen haýsy döwlete barypdy? Şol döwlet bilen aragatnaşyklaryň ösüş perspektiwalary nämelerde görünýär?

# IX BAP. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KÖP TARAPLAÝYN HYZMATDAŞLYK ARAGATNAŞYKLARYNYŇ ÖSÜŞI

## 21-nji tema. Özbegistanyň Birleşen Milletler Guramasy çägindäki işi we parahatçylyk söýüji daşary syýasaty



Birleşen Milletler Guramasynyň baýdagy

**Özbegistan we BMG**. Özbegistan Respublikasy 1992-nji ýylyň 2-nji martynda BMG-na kabul edildi we ýurdumyz dünýä bileleşiginiň deň hukukly agzasy boldy. Özbegistanyň öňki döwlet ýolbaşçysy Islam Karimow tarapyndan BMG münberinde öňe sürlen teklipler tutuş dünýäde parahatçylygy we durnuklylygy berkitmek, sosial-ykdysady ösüşe kömekleşmek, ýadro ýaragynyň ýaýramagynyň öňüni almak ugrunda dünýä bileleşigini birleşdirmäge ymtylýan BMG we giň dünýä bileleşigi tarapyndan gyzgyn goldandy. Şol sanda, 1993-nji ýylyň 28-nji sentýabrynda BMG Baş Assambleýasynyň 48-nji sessiýasynda Ýurdumyzyň Birinji Prezidenti Islam Karimow ilkinji gezek çykyş etdi. Onda Merkezi Aziýany ýadro ýaragyndan azat zona diýip yglan etmek, Aral problemasy boýunça BMG-nyň ýörite komissiýasyny düzmek ýaly ençeme möhüm teklipler öňe sürüldi. 1993-nji ýylyň oktýabrynda Daşkentde BMG-nyň wekilhanasy işläp başlady. Özbegistanyň başlangyjy bilen we BMG ýolbaşçylygynda 1995-nji ýylyň sentýabrynda Merkezi Aziýada howpsuzlyk we hyzmatdaşlyk meselelerine bagyşlanan Daşkent geňeş-seminary geçirildi. 1995-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda Nýu-Ýorkda BMG-nyň 50 ýyllygy mynasybetli Islam Karimow söz sözläp, Owganystandaky ýitiligi çözmegiň açary, ilki bilen, daşky güýçleriň gatyşmagyny aradan aýyrmakder, diýen teklibi girizdi. 2000-nji ýylda BMG Baş Assambleýasynyň 55-nji sessiýasy "Müň ýyllyk sammit"inde Islam Karimow BMG-nyň münberinden BMG-nyň regional we global problemalary çözmekdäki ornuny we ähmiýetini artdyrmak boýunça çäreler maksatnamasynyň kabul edilmegi zerurlygyny nygtap, Howpsuzlyk Geňeşiniň hemişelik agzalarynyň düzümine Germaniýany we Ýaponiýany girizmegi, global we



Antoniu Guterriş
Samarkantda

regional howplara gatnaşyk bildirmekde çaltlygy artdyrmak üçin Baş Kätibiň ygtyýarlyklaryny giňeltmedigini belläp geçdi. Özbegistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen 2001-nji ýylda BMG Howpsuzlyk Geňeşiniň terrorizme garşy göreş boýunça ýörite komiteti döredildi. 2010-njy ýylda BMG Baş Assambleýasynyň 65-nji sessiýasyndaky Ýurdumyzyň Birinji Prezidenti Islam Karimow öz çykyşynda dünýä ýurtlarynyň ünsüni ýene Merkezi Aziýadaky çylşyrymly problemalary çözmegiň ýollaryna gönükdirdi. 2002-nji ýylyň oktýabr aýynda BMG Baş kätibi Kofi Annanyň, 2010-njy ýylyň aprel aýynda BMG Baş kätibi Pan Gi Munyň Özbegistana saparlary hem ýurdumyzyň halkara bileleşikdäki orny pugtalanyp, abraýynyň barha artýandygynyň delilidir. 2017-nji ýylyň iýunynda BMG Baş kätibi Antoniu Guterriş Özbegistana geldi. Samarkantda ol Prezident Şawkat Mirziýoýew bilen duşuşdy. Guterriş Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti Islam Karimowyň guburyny zyýarat edip, soň Aralboýy çägindäki ýagdaý bilen tanyşdy.

Özbegistan BMG-nyň ençeme ýöriteleşdirilen edaralary, şol sanda, Dünýä banky, Halkara walýuta fondy (HWF), Dünýä söwda guramasy (DSG), BMG-nyň Ýewropa boýunça ykdysady komissiýasy (EYK), BMG söwda we ösüş boýunça konferensiýasynyň topary ýalylar bilen giň gerimli hyzmatdaşlyk aragatnaşyklaryny ýola goýdy. Şonuň ýaly-da, Özbegistan Respublikasy BMG çägindäki ýöriteleşen edaralar – Dünýä saglygy goraýyş guramasy, Halkara zähmet guramasy, Halkara çagalar

**Ýatda saklaň!**

Islam Karimowyň BMG Baş Assambleýasyndaky ilkinji çykyşy 1993-nji ýylyň sentýabrynda, 48-nji sessiýada bolan bolsa, Şawkat Mirziýoýewiň ilkinji çykyşy 2017-nji ýylyň sentýabrynda, 72-nji sessiýada boldy.

gaznasy (YUNISEF), Halkara Olimpia komiteti, Halkara awtomobilçiler Soýuzy we başga guramalaryň hem agzasy hasaplanýar.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew 2017-nji ýylyň 19-njy sentýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýa-synda söz sözledi. Onda ençeme meseleler, şol sanda BMG-nyň Ýaşlaryň hukuklary baradaky halkara konwen-siýasyny işläp taýýarlamak we Baş Assambleýanyň "Medeni aň-bilim we dini bagrygiňlik" diýlip atlandyrylýan ýörite rezolýusiýasyny kabul etmek, Merkezi Aziýada suw resurs-laryndan akylly-başly peýdalanmak, Aral deňziniň guramagy problemasy, goňşy ýurtlar bilen gowy goňşuçylyk gatnaşyklaryny berkitmek meseleleri, Owganystanda parahatçylygy gazanmagyň aň-bilimli ýollary meselelerine aýratyn durup geçdi.



Ş. Mirziýoýew BMG-nyň münberinden Aral deňziniň kartasyny görkezýär

**Özbegistan we ÝuNESKO.** Özbegistanyň BMG howandarlygyndaky tälim, ylym we medeniýet bilen meşgullanýan halkara gurama – ÝuNESKO bilen araga-tnaşyklary barha pugtalanyp barýar. 1993-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda ÝuNESKO-nyň Parižidäki karargähinde Özbegistany ÝuNESKO agzalyga kabul etmek dabarasy boldy. Şol gün Ulugbegiň doglan gününiň 600 ýyllygyny bellemek ÝuNESKO maksatnamasyna girizildi. 1994-nji ýylyň oktýabrynda Parižde Ulugbek hepdeligi dabaraly geçdi. Hywa we Buhara ÝuNESKO-nyň dünýä medeni gymmatlyklar sanawyna girizildi.

ÝuNESKO-nyň baýdagy

**Ýatda saklaň!**

2017-nji ýylda Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň halkara hyzmatdaşlygy çäginde 21 ýokary derejedäki sapar, 60 döwlet we halkara guramalar bilen duşuşyk, 400-den artyk ylalaşyk we 60 mlrd. ABŞ dol-lary göwrümindäki ylalaşyklar gazanyldy.

Bu sanawda 411 obýekt bar. ÝuNESKO-nyň kararyna görä Samarkantda Merkezi Aziýa barlaglary halkara instituty döredildi. ÝuNESKO Baş direktory Federiko Maýoryň Özbegistandaky resmi sapary çagynda, 1995-nji ýylyň iýul aýynda şu institut açyldy. ÝuNESKO beýik babakelanymyz Emir Temuryň doglan gününiň 660 ýyllygyny halkara möçberde bellemegi karar etdi we 1996-njy ýylyň oktýabrynda Parižde Emir Temura bagyşlanan bir hepdelik halkara maslahat bolup geçdi. Emir Temur doglan Şährisebz şäheri ÝuNESKO-nyň medeni gymmatlyklar sanawyna girizildi. 1997-nji ýylda dünýä medeniýetiniň dürdänelerinden hasaplanan Buhara we Hywa şäherleriniň 2500 ýyllyk mübärek seneleri Parižde giň bellendi, halkara maslahat we sergiler geçirildi. Soňky ýyllarda bu hyzmatdaşlygyň çägi has-da giňeldi. Şol sanda, ÝuNESKO halkymyzyň Şaşmakom, Uly Aýdym, Nowruz ýaly ençeme müň ýyllyk gymmatlyklaryny saklap galmakda we wagyz etmekde giň gerimli iş alyp barýar.

**Owganystanda parahatçylygy we durnuklylygy ornaşdyrmak meselesi**. 1997-nji ýylda Ýurdumyzyň Birinji Prezidenti Islam Karimow Owganystan bilen goňşy alty ýurt – Eýran, Hytaý, Pakistan, Täjigistan, Türkmenistan, Özbegistan, şonuň ýaly-da, ABŞ we Russiýa döwletleriniň gatnaşmagynda BMG hemaýatlygy astynda owgan problemasyny gepleşikler ýoly bilen çözmäge gönükdirilen "6+2" gepleşik toparyny düzmek başlangyjy bilen çykdy. Şu başlangyjy amala aşyrmak maksadynda ençeme

**Şuny okaň!**

"Owganystan meselesi global möçberdäki meseleler merkezinde bolmalydyr. Halkara bileleşigiň tagallalary, birinji nobatda, Owganystandaky ýiti sosial-ykdysady problemalary çözmäge gönükdirilmeli. Owganystanda parahatçylygy gazanmagyň ýeke-täk ýoly – merkezi hökümet we ýurduň içindäki esasy syýasy güýçleriň arasynda öňünden hiç hili şert goýmazdan, gönüden-göni gepleşik alyp barmakdygyna ynanýarys. Gepleşikler owganystanlylaryň özleri aýgytlaýjy orun tutan ýagdaýda, Owganystanyň çäginde we BMG arkada durmagy bilen geçmeli. Danyşment owgan halky öz tagdyryny özi çözmäge haklydyr".

*Ş.Mirziýoýewiň BMG Baş Assambleýasynyň 72-nji sessiýasyndaky çykyşyndan.*

syýasy-diplomatik çäreler görüldi. Özbegistanda, ABŞ-da we Owganystanda şu ýurtda dowam edýän ýaragly çaknyşmalaryň gatnaşyjylary bilen ýörite gepleşikler alnyp baryldy we 1999-njy ýyla gelip, Özbegistanda BMG arkada durmagynda “6+2” gepleşik toparynyň Owganystan problemasynyň çözüwine bagyşlanan halkara maslahatyny geçirmek gazanyldy. Daşkent şäherinde bolup geçen şu çärede birinji gezek Owganystanda özara agzala güýçleriň wekillerini umumy gepleşikler döwresinde jemlemek başartdy. Bu özbek diplomatiýasynyň möhüm üstünliklerinden biridi.

Iň möhümi, Özbegistan özüniň tekliplerini we taglymlaryny amaly işler bilen berkidip bardy. Mysal üçin, ýurdumyz Owganystanda awtomobil ýollarynynyň, demir ýollaryň, köprüler gurluşygynda işjeň gatnaşdy. Owganystanyň taryhynda iň birinji häzirki zaman demir ýol hut Özbegistan tarapyndan “Termiz – Haýratan – Mazary Şerif” ýönelişde gurlup tamamlandy we 2010-njy ýylda işe düşürildi. Goňşy ýurduň paýtagty – Kabul şäherini üznüksiz elektrik energiýasy bilen üpjün edip başlan ýurtlardan biride hut Özbegistan boldy.

**Ýatda saklaň!**

Özbegistan bilen Owganystanyň arasynda diplomatik aragatnaşyklar 1992-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda ýola goýlan. Iki taraplaýyn hyzmatdaşlyk 2016-njy ýyla gelip, yzygiderli ösüp başlady. 2017-nji ýylyň ýanwarynda Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Owganystan boýunça ýörite wekili bellenendigi ýurdumyzyň iki taraplaýyn gatnaşyklarda aýratyn ähmiýete eýe boldy.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň teklibine görä Owganystan Yslam Respublikasynyň Prezidenti Muhammet Aşraf Gani 2017-nji ýylyň 4-nji dekabr güni resmi sapar bilen ýurdumyza geldi. Ýurtlaryň arasynda dürli ugurlardaky hyzmatdaşlygy has-da berkitmäge gönükdirilen 16 resminama gol çekildi.

**Ekologik problemalar. Transaraçäk derýalar.** 1990-njy ýyllardan başlap Aral pajygasynyň heläkçiligini başyndan geçirýän ähli ýurtlar Birleşen Milletler Guramasy, şonuň ýaly-da, başga halkara we regional gurama münberlerinden dünýä bileleşiginiň ünsüni şu problema, ony regional

we global howpsuzlyk bilen aýrylmaz baglylygyna çekip gelýärler. Aral pajygasy we ony aradan aýyrmak çärelerini gözlemek Özbegistanyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlaryndan biridir. Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti Islam Karimow 1993-nji ýylyň sentýabrynda BMG Baş Assambleýasynyň 48-nji sessiýasynda we 1995-nji ýylyň oktýabryndaky 50-nji sessiýalarynda eden çykyşlarynda dünýä bileleşigini Merkezi Aziýa sebitindäki ekologik heläkçilik bolan Aral we Aralboýuny halas etmekde kömek beräge çagyrdy. Şu global problemany BMG arkada durmagynda halkara maliýe gurluşlarsyz, ösen döwletleriň kömegisiz amala aşyrmak mümkin dälligine BMG-nyň ünsüni çekdi. 1993-nji ýylda Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Türkmenistan we Özbegistan guramaçylygynda Araly halas etmek halkara gaznasy (AhHG) döredildi. 2010-njy ýylda "Orta Aziýanyň transaraçäk ekologik problemalary: olary çözmekde halkara hukuk mehanizmlerini ulanmak" temasynda geçirilen halkara konferensiýada Islam Karimow transaraçäk derýalar we olardan peýdalanmakda adalat prinsipine amal etmek zerurlygy, ýogsam sebitiň eko älemine uly pajygalary getirmegi mümkinligi barada ýene bir gezek köpçülige mälim etdi.

2013-nji ýylda Aralboýy üçin Amyderýa deltasyndaky kiçi suw basseýnlerini döretmek, şorsuzlandyrýan gurluşlara eýe suw çykaryjy desgalaryny gurmak, gorag tokaýyny döretmek ýaly taslamalary we çäreleri maliýeleşdirmäge serişdeler goýbermek plany tassyklanan. 2013-nji ýylda Özbegistan Respublikasy we AhHG-nyň şol wagtdaky Prezidenti I.A.Karimowyň başlangyjy bilen BMG Baş Assambleýasynyň 68-nji sessiýasynyň resmi resminamasy hökmünde "Aralyň guramagy netijelerini ýok etmek we Aralboýy ekosistemasy heläkçiliginiň öňüni almak çäreleriniň Maksatnamasy" öňe sürüldi.

Global möçberde we sebitimizde ekologik ýagdaýyň barha erbetleşmegi we süýji suw ýetmezçiligi şertinde Merkezi Aziýada suw resurslaryndan akylly-başly peýdalanmagy üpjün etmek derwaýys mesele bolmagynda galýar. Mälim bolşy ýaly, Merkezi Aziýanyň iki esasy transaraçäk derýalary – Amyderýa we Syrderýa taryhy taýdan sebitiň halklarynyň umumy baýlygy we ýaşaýyş çeşmesi bolup gelipdir. Hut şu derýalaryň guýulmagynyň

hasabyna Aral deňzi basseýnini suw bilen üpjün edipdir. Şolary hasaba almak bilen, Özbegistan Respublikasy Täjigistan we Gyrgyzystan Respublikalary tarapyndan dünýä möçberinde iri ülňüdäki bentleri, Amyderýanyň ýokarky böleginde beýikligi 350 metri düzýän Rogun we Syrderýanyň ýokarky böleginde Kambarata GES-lerini gurmak boýunça alyp barýan hereketlerine biparh garap durup bilmedi. Özbegistan Amyderýanyň we Syrderýanyň tebigy akymyna, daşky gurşawa haýwanat we ösümlik dünýäsine nähili täsir etmegi mümkinligini anyklamak maksadynda BMG arkada durmagynda obýektiw halkara barlagdan geçirilmeli, diýip hasaplady.

Täjigistan bilen Özbegistanyň arasyndaky iki taraplaýyn gatnaşyklar transaraçäk derýalary dolandyrmak ugrundaky hyzmatdaşlygyň ýoklugy sebäpli entegem çylşyrymly bolmagynda galýar. Özbegistan I.Karimow Prezidentligi döwründe Rogun GES-niň gurluygyna berk garşy çykypdy. Ýurt şu GES-iň gurulmagy bilen derýalaryň suwy kemelip gitjekdigini mälim edipdi, şonuň ýaly-da, GES bendi bozulýan bolsa, ekologik pelaket howpy bilen duýdurypdy. Şawkat Mirziýoýew prezidentlik wezipesine girişensoň, Özbegistanyň Roguna görä pozisiýasy birneme özgerdi. 2017-nji ýylyň ýazynda Özbegistan Rogun GES gurluşygyna garşy dälligi, diňe bu prosesde Özbegistanyň milli bähbitleri-de hasaba alynmalydygyny mälim etdi.

***Adalgalaryň dü***şündirişi:

**Transaraçäk** – araçäklerara, birnäçe döwletiň çäginden geçýän. Derýalara we ýollara görä ulanylýar.

**Şafe –** (arkasynda durýan, howandar; araçy) biriniň tarapyny çalýan, howandarlyk edýän; howandar.

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. Aral problemasyny aradan aýyrmak boýunça nähili çäreler amala aşyryldy?
2. Özbegistan BMG-na agza bolýandygynyň ähmiýeti barada aýdyp beriň.
4. Merkezi Aziýanyň kartasyndan transaraçäk derýalary tapyň we düşündiriň.

## 22-nji tema. Özbegistanyň regional guramalar çägindäki köptaraplaýyn hyzmatdaşlygy

**Garaşsyz Döwletler Arkalaşygy**. Özbegistanyň daşary syýasatynyň üns merkezinde Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy çägindäki ýurtlar bilen özara deň bähbitli aragatnaşyklary berkitmek boldy. Sebäbi, sowet döwründe höküm süren dolandyryşyň merkezleşdirilen administratiw-buýruk beriji usuly, sütemkärlik syýasaty öňki Soýuz düzümine giren ýurtlary ykdysady taýdan bir-birine şeýle baglap goýupdy, ýagny netijede olar özara tabynlyk duzagyna düşüp galypdylar. Şonuň üçin öňki Soýuz düzüminden bölünip çykan ýaş özbaşdak döwletler muny çuňňur duýýardy we bar kynçylyklary hem-de ykdysady krizisden çykmagyň, sütemkär syýasatyň süteminden gutulmagyň ýeke-täk ýoly – agzybir bolup, hereket etmekdi. Ynha şu nukdaý nazardan hem Özbegistan Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy tagly-myny goldady.

1991-nji ýylyň 8-nji dekabrynda Belarusyň, Russiýanyň we Ukrainanyň ýolbaş-çylary Minskde duşuşyp Garaşsyz Döwlet-leriň Arkalaşygyny esaslandyrdylar. 1991-nji ýylyň 21-nji dekabrynda Azerbaýjan, Ermenistan, Belorussiýa, Gazagystan, Gyrgyzystan, Moldowa, Russiýa, Täjigistan, Türkmenistan, Özbegistan we Ukraina döwletleriniň başlyklary Almatyda duşuşyp, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna agza bolup girdiler. Şeýle XX asyryň möhüm wakalaryndan biri bolup geçdi – GDA erkin ykdysady bileleşik emele geldi. Şondan bäri GDA-nyň birnäçe ýygnanyşyklary geçirildi, köp resminamalar kabul edildi. Olaryň ählisi uzak ýyllar bir döwlet bolup gelen ýurtlarara ykdysady, medeni, harby we başga aragatnaşyklary täze şertlerde – özbaşdak döwletlerara gatnaşyklar görnüşinde dowam etdirmäge gönükdirildi.

1993-nji ýylyň ýanwarynda Minskde GDA Döwletleriniň başlyklarynyň nobatdaky Geňeşinde GDA-nyň Ustawy kabul edildi. 1993-nji ýylyň dekabrynda Aşgabat şäherinde GDA döwletleriniň başlyklarynyň Geňeşi bolup, onda Gruziýa GDA agza edip kabul edildi. Şu mynasybetli GDA-nyň düzümi 12 döwlete ýetdi. 1994-nji ýylyň oktýabrynda Moskwada geçirilen GDA döwlet başlyklarynyň Geňeşinde Döwletara ykdysady komitet (DYK) düzüldi. DYK-niň ştab-kwartirasy Moskwa şäheri edip bellendi. 1996-njy

ýylda GDA-nyň baýdagy kabul edildi. GDA-nyň başlygy wezipesi nobat bilen bir döwlet ýolbaşçysyndan soňky döwlet ýolbaşçysyna geçýär. GDA-nyň esasy maksatlaryny amala aşyrmak üçin arkalaşyk döwletleriniň özara gatnaşyklarynda döwlet suwerenitetini özara ykrar etmek we hormat etmek, deň hukuklylyk we bir-birleriniň içki işlerine gatyşmazlyk, ykdysady güýç ýa-da başga täsir usullaryny ulanmakdan el çekmek ýaly düzgünlere amal etmek borçlaryny aldylar. 2004-nji ýylyň sentýabr aýynda Gazagystanyň paýtagty Astanada bolup geçen GDA-nyň sammitinde terrorizme garşy göreş boýunça GDA-nyň "Howpsuzlyk Geňeşi"ni düzmek karar edildi. 2005-nji ýylyň awgustynda Türkmenistan GDA-nyň resmi agzasy derejesinden çykyp, arkalaşygyň guramaçylyk agzasy – synçy statusyny alýar. 2008-nji ýylyň awgust aýynda Gruziýa Garaşsyz Döwletler Arkalaşygyndan çykmak baradaky islegini bildirdi we 2009-njy ýylyň awgust aýyndan Gruziýanyň GDA agzalyk statusyny bes etmek baradaky karar kabul edildi. Bu günki günde GDA-nyň düzümine 10 agza döwlet: Russiýa, Ukraina, Belorussiýa, Gazagystan, Özbegistan, Gyrgyzystan, Täjigistan, Azerbaýjan, Ermenistan, Moldowa we bir synçy Türkmenistan girýär.

**Ýatda saklaň!**

Özbegistanyň Birinji Prezidenti Islam Karimow garaşsyzlygyň ilkinji wagtlaryndan özbek, gazak, gyrgyz, garagalpak, täjik, türkmen we sebitde ýaşaýan ähli halklaryň arasyndaky şu gadymy aragatnaşyklary täze şertde berkitmegi nazarda tutup, "Türküstan – umumy öýümiz" diýen taglymy öňe sürüpdi.

***Halkara maliýe institutlary bilen hyzmatdaşlyk aragatnaşyklarynyň giňelmegi*** islendik döwletiň ykdysady ösüşiniň esasy hasaplanýar. Özbegistan ösüşiniň täze döwrüni başlan bu günki şertde halkara maliýe guramalary bilen hyzmatdaşlyk aragatnaşyklaryny barha çuňlaşdyrmak we täze basgançaga götermek başlangyjy bilen çykýar. ***Parahatçylyk we berkararlyk doly kepillendirilen, uly*** önümçilik mümkinçiliklerine, çäksiz ***ýerasty we ýer üsti baýlyklaryna eýe bolan*** Özbegistan ***ýaly*** ýurt ***bilen halkara maliýe edaralarynyň hyzmatdaşlygy iki tarap*** üçin ***hem bähbitlidigi hemmä aýan.*** Özbegistan baý çig mal bazasyna we uly ýerasty baýlyklar goruna eýe. Iň esasysy, ýokary intellektual mümkinçilige, döredijilik we

ýaradyjylyk güýjüne eýe bolan bagrygiň halky haýyrlylyk we ýagşylyk, adamzat durmuşynyň bagtly gelejekli ýolunda umumadamzat bähbitlerine laýyk gelýän durmuş ýörelgelerini gurmagy başarýar. Şonuň üçin hem, Özbegistanyň ýolbaşçysy Jahan banky, Halkara walýuta fondy we başga abraýly maliýe edaralary bilen gönüden-göni gepleşigi we özara bähbitli hyzmatdaşlygy ýola goýmagyň çärelerini gözleýär.

ŞHG-nyň gerbi

**Özbegistanyň Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen aragat-naşyklary**. Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy (ŞHG) – subregional halkara gurama bolup, Ýewraziýanyň çäginiň 61%-ni eýeleýär. ŞHG-nyň resmi dili rus we hytaý dili, simwoly bolsa ak baýdak bolup, onuň merkezinde guramanyň gerbi ýerleşýär. Guramanyň ştab-kwartirasy Pekinde ýerleşýär. 1996-njy ýylda Şanhaýda Hytaý, Russiýa, Gazagystan, Gyrgyzystan we Täjigistan döwlet ýolbaşçylarynyň sammitinde araçäk çäkleri boýunça harby ugurda özara ynamy berkitmek bilen bagly şertnama (1996-njy ýyl 26-njy aprel) gol çekilmegi netijesinde “Şanhaý bäşligi” emele gelipdi. 1997–1999-njy ýyllarda Moskwada, Almatyda, Bişkekde bolup geçen sammitlerde “Şanhaý bäşligi”niň ýagdaýy has-da pugtalanyp, özara ynam we hyzmatdaşlyk gatnaşyklary täze basgançaga göterildi. 2000-nji ýylda Duşanbede Özbegistan Respublikasy birinji gezek synçy hökmünde gatnaşdy. 2001-nji ýylda Hytaýda nobatdaky Şanhaý sammiti boldy. Onda Özbegistan Respublikasynyň Birinji Prezidenti Islam Karimow gatnaşyp, Özbegistanyň “Şanhaý forumy”na doly hukukly agza bolmagy barada”ky Beýanata gol çekdi. Özbegistanyň “Şanhaý forumy”na girmegi mynasybetli onuň ady “Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy – ŞHG”, diýlip üýtgedildi. Sammitiň ahyrynda “ŞHG-ny düzmek barada”ky Deklarasiýa hem-de “Terrorçylyga, separatizma we ekstremizme garşy göreş barada Şanhaý konwensiýasy”na gol çekildi. 2002-nji ýylda ŞHG-na agza ýurtlaryň ýolbaşçylarynyň nobatdaky Sankt-Peterburg sammitinde üç resminama: ŞHG-na agza döwletleriň ýolbaşçylarynyň Deklarasiýasy, ŞHG Hartiýasy, ŞHG-na agza döwletleriň arasynda Regional antiterror gurluşy (MATT) baradaky Ylalaşyga gol çekildi. 2003-nji ýylda Moskwada bolup geçen

**ŞHG-nyň ýokary organlary:**

- «Döwlet başlyklary Geňeşi»;
- «Hökümet başlyklarynyň Geňeşi (Baş ministrler)»;
- «Daşary işler ministrleri Geňeşi» (2002-nji ýylda birinji mejlisi bolup geçdi);
- «Milli laýyklaşdyryjylar Geňeşi»;
- «Ministrler we (ýa-da) edaralar ýolbaşçylary Ýygnagy» (2000-nji ýylyň birinji duşuşygy amala aşyryldy);
- 2002-nji ýyl düzülen «Regional Antiterror gurluşy (MATT)»;
- 2004-nji ýylyň ýanwar aýyndan iş başlan Kätiblik we başgalar.



ŞHG-nyň kartasy

**Ýatda saklaň!**

2007-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan ŞHG-nyň baş kätibi wezipesi girizildi we bu wezipäni Gazagystan Respublikasynyň wekili Bulat Nurgaliýew eýeledi. Bu wezipede 2016-njy ýyldan Täjigistanyň wekili Raşid Alimow iş alyp barýar.




ŞHG-na agza döwlet ýolbaşçylary. 2018-nji ýyl

sammitde ŞHG ýokary organlary baradaky Ustawlar tassyklandy we guramanyň gerbi, baýdagy kabul edildi. 2003-nji ýylda ŞHG-nyň Pekin sammitinde “ŞHG-na agza döwletleriň 20 ýyla niýetlenen söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk maksatnamasy” kabul edildi. 2004-nji ýylda ŞHG-nyň Daşkent sammitinde söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmek meselesine aýratyn üns berildi. 2005-nji ýylda ýurduň ýolbaşçylary geňeşip, üç Aziýa ýurdy – Hindistana, Eýrana we Pakistana synçy statusy berilmegi barada karar kabul edildi. Gurama geografik taýdan giňeldi we bu ŞHG-nyň halkara ýagdaýyny has-da ýokarlandyrdy. Mundan daşary, Owganystan we Mongoliýa ýurtlary hem synçy statusyna eýe boldular, Türkiýe bolsa gepleşik boýunça şärige öwrüldi.

Guramanyň 2016-njy ýyldaky Daşkent sammitinde Hindistanyň we Pakistanyň ŞHG-na agza döwlet statusyny almak ugrundaky borçlary baradaky memorandumlara gol çekildi hem-de 2017-nji ýylda Astanadaky sammitde Hindistan we Pakistan gurama agza hökmünde kabul edildi.

2017-nji ýylyň iýun aýynda gurama agza döwletleriň ýolbaşçylarynyň Astanada bolan sammitinde Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew söz sözläp, onda sammitiň gatnaşyjylarynyň ünsüni Owganystandaky ýagdaýy gowulandyrmak, ýaşlary dürli keseki taglymlardan aýawlamak, olaryň häzirki zaman tälim-terbiýe almagy, kämil ynsan bolup kemala gelmeginde döwletara hyzmatdaşlyga gönükdirdi. Tertibe görä, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasyna başlyklyk Hytaý Halk Respublikasyna geçdi.

?

**Soraglar we ýumuşlar**:

1. GDA-nyň maksatlary we Özbegistan üçin ähmiýetli taraplaryny aýdyp beriň.
2. Goşmaça edebiýatlar esasynda GDA baýdagyndaky simwoly düşündiriň.
3. Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasynyň maksatlaryny we wezipelerini sanaň.
4. “ŞHG-nyň kartasy” suratyna garap, ýaşyl, gülgün we melewşe reňkde berlen döwletleriň adyny aýdyň. Reňkleriň mazmunyny düşündiriň.
5. ŞHG-da Özbegistanyň gatnaşygyny hronologik tertipde düşündiriň.
6. ŞHG-daky organlary we gurluşlary sanaň. Olaryň funksiýalary we ygtyýarlyklary nämelerden ybarat?

## MAZMUNY


**Giriş** ........................................................................................................ 3

**I BAP. GARAŞSYZLYGYŇ YGLAN EDILMEGI WE ÖZBEGISTANDA JEMGYÝETÇILIK-SYÝASY ÖZGERTMELERIŇ BAŞLANMAGY**

1-nji tema. Özbegistan Respublikasynyň garaşsyzlygynyň gazanylmagy ............. 5
2-nji tema. Özbegistan Respublikasynyň milli döwletliliginiň şekillenişi we ösüşi.........................................................................................................11

**II BAP. ÖZBEGISTANDA RAÝAT JEMGYÝETINIŇ ŞEKILLENMEGI WE ÖSÜŞI**

3-nji tema. Raýat jemgyýeti taglymynyň ösüş taryhy ........................................ 22
4-nji tema. Özbegistanda raýat jemgyýetiniň ösüşiniň esasy basgançaklary we perspekriwalary ................................................................. 30

**III BAP. ÖZBEGISTANDA YKDYSADY ÖZGERTMELER WE SOSIAL SYÝASAT**

5-nji tema. Özbek modeliniň işlenip taýýarlanmagy. Ykdysady özgertmeleriň başlanmagy ........................................................................................................ 35
6-njy tema. Ýurduň önümçilik kuwwatynyň artdyrylmagy we dünýä ykdysady ulgamyna integrirlenmegi ................................................................................ 46
7-nji tema. Sosial syýasat we ony amala aşyrmagyň basgançaklary ........................... 52

**IV BAP. ÖZBEGISTANDA ETNIK WE KONFESSIÝALARARA GATNAŞYKLAR**

8-nji tema. Özbegistanda milletara gatnaşyklar we bagrygiňlik ............................ 61
9-njy tema. Özbegistanda konfessiýalarara gatnaşyklar ............................................ 65

**V BAP. TÄLIM ULGAMYNYŇ ÖZGERTMELERI WE KADRLARY TAÝÝARLAMAK**

10-nji tema. Umumy we ýörite orta tälim ulgamy ................................................. 71
11-nji tema. Ýokary tälim we ondan soňky tälimiň kämilleşdirilmegi ....................... 75

**VI BAP. GARAŞSYZLYK ÝYLLARYNDA YLYM-BILIMIŇ WE SPORTUŇ ÖSÜŞI**

12-nji tema. Özbegistanda ylym-bilim ......................................................................... 81
13-nji tema. Özbegistan Respublikasynda bedenterbiýäniň we sportuň ösüşi.................. 85
14-nji tema. Özbegistanda ýaşlar syýasaty ................................................................... 90

## VII BAP. GARAŞSYZLYK ÝYLLARYNDA ÖZBEGISTANDA RUHY WE MEDENI ÖSÜŞ

15-nji tema. Özbegistanda ruhy we taryhy mirasyň dikeldilmegi .................................. 95
16-njy tema. Özbegistanda medeniýet we sungat ......................................................... 102

## VIII BAP. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ DAŞARY SYÝASATY WE IKI TARAPLAÝYN GATNAŞYKLARY

17-nji tema. Özbegistan Respublikasy daşky syýasy işiniň şekillenmegi
we onuň ileri tutulýan ugurlary ........................................................................... 109
18-nji tema. Özbegistanyň Merkezi Aziýa ýurtlary bilen özara hyzmatdaşlygy............. 113
19-njy tema. Özbegistan Respublikasynyň Russiýa, Hytaý we ABŞ bilen
özara gatnaşyklary ................................................................................................. 120
20-nji tema. Özbegistanyň Ýaponiýa, Hindistan we Koreýa Respublikasy
bilen iki taraplaýyn aragatnaşyklarynyň ösüşi ........................................................... 124

## IX BAP. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KÖP TARAPLAÝYN HYZMATDAŞLYK ARAGATNAŞYKLARYNYŇ ÖSÜŞI

21-nji tema. Özbegistanyň Birleşen Milletler Guramasynyň çägindäki işi
we parahatçylyk söýüji daşary syýasaty ................................................................ 129
22-nji tema. Özbegistanyň regional guramalar çägindäki köptaraplaýyn
hyzmatdaşlygy ...................................................................................................... 136

**Narzulla Jo‘rayev, Akbar Zamonov**

# O‘ZBEKISTON TARIXI

## (Mustaqillik davri)

*(Turkman tilida)*

*O‘rta ta’lim muassasalarining 11-sinf o‘quchilari uchun darslik*

*1-nashri*

*G‘afur G‘ulom nomidagi nashriýot-matbaa ijodiy uyi*
*Toshkent – 2018*

Terjime eden *Kamiljan Hallyýew*
Redaktor *Jumanazar Metýakubow*
Çeper redaktor *Şuhrat Mirfaýazow*
Tehredaktor *Hosiýat Hasanowa*
Korrektor *Jumanazar Metýakubow*
Kompýuterde sahaplaýjy *Hilola Şaripowa*

Neşiriýat lisenziýasy AI № 290. 04.11.2016
Çap etmäge 2018-nji ýylyň 10-njy iýulynda rugsat edildi. Ölçegi 70×90 $^{1}/_{16}$.
Times New Roman garniturasy. Ofset çap ediliş usuly.
Şertli çap listi.10,53. Neşir listi 9,7.
1010 nusgada çap edildi. Buýurma № 18-289

Orginal-maket Özbegistanyň Metbugat we habar agentliginiň
Gafur Gulam adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýünde taýýarlandy.
100128. Daşkent. Labzak, 86.
Telefonlar: (371) 241-25-24, 241-48-62, 241-83-29
Faks: (371) 241-82-69
www.gglit.uz, info@gglit.uz

Özbegistanyň Metbugat we habar agentliginiň
"O‘zbekiston" neşirýat-çaphana döredijilik öýünde çap edildi.
100129. Daşkent. Nowaýy köçesi, 30.

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |

**Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:**

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |